TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebi

# Mekdebe çenli çagalarda sözleýiş dilini ösdürmegiň usulyýeti

MUGALLYMÇYLYK MEKDEPLERI ÜÇIN OKUW GOLLANMASY

TAÝÝARLAN: TÜRKMEN DILI WE EDEBIÝATY MUGALLYMLARY U.SEÝITGULYÝEWA WE M.DÖWLETOWA

AŞGABAT | 2019ý

**Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymçylyk geňeşinde tassyklandy**

# MEKDEBE ÇENLI ÇAGALARDA SÖZLEÝIŞ DILINI ÖSDÜRMEGIŇ USULYÝETI

**dersinden mugallymçylyk mekdepler üçin okuw gollanmasy**

**Taýýarlan: türkmen dili mugallymlary U.Seýitgulyýewa, M.Döwletowa**

**Aşgabat-2019ý.**

# Giriş

Mekdebe çenli çagalar edaralar bilim ulgamynda çagalara bilim-terbiýe bermegiň ilkinji hem-de iň wajyp basgançagy bolup durýar. Bu ýerde bellenen dersler boýunça işlenen ýörite okuw maksatnamalaryna laýyklykda ilkinji düşünjeler berilýär, başarnyklar we endikler kemala getirilýär. bu iş çagalara terbiýe bermek bilen berk utgaşyklykda alnyp barylýar. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň ýaşajyk raýatlarynyň hemmetaraplaýyn ösen şahsyýetiniň kemala gelmek binýadynyň düýbi tutulýar.

Çagalarda sözleýiş dilini ösdürmek kiçi ýaşlarynda has oňat ýüze çykýar. Şonuň üçin hem kiçi ýaşly çagalaryň duýgularyny oýarmakda, pikirlenmek ukyplaryny kemala getirmekde, olary akyl taýdan ösdürmekde sözleýiş diliniň ähmiýeti örän uludyr. Ylmyň ösmegi, innewasion tehnologiýalaryň giňden ulanylyp başlanmagy ösüp gelýän ýaş nesliň sözleýiş dili boýunça taýýarlygynyň ýokary bolmagyny talap edýär.

Çagalaryň mekdepde üstünlikli okamagy üçin olaryň irki ösüş döwrinden başlap alan bilimleriniň kesgitli derejede bolmagy talap edilýär. Şonuň üçin hem guralýan her bir sapakda çagalaryň öň alan düşünjeleriniň üsti ýetirilýär. Şeýle hem olaryň sözleýiş dili ösdürilýär.

Halk döredijiligi (ertekiler, rowaýatlar, sanawaçlar, matallar) çagalaryň sözleýiş başarnygynyň kemala gelmegine oňat täsirini ýetirýär. Olary peýdalanyp, çagalaryň sözleýiş dilini ösdürmek mümkin. Ertekilerdäki gahrymanlaryň üsti bilen berilýän düşünjeler çagalaryň ýadynda oňat galýar. Dürli häsiýetli gahrymanlaryň hereketleri çagalarda dogry dünýägaraýşyň kemala gelmegine, olaryň pikirlenmesiniň, ýadynyň ösmegine ýardam edýär.

Okuw kitabynda berilýän goşgular terbiýeçiler tarapyndan okalyp berilse ýerlikli bolar. Çünki şygyrýet, isle, uly adam bolsun, isle, kiçi

ýaşly çaga, olarda içki joşguny döredýär. Şahyrana döredijilikli aýdylýan zada gyzyklanmany hem-de höwesi oýarýar.

Ertekileriň gahrymanlary arkaly hödürlenýän ýumuşlar çagalar üçin has täsirli bolup, işiň netijeliginiň artmagyna, baglanşykly sözleýşiniň ösmegine ýardam berýär. Çaganyň sözleýşi her bir ders arkaly ösdürmelidir, kämilleşdirmelidir, baglanşykly sözläp bilmek berk ýola goýmalydyr. Terbiýeçiniň döredijilikli çemeleşmesi şu ýerde aýdyň ýüze çykmalydyr. Terbiýeçiniň her bir maglumaty öwredende sözleýşiň täsirliligi çaganyň sözleýşi medeniýetiniň kemala gelmeginiň ösmeginine ýol açmalydyr.

Okuw kitabynda sözleýiş dilini ösdürmek suratlar arkaly tanyşdyrmaga uly üns berilýär. Bu bolsa diňe ir çagalaryň ünsüni kitaba gönükdirmegi gazanmaga ýardam bermän, olaryň okuwa bolan gyzyklanmasynyň, aň-düşünjesiniň ösmegine kitaba bolan söýgüsiniň artmagyna hem ýardam berýär. Suratlar, oýlanyşykly pikirlenmäge degişli ýumuşlar, gyzykly oýunlara çaganyň diňe logiki pikirlenmesini ösdürmek bilen çäklenmän, eýsem, olaryň döredijilikli göz öňüne getirmesini ünsüni bir ýere jemläp bilmek ukybyny kemala getirer.

Sapaklaryň gyzykly ýumuşdyr oýunlar arkaly geçilmegi az wagtyň içinde köp maglumatlaryň özleşdirilmegine kömek edýär. Çaga bilen ýekelikde işlemek olaryň özbaşdak işläp bilmek mümkinçiligini ösdürse, toparlar boýunça işlemek birek-birege bolan hoşmeýilli dostlukly garaýşy ösdürýär.

Sözleýiş dilini ösdürmekde kompýuter, interaktiw tagatany ulanyp öwredilmegi çaga üçin has-da gyzyklydyr we özüne çekijidir. Şonuň üçin-de okuw kitabynyň maglumatlary esasynda slaýdlary, öwrediji kompýuter oýunlarynda taýýarlanmak we olary sapakda ulanmak maksada laýykdyr.

Çagalar bagynyň mekdebe taýýarlaýyş topary üçin sözleýiş dilini ösdürmek okuw maksatnamasy esasynda taýýarlanan “Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň sözleýiş dilini ösdürmek usulyýeti” kitabynyň esasy

maksady çagalaryň sözleýşini aňly-düşünjeli özleşdirmeklerine ýardam etmekdir, olary mekdep okuwyna taýýarlamakdyr.

Okuw kitabynda türkmen ýazyjy-şahyrlarynyň kitaplaryndan, awtoryň goşgudyr, hekaýalaryndan we gazet-žurnallardan peýdalanyldy.

## 1. Dürli ýaşdaky çagalaryň sözleýşiniň ses medeniýetini kämilleşdirmek

- *Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň sözleýşiniň ses medeniýeti*
- *Ses medeniýetini kämilleşdirmegiň usullary*

Terbiýeçiniň sözleýşi hemmetaraplaýyn labyzly bolmalydyr.Bir meňzeş äheňde gürlemek terbiýeçiniň sözleýşiniň zaýalaýan diňleýjiniň aňyna ýetmeýär,pikirleri we duýgulary döretmeýär.Irki ýaşly çagalaryň sözleýiş medeniýetine eýe bolmagy ene-atalar bilen bilelikde terbiýeçilere hem baglydyr.Ýene-de göz öňünde tutulmaly zatlaryň iň esaslarynyň biri sözüň başynyň dogry goýulmagydyr.

Sözleýiş medeniýeti - bu diliň ähli ugurlaryny (ses aýdyşy, labyzly äheňi, söz baýlygyny, sözleýşiň grammatik gurluşyny) dogry ulanmagy başarmaklykdyr.

Sözleýşiň ses medeniýeti sözleýiş medeniýetiniň bir bölegidir. Gepleýiş organlaryny hereketlendirip sesi çykarmak işi örän kyn we dowamly. Mekdebe çenli ýaşly çagalar ony töweregindäki adamlar bilen gürleşenlerinde öwrenýärler._Eger-de çagalar kadalaýyk, dogry gepleýän adamlaryň arasynda ösüp kemala gelse, olaryň dogry sözleýşi özleşdirmegi örän aňsat bolýar. Munuň tersine nädogry sözleýşi diňlese, olaryň dogry geplemegi kynlaşýar. Çagalar bagyndan mekdebe barýan çagalaryň sözleýiş dili kämilleşen bolmalydyr. Ene dilini öwretmegiň esasy meseleleriniň biri hem arassa we dogry ses aýdyşy terbiýelemekdir.

Sözdäki sesleri dogry aýtmaklyk sowaty oňat özleşdirmegiň esasy bolup durýar. Çagalar 5 ýaşynyň soňunda arassa gepläp bilýärler. Çagalar bagynda terbiýelenýän çagalar ýedi ýaşyna ýetende okamagy we ýazmagy öwrenip başlanda arassa dogry geplemegi özleşdirmelidirler.

Mekdepde ses aýdyşy bozulan çagalar, köplenç ýagdaýda, bilim almakda kynçylyk çekip, gowşak okaýan çagalaryň hatarynda bolýarlar.

Käbir ýagdaýlarda bäş-alty ýaşly çagalar ene dilindäki sesleri dogry aýtsalar-da, aýdyň, dürs gürlemeýärler. Munuň sebäbi olaryň örän çala, haýal ýa-da çalt gürlemegindedir. Olar howlugyp diňe bir sesleri däl, eýsem bogunlary hem goýberip gürleýärler. Kem-kemden, belli bir yzygiderlilikde, düşnükli, aýdyň ses aýdyşy öwretmeklik çagalar bagynda sözleýşiň ses medeniýetini terbiýelemegiň esasy meselesi bolup durýar.

Çagada dogry sözleýiş medeniýetini terbiýelemekde terbiýeçiniň täsiri örän uludyr.

Terbiýeçi çagalara gepleşikde dogry dem almagy, ene dilindäki hemme sesleri, sözleri dogry, aýdyň aýtmagy, howlukman labyzly gürlemegi öwredýär.

Şol bir wagtda terbiýeçiler dogry ses aýdyşy kämilleşdirmekde käbir dil düzedişlik usullaryndan peýdalanyp bilerler

Sözleýşiň ses medeniýetini terbiýelemek beýleki ugurlary (söz baýlygy, sözleý'şiň grammatik gurluşy, baglanyşykly sözleýiş) ösdürmek bilen birlikde amala aşyrylýar.

Sözleýşiň ses medeniýetini terbiýelemek ene dilindäki sesleriň artikulýasiýasyny dogry özleşdirmegi, sesleri dogry aýtmagy, sözleri we sözlemleri düşnükli we aýdyň sözlemegi, gepleşikde dogry dem almagy, sesiň güýjüni (çala - ýuwaş, batly)ýeterlik derejede ulanmagy başarmagy, kadaly depginde (tempde), labyzly gürlemegi öz içine alýar.

Çagalarda dogry sözleýşi terbiýelemekde terbiýeçi şu aşakdaky meselelere üns bermelidir:

- Sözleýşi, eşidişini ýuwaş-ýuwaşdan terbiýelemek (ses belentligindäki eşidiş, eşidiş ünslüligi, sesi tapawutlandyryp eşitmegi, sözleýşiň depginini we sazlaşygyny kabul edişini ösdürmek).
- Dogry ses aýdyşy kämilleşdirmek: çagalara ene dilindäki hemme sesleri dogry aýtmagy öwretmek; artikulýasion apparatyny (gep agzalaryny) ösdürmek; kadaly dem alşy türgenleşdirmek; her bir sesi, sözi, sözlemi dogry we aýdyň aýtmagy (oňat diksiýany) terbiyelemek; kadaly depginde sözlemegi (sözleri, sözlemleri haýallatman, çaltlaşdyrman) kämilleşdirmek.
- Ene diliniň orfoepiýasynyň kadalaryna laýyklykda edebi dilinde sözleri aýtmagy öwretmek
- Labyzly sözleýşi terbiýelemek (sözleyişde gerekli ýerinde säginmek, sazlaşykly, belli bir depginde gürlemek arkaly öz pikirleriňi dogry beýan etmegi öwretmek)

Terbiýeçide sözleýiş dilindäki esasy kemçilikler (sözüň burna salyp aýdylmagy, sakawlama) barada düşünje bolmalydyr kemçiligiň öz wagtynda yüze çykarylyp, çaganyň dil düzediş mugallymyna ugradylmagy' dogry sözleýşi kämilleşdirmäge kömek edýär

- Sözleýşiň ses medeniýetini (dogry dem almak, sözleýiş tizligi, sesi dogry aýtmak) ele almak;
- Çaganyň deň-duşlary we özge adamlar bilen aragatnaşygyny giňeltmek;
- -çaganyň geplemek meýlini, islegini, gepe goşulyşmak ymtylmasyny goldamak;
- Sözleýiş medeniýetiniň başlangyjyny özleşdirmegi, ýagny sypaýy gatnaşygyň sözleýişiň görnüşlerini (salamlaşmak, hoşlaşmak, minnetdarlyk bildirmek) ulanmagy öwretmek;
- Söz binýadyny dogry goýmagy (oýnawaçlar bilen oýnamak, hereketli oýunlar arkaly) giňeltmegi we ulanmagy öwretmek;

- Sanlary, wagty aňlatmak üçin atlaryň, sypatlaryň goşulmalaryny ulanmak başarnygyny ýola goýmak;
- Sözüň aňladýan şekilini göz öňüne getirmegi öwretmek;
- Monologik sözleýşiň ilkinji görnüşlerini özleşdirmegi, özüňde täsir galdyran hadysa barada iki-üç sözlemden ybarat gürrüň bermegi öwretmek;
- Çeper eseri diňläp, onuň mazmunyna düşünmegi, goşgyny dogry äheňde aýtmagy öwretmek;
- Baglanyşykly we labyzly sözleýşi ösdürmek;
- Tanyş ertekiler, goşgular, hekaýalar boýunça sahna oýunlaryna gatnaşmaga höwes döretmek.
- Çeper eserleriň gahrymanlaryna olaryň häsiýetlerine görä garaýşy terbiýelemek;
- Edepli sözleýiş kadalarynyň başlangyjyny öwretmek;
- Eseriň mazmunyny ara alyp maslahatlaşmak, gürrüň bermek, goşgy aýtmak meýli ösdürmek;
- Çagalaryň aýratynlykda döredijilikli sözleýiş ukyplaryny ösdürmek.

Şeýlelikde, sözleýiş çaganyň şahsyýetiniň ösmegine täsir edýär, ýardam

berýär, onuň bilimi, gözý'etimi giňeýär, daş-töweregindäkiler bilen gatnaşykda bolmaga kömek edýär, edep-terbiýe düzgünlerini özleşdirýär. Sözleýşi ösdürmek bilen çaga daş-töweregine garaýşyny kämilleşdirýär we oňa tiz öwrenişýär.

Sözleýiş boýunça ýörite bellenen sapaklarda sözleýşi öwretmek boýunça aşakdaky görnüşler alnyp barylýar:

- Çagalaryň ses medeniýetini terbiýelemek:
- Sözlük goruny baýlaşdyrmak;
- Grammatik endikleri kemala getirmek;

- Baglanyşykly sözleýşi öwretmek - monolog-dialog-daş-töwerek bilen baglanyşyklylykda;
- Çeper edebiýat bilen tanyşdyrmak, ýat tutmagy öwretmek;

## 2. Usuly edebiýatlar boýunça sözleýşiň ses medeniýetini ösdürmek sapaklaryna derňew etmek

- *Mekdebe çenli çagalaryň sözleýşini ösdürmekde dürli edebiýatlardan peýdalanmak.*
- *Sözleýşiň ses medeniýetini ösdürmek sapaklarynyň terbiýeleýjilik ähmiýeti.*

Çagalaryň mekdebe çenli ösüş döwri-çagalaryň sözleýiş diliniň kämilleşýän,örän çalt hem-de üstünlikli amala aşýan döwrüdir.Kiçi ýaşly çagalaryň sözleýiş diliniň kämil kemala gelmegi we ösmegi diňe bir tebigy suratda amala aşýanlygy bilen çäklenmän, munda terbiýeçi-pedagoglaryň bu ugurda alyp barýan işleriniň hem aýratyn orny eýeleýändigi bellenilmelidir.Körpe nesliň sözleýiş dilini ösdürmek üçin olaryň aň-düşünje we pikirleniş ukyplaryny ösdürmegiň zerurlygy nazarda tutulyp,ýörite işleriň birnäçesi amala aşyrylýar.

Mekdebe çenli çagalyk döwründe sözleýşiň we sözleýiş gatnaşygynyň ösüş meseleleri L.S.Wygotskiniň, A.R.Guriniň, A.N.Leontýewiň, N.H.Şwaşkiniň, D.B.Elkoniniň, P.A.Sohinanyň we beýlekileriň işlerinde açylyp görkezilýär.

L.S.Wygotskiý pikirlenişiň we sözleýşiň meselelerini uzak wagtlap öwrenmegiň esasynda :”Çaganyň diňe bir intellektual-özbaşdak ösüşinde däl,eýsem,onuň häsiýetiniň duýgularynyň we şahsyýetiniň emele

gelmegine gönüden- göni sözleýşe baglydygyny tassyklamaga ähli maglumatlar we nazary esaslar bar”diýen netijä gelýär.

Terbiýeçi “Sözleýiş dilini ösdürmek”sapagyny köpçülikleýin 20-25 minut aýratynlykda 10-15 minut geçirýär.Orta toparda bilim bermeklik 3 döwre bölünýär:

1-nji döwür-sentýabr,oktýabr,noýabr aýlary

Sentýabr aýynyň 1-15 –aralygynda çagalaryň sözleýiş diliniň barlagy geçirilýär.

Düzediş okuwynyň mazmuny :

- Fonemany kabul etmek ,sözleýşe bolan ünsliligini ösdürmek.
- Gündelik ulanylýan we ulanylmaýan söz baýlyklaryny artdyrmak.
- Çagalara berilýän soraglara bir söz bilen ýa-da söz düzümlerini ulanmagy,doly we dogry sözlem düzmegi öwretmek.
- Sözleýiş ýatkeşligini,pikirleniş ukybyny ösdürmek.

1-nji döwürde şu aşakdaky temalar sapaklarda öwrenilýär:

“Çagalar bagy”,”Oýnawaçlar”,”Meniň maşgalam”,”Beden bölekleri”,”Miweler”,”Gök önümler”,”Güýz”,”Garaşsyzlyk baýramy”,”Gap-çanaklar”,”Egin-eşikler”aýratynlykda sapaklarda düzediş işleri oýunlar,görkezme esbaplar arkaly geçirilýär.

Aýratynlykda we toparlaýyn geçirilýän sapaklaryň esasy maksady çagalarda görüş,eşidiş,ünslüligi ösdürmekde we şol ünslüligi saklamakdan ybaratdyr.Sapakda kadaly dem alyş we ses gönükmelerini geçirmek bilen bir hatarda eliň ownuk hereketlerini (ownuk motorika)ösdürmeklige hem uly üns berilýär.

Aýratynlykda geçirilýän sapaklarda çagalarda bar bolan sesleriň aýdylyşy takyklanylýar(çekimli, dodak sesler-m,p,b,w----diş düýbi-t,d,n,p,g we ş.m)

Sözüň bogun taýdan gurluşy üstünde işlemek(bir bogunly we köp bogunly sözleri eşidilişine görä tapawutlandyrmagy

top oýnawaçlar,sözüň sazlaşykly aýdylyşyna (sözdäki bognuň sanyna laýyklykda)görä çapak çalmagy we ş.m.öwretmeklik hem göz öňünde tutulýar.

2-nji döwür-dekabr,ýanwar,fewral aýlary

Düzediş okuwynyň mazmuny :

- 1-nji döwürde göz öňünde tutulan düzediş okuwynyň üstünde işlemegi dowam etdirmek.
- Baglanyşykly sözleýşe düşünişini ösdürmek.
- 2-3-sözlerden ybarat sözlemleri düzmek.
- Daş-töwerek bilen tanyşlyk esasynda çagalaryň söz baýlygyny artdyrmak,giňeltmek we anyklamak(reňk,tagam,nämeden edilen, uly – kiçi...)
- Çagalara sözleýşiň gepleşik görnüşini(berilýän soraga jogap bermek)öwretmek.
- Sözüň bogun taýdan gurluşy üstünde işlemegi dowam etdirmek(açyk bogun,ýapyk bogun)

2-nji döwürde şu aşakdaky temalar öwredilýär:”Pişik we pişijekleri”,”It güjükleri bilen”,”Düýe köşegi bilen”,”Gyş oýunlary”,”Arça baýramy”,”Gyş egin-eşikleri”,”öý guşlary”,”Öý we onuň bölekleri”,”Towşan we towşanjyklar”

### 3. Sözleýşiň söz medeniýetini terbiýelemegiň tapgyrlary.

- *Çagalaryň sözleýşiniň ses medeniýetini terbiýelemegiň etaplary.*
- *Çagalaryň ses medeniýetini ösdürmegiň usullary.*

Çagalaryň sözleýşiniň ýaş aýratynlygyny göz öňünde tutup ses medeniýetini 3 etaba bölmek bolar.

1-nji tapgyry 1 ýaşdan 6 aýdan 3 ýaşa çenli döwri öz içine alýar.

Çaga aýdylan söze öýkünmek arkaly gaýtalamaga synanyşýar.Sözleýşiň ses medeniýetini terbiýelemegiň işi esasan hem ses meňzetmelerini ulanmak arkaly amala aşyrylýar.Bu etapda terbiýeçi aýtmasy aňsat bolan sesleri berkidip sözüň dogry we aýdyň aýdylmagyna üns berýär.Munda gaýtalamak usuly ulanylýar.Terbiýeçi ses meňzetmelerini sözlerini aýdýar çagalar gaýtalaýar.Oýnawaçlaryň suratlaryň ulanmagy uly ähmiýete eýedir.

2-nji tapgyry 3 ýaşdan 5 ýaşa çenli aralygy öz içine alýar. Bu ýaşda çagalarda sözleriň fonetik we morfologik taýdan gurluşy kämilleşýär.Yşgalaňly, sonorly sesleri dogry aýtmak üçin gep agzalarynyň ýerine ýetirmesi has kyn bolan hereketleriň üstünde işlemek işi dowam etdirilýär. Terbiýeçiniň sözleýşi çaga üçin nusga bolup goşgy, tapmaça öwretmeklige, gürrüň,dürli görnüşli öwrediji oýunlary geçirmeklige üns berilýär.

3-nji tapgyry 5 ýaşdan 6 ýaşa çenli aralygy öz içine alýar(uly we mekdebe taýýarlaýyş toparlar), ýagny sözleýişdäki sesiň doly kämilleşýän döwridir.Terbiýeçi çaganyň aýdylşy boýunça golaý bolan sesleri tapawutlandyryp eşitmelerine üns bermeli.Bu etapda öwrediji oýunlar gürrüň bermek , aýdyp bermek, ýat tutmak we beýleki usullardan peýdalanmak bolar.Sözleýşiň ses medeniýetini terbiýelemekde her çaganyň sözleýiş ösüşiniň aýratynlygynda üns bermelidir . Mekdebe taýýarlyk toparda sözleýşinde kemçiligi bolan çagalar az hem bolsa , sözleýşiň ses taýdan dogry aýdylşynyň üstünde işlemegi dowam

etdirmelidir:çagalarda aýdyň, labyzly sözleýşi ösdürmeklige, sesiň güýjüni sazlaşdyrmaklyga başarmaklyga üns bermeli.Munuň üçin aýdym, goşgy bilen baglanşykly hereketli oýunlary, ses eşidişini ösdürmek üçin geçirilýän öwrediji oyunlary, ýaňyltmaçlary ulanmagyň ähmiýeti uludyr.Sözleriň aýdylyşyny ýazmakdan ýaňyltmaçlary haýallyk bilen köpçülikleýin ýa-da ýekelikde-de aýtsaň bolar.Ýaňyltmajy ilki bilen terbiýeçi dürs, aýdyň edip aýdýar . Soňra çagalar ilki köplük bolup, soňra toparlaýyn we ýekelikde gaýtalaýarlar. Ýaňyltmajy aýtmagy başarandan soň , ony seslerini üýtgedip (pyşyrdap , haýal, batly , çalt) aýdýarlar.

## 4. Terbiýeçiniň çagalar bagyndaky gepleýän dili , sözleýşini , sesleri dogry aýdyşyny diňläp görmek, seljermek.

- *Terbiýeçiniň sözleýşinden edilýän talaplar.*
- *Sözleýiş medeniýetiniň ýetmezçiligi.*
- *Terbiýeçä sözleýiş medeniýetiniň zerurlygy.*

Her bir toparyň çagalary öz terbiýeçisi bilen hojalyk durmuşy we zähmet işinde gürleşýär , ol oýunlary gurnaýar, meýilnama boýunça ähli sapaklary geçirýär.Çagalara çeper eserleri okap bermek, çeper eserleriň awtorlarynyň sözleri bilen tanyşdyrmak terbiýeçiniň borjudyr.

Netijede, mekdebe çenli edaralardaky çagalaryň sözleýiş dilini ösdürmegiň dogry şertleri terbiýeçä bagly bolup durýar.

Çagalar bagynyň terbiýeçisi üçin nusgalyk sözleýiş onuň hünär taýdan taýýarlygynyň görkezijisidir.Şonuň üçin hem sözleýşini kämilleşdirmek geljekki mugallymyň jemgyýetçilik we ahlak borjudyr.

Terbiýeçi çagalary hemme taraplaýyn terbiýelemekde döwlet tarapyndan ynanylan adamdyr.Ol ýurdumyzyň geljekdäki raýatlaryny döwrebap terbiýeläp ýetişdirmek ugrunda çalyşýar.Çagalar bagynda terbiýeçiniň sözleýşiniň kämilligi- onuň hünär kämilliginiň hem ýokarydygyny görkezýär.

Mekdebe çenli ýaşly çagalary terbiýelemekde terbiýeçiniň sözleýşiniň ähmiýeti uludyr,ol hem çagalar üçin ene dilini öwretmekde nusgadyr,we olara täsir ediş serişdesidir.Şol sebäpli çagalara öwretýän ene diline gowy bilmegi üçin terbiýeçiniň öz sözleýşini kämilleşdirmegi,baýlaşdyrmagy hünär borjy hasap etmelidir.Çagalar bagynda bolup işlejek adamyň sözleýiş dili düşnükli,sada edebi dilde howlukman her bir sözi,sesi ýerli ýerinde goýup gepläp bilmegi başarýan adam bolmalydyr.Çaga sözleri ula öýkünmek bilen öwrenýär.Terbiýeçiniň sözleýşiniň talap:Sözleýişiň baýlygy grammatika taýdan dogrulygy sözleýşinde ses medeniýeti diýildigidir.

Sözlügiň baýlygy barada:Sözleýiş biz diňe pikirimizi dälde eýsem gatnaşygymyzy(makullamak,garşy bolmak,mähirli bolmak we ş.m) görkezýäris.Terbiýeçi ünsli we hoşniýetli bolmalydyr egerde körpe çaga siz bilen gepleşäýse siz onuň bu ýagdaýyna begenýändigimizi ony ýadaman ,ýaltanman diňlemäne taýýardygyňyzy duýdurmaly. Terbiýeçiniň alçaklygy çagalar bilen erkin gatnaşykda bolmagy okuw işine oňaýly täsir edýär.Sesleriň çagalaryň aňyna ýetmegi onuň janlylygyna we obrazlylygyna baglydyr.Öz wagtynda aýdylan söz,sözleýiş has hem takyk bolup diňleýjileri kanagatlandyrmaly.Çagalar bilen aragatnaşyk saklananda,olaryň ýaş aýratynlygy göz öňünde tutmalydyr.

Çagalar bilen gürleşilende her bir söz olaryň aňyna ýeter ýaly takyk bolmaly,olarda ýagty obrazlary döretmeli we duýgularyna täsir etmeli.

Sözleýşiň grammatika taýdan dogrulygyny.

Sözleýşiň grammatiki dogrulygy edebi diliň zerur hilidir.Terbiýeçi tarapyndan grammatik talaplarynyň kemçilikleri bolmaly däldir.Sebäbi çaga ulynyň sözleýşinden nusga alýar.

Terbiýeçiniň sözleýşi hemmetaraplaýyn labyzly bolmalydyr.Bir meňzeş äheňde gürlemek terbiýeçiniň sözleýşiniň zaýalaýan diňleýjiniň aňyna ýetmeýär,pikirleri we duýgulary döretmeýär.Irki ýaşly çagalaryň sözleýiş medeniýetine eýe bolmagy ene-atalar bilen bilelikde terbiýeçilere hem baglydyr.Ýene-de göz öňünde tutulmaly zatlaryň iň esaslarynyň biri sözüň başynyň dogry goýulmagydyr.

Terbiýeçi çagalary hemmetaraplaýyn terbiýelemekde döwlet tarapyndan ynanylan adamdyr. Ol ýurdumyzyň geljekdäki raýatlaryny döwrebap terbiýeläp ýetişdirmek ugrunda çalyşýar. Çagalar bagynyň terbiýeçisiniň sözleýşiniň kämilligi onuň hünär kamilliginiň ýokarydygyny görkezýär. Ol özünde sözleýşiň kämil başarnyklaryny edinmek bilen çagalary hem şeýle ruhda terbiýeleýär. Terbiýeçiniň sözleýşi çaganyň sözleýşiniň esasy çeşmesidir Terbiýeçi döwlet tarapyndan düzülen maksatnamany doly ýerine ýetirmäge çalyşmalydyr. Hakyky terbiýeçiden edilýän pedagogik talaplar örän köpdür. Biz olaryň üstünde durup geçeris. Çagalar bagynda terbiýeçi bolup işlejek adamyň sözleýiş dili düşnükli, sada, edebi dilde, howlukman her bir sözi, sesi ýerli-ýerinde goýup, gepläp bilmegi başarýan adamlar bolmaly. Sözleýiş dili arassa, sada bolmaly. Çaga ula öýkünmek bilen öwrenýär. Terbiýeçi labyzly çeper okaýşa bem-de gürrüň edip bilmäge ökde bolmalydyr. Labyzly okaýyş, çeper gürrüň edip bermek çagada okalýan, gürrüň berilýän zada gyzyklanmany oýarýar, diňlemäge höwesi ösdürýär. Gürrüň edip bermek, hekaýa etmek arkaly baglanyşykly sözleýiş ösýär. Hekaýa etmegi öwretmek gören-eşiden zatlaryny gürrüň etdirmekden, gysgajyk edebi eserleri okap berip, şol baradaky pikirlerini bilmekden, sorag- jogapdan başlanýar. Soňra suratlar arkaly hekaýa etmeklige geçilýär.

Terbiýeçi ünsli we hoşniýetli bolmalydyr. Eger-de körpe çaga siz bilen gepleşäýse, siz onuň bu ýagdaýyna begenýändigiňizi, ony ýadaman-ýaltanman diňlemäge taýýardygyňyzy duýdurmaly. Terbiýeçiniň hoşgylawlygy we ýylgyrmasy çaga oňaýly täsir edýändir Çaga terbiýeçi bilen uzak gürleşenini kent görýän däldir.

Terbiýeçiniň alçaklygy, çagalar bilen erkin gatnaşykda bolmagy okuw işine oňaýly täsir edýär. Onuň özüni alyp barşy çagalaryň-da özlerini erkin duýmagyna, bilýän maglumatlaryny aýdyp bilmegine mümkinçilik döredýär.

Terbiýeçi okuw maglumatyny öz häsiýetine mahsus bolan derejede (hiç hili ýasamalygy ulanmazdan) düşündirse, çagalar hem şol usulda bilýänlerini erkin beýan etmäge ymtylýarlar. Okuwa bolan bu görnüşdäki şahsy çemeleşme edebi, seresaplylygy, otagda oturan çagalaryň düzümini, olaryň ösüş derejesini, aň-düşünjesini, terbiýeçi bilen çagalaryň özara gatnaşygyny göz öňünde tutmak bilen pedagogik taktlylygy hem talap edýär. Şu nukdaýnazardan-da, terbiýeçi okadýan çagalarynyň ýaşyna görä hereket etmelidir, her bir zada olaryň gözi bilen garamalydyr, ony görmelidir, duýmalydyr.

Özüniň şahsy tejribesiniň okuwyň mazmunynyň bir bölegidigine düşünýän, ony çagalara ýetirmäge synanyşýan terbiýeçi hem mugallymdyr, hem-de terbiýeçidir Terbiýeçiniň açyklygy bimäçe wajyp wezipeleri ýerine ýetirýär Meselem, maglumatyň beýan edilişi has ynamly bolýar, çagalarda terbiýeçiniň maglumatlary beýan etmekde alýan maglumatlaryna gyzyklanmak, şatlykly duýgyny başdan geçirmekligi oýarýar, terbiýeçiniň gürrüň berşine aňly-düşünjeli, gyzyklanma bilen üns bermäge, onuň usullaryna göz ýetirmäge ýardam edýär. Çagada birek-birege ynamlylyk, çynlakaýlyk, şadyýanlyk, erkinlik şertlerini döredýär.

Terbiýeçi sapakda diňe belli bir çaganyň durmuş tejribesi bilen iş salyşman, tutuş çagalar toparynyň durmuş tejribesini hem göz öňünde tutmaly bolýar. Bu bolsa sapagyň mümkinçiliklerini giňeldýär. Çagalaryň

durmuş tejribesiniň dürlüligi. köplügi, olaryň häsiýetine okuwçylaryň özleriçe düşünişleri köptaraplylygyň birligidir. Bu bolsa çekeleşme üçin esas döredýär, birek-birek bilen jedelleşmäge, maslahatlaşmaga, birek-biregi düzetmäge, birek-biregiň pikirini has-da giňeltmäge ýol açýar.

Terbiýeçiniň sözleýiş medeniýetiniň çaga täsiri örän uludyr Sözleýiş medeniýeti diýip, diliň hemme kada-kanunlaryna laýyk gelýän derejede sözlemeklige aýdylýar. Sözleýiş medeniýetini edinmek diňe dil birlikleriniň manysyna düşünmek däl-de, olary edebi dilde peýdalanyp bilmekdir. Dürli sapaklarda dürli temalaryň üsti bilen sapaga mahsus düşünjeler bilen bilelikde halkymyzyň maddy-ruhy we milli-medeni gymmatlyklary barada ýaş aýratynlyklaryna görä düşünje berilýär, olaryň gadyr-gymmaty düşündirilýär. Şeýle düşündirişlerde terbiýeçiniň, mugallymyň sözleýiş ukyby uly rol oýnaýar. Terbiýeçiniň, mugallymyň sözleýiş ukyby diýip sözleri ýerbe-ýer goýup, çeper sözläp bilmeklige, äheňiniň, labyzynyň suhangöýligine (ýumşak, mylaýym äheňli, süýji sözli, dilewar), sözlände çagalara bolan mähirli, mylaýym gatnaşygyna, gepleýän wagty çaganyň ýaş aýratynlygyna laýyklykda sözläp bilmegine aýtmak bolar Şol ukyp hem çaganyň baglanyşykly sözläp bilmek endikleriniň kemala gelmegine. sözleýiş medeniyetiniň kämilleşmegine ýardam edýär. Sözleýiş arkaly maddy-ruhy we milli-medeni ruhy gymmatlyklarymyz sapaklarda öwredilýän düşünjeleriň üsti bilen çagalaryň aňyna siňdirilýär.

Türkmenistanda birnäçe dialekt bolup, ýerli ilat şol dialektde gepleşýär. Köp terbiýeçiler hem şol ýerde ýaşap, şiwe diline öwrenişip gidýärler. Emma terbiýeçi çagalar bilen sapak geçende edebi diliň derejesinde sözlemäge we ony çagalara hem öwretmäge borçludyr. Terbiýeçi öz sözleýşinde her bir sözi, sesleri ýerli-ýerinde goýup, degişli basym boýunça geplemegi başarmalydyrlar .Durmuşda käbir terbiýeçiler aýdýan sözleriniň soňuny doly eşitdirmeýärler. örän ýuwaş ýa-da çalt gepleýärler Bu ýagdaýy olaryň özleri bilmeýär. Şonuň üçin geljekde terbiýeçi bolmagy ýüregine düwen adamlar pedagogik okuw jaylaryna

girmekçi bolan ýagdaýlarynda ilki bilen olaryň arassa, sada, düşnükli gürlemek ukyby barlanyp görülmelidir. Okuwa girmek isleýänleriň sözleýiş dilinde käbir ýetmezçilikler bolsa, ýagny edebi dilde gürläp bilmese, käbir sesleri aýdyp bilmese, sakynyp geplese, onda hemme talaplary ödeýän hakyky terbiýeçi bolmaz. Irki ýaşly çagalaryň sözleýiş medeniýetine eýe bolmagy ene-atalar bilen bilelikde terbiýeçilere hem baglydyr. Ýene-de göz öňünde tutulmaly zatlaryň iň esasylarynyň biri sözüň basymynyň dogry goýulmagydyr. Çagalaryň, uly adamlaryň arasynda hem basymy talabalaýyk edip aýtmaýanlaryna köp duş gelmek bolýar. Mysal üçin, "meýlis’’, “surat” ýaly sözlerde ikinji bogny sokduryp, uzyn aýdýarlar. Bu sözüň aýdylyş talabyny ödemeýär. Ýene bir mysal: terbiýeçi çaga bilen işlände bir agajy görkezip bu näme diýip sorag berende, çaganyň “bag” diýip beren jogabyny düzetmegiň ýerine üns hem bermeýär. Bir agaç bag bolmaýar.

## 5. Çagalary sözüň çekimli we çekimsiz sesleri bilen tanyşdyrmak. Sapagyň meýilnamasyny düzmek we derňemek.

- *Çagalary çekimli we çekimsiz sesleri bilen tanyşdyrmak.*
- *Sapagyň meýilnamasy.*

Çagalar “söz”düşünjelerini gowy özleşdirenlerinden soň, sözlem düzmegi öwrenmezden öň olary çekimli we çekimsiz sesler bilen tanyşdyrmaly. Çagalar sözi diňläp, şol sözüň haýsy seslerden durýandygyny eşitmeli we derňemeli. Çagalaryň ünsüni käbir sesleriň çekilýändigine, käbirleriniň bolsa çekilmeýändigine üns bermelidir. Ses bu janly sözüň bölegidir. Sesi aýdýarys we eşidýäris. Sesi üýtgetmek bilen sözüň manysy hem üýtgeýär.

Meselem, el-ol-il, bal-bil-bol, tut-tur-tor, gel-geç-giç we ş.m.

Şeýle-de çagalara uzyn we gysga sözleriň bolýandygyny düşündirmeli. Soňra çagalara sözüň haýsy seslerden durýandygyny derňemegi öwretmeli. Bir bogunly sesleri aýdanymyzda gysga aýdylýar we bir ädim ädilýär.

Meselem at, ot, tut, bal, ok.

Uzyn sözlerde sözler uzyn aýdylýar we köp ädim ädilýär. Meselem: oklykirpi, ýekegapan we ş.m.

Soňra çaga sözlere basym goýmagy-da öwrenýär.

Beýle sesler bilen tanyşmak işi her bir mugallym çaga bilen amala aşyrmalydyr. Sözleýişde kemçilik ýüze çykmazlygy üçin bu iş öz akymlaýyn bolmaly däldir. Ulular çagalara kömek edip, öz wagtynda öwretmelidir.

Szüň ses tarapy bilen tanyşdyrmak işi çaga sesleri aýratynlykda eşitmegi başaran soň, basymy, dogry ses aýdyşy dogry ulanmagy başaran soň amala aşyrylýar.

Çaganyň ses tarapynda ugur kesgitlemegi öwrenmeklik çagalary sowada, ýazuw işine taýýarlamaly.

Ene dilini öwrenmek üçin sözüň ses tarapyny özleşdirmegiň ähmiýeti uludyr. Sözüň ses tarapyny öwrenmek bilen çagalarda sözleýiş lingwistik gatnaşyk kämilleşýär.

Sözleýşe aňly gatnaşyk sözleýşiň hemme taraplaryny özleşdirmäge täsir edýär (fonetiki, leksiki, grammatiki) we sözleýşiň görnüşleri (monologiki we dialogiki).

Çagalar “söz” düşünjelerini gowy özleşdirenlerinden öň sözlem düzmegi öwrenmezden ö çagalary çekimli we çekimsiz sesleri bilen tanyşdyrýarlar. Çagalar sözi diňläp, ol sözüň haýsy seslerden durýandygyny eşitmelidirler. Sözi aýtmak bilen çaga ondaky sesleri eşidýär we derňeýär. Çagalaryň ünsüniň käbir sesleriň çekilýändigine beýlekileriň bolsa çekilmeýändigine üns bermelidir. **Ses** – bu janly sözüň bölegidir. Sesi üýtgetmek bilen sözüň manysy üýtgeýär, el-ol, bal-bil, tut-tur, geç-gel we ş.m.

Şeýle-de çagalara uzyn we gysga sözleriň bolýandygyny düşündirmeli, meselem: bal-çörek. Soňra çagalara sözüň haýsy seslerden durýandygyny derňemegi öwretmeli. Bir bogunly sesleri aýdanymyzda gysga aýdylýr we bir ädim ädilýär. Meselem: at, ot, bal, ok. Uzyn sözlerde uzyn aýdylýar we köp ädim ädilýär. M: oklukirpi, ýekegapan we ş.m.

Soňra çaga sözlere basym goýmagy-da öwrenýär. Beýle sesler bilen tanyşmak işi her bir mugallym çaga bilen amala aşyrmalydyr. Sözleýişde kemçilik ýüze çykmazlygy üçin bu iş öz akymlaýyn bolmaly däldir. Ulular çagalara kömek edip öz wagtynda öwretmelidir.

Sözüň ses tarapy bilen tanyşdyrmak işi çaga sesleri aýratynlykda eşitmegi başaran soň, basymy, dogry ses aýdyşy, artikul app.ny dogry ulanmagy başaransoň amal aşyrylýar.

Çaganyň ses tarapynda ugur kesgitlemegi öwrenmeklik çagalary sowada, ýazuw işine taýýarlamaly.

Ene dilini öwrenmek üçin sözüň ses tarapyny özleşdirmegiň ähmiýeti uludyr. Sözüň ses tarapyny öwrenmek bilen çagalarda sözleýşi lingwistik gatnaşyk kämilleşýär. Sözleýşe aňly gatnaşyk sözleýşiň hemme taraplaryny özleşdirmäge täsir edýär. (fonetiki, leksiki, grammatiki) we sözleýşiň görnüşlerini (monologik we dialogik).

**Fonetika: Geliň, sesleri öwreneliň!**

**Çekimli sesler**

*Dokuz sany dogan bar*
*Aýry-aýry şekilli*
*Özlerine mynasyp*
*Atlary bar çekimli*

**Dar çekimliler**

I,Y,U,Ü seslerne
diýilýär dar çekimli

## 6. Sözleýiş dilini ösdürmek boýunça guralýan sapaklaryň, günüň dowamyndaky geçirilýän işleriň çaganyň dogry sözleýşine edýän täsiri.

- *Çagalaryň sözleýiş dilini ösdürmek boýunça guralýan sapaklar*
- *Günüň dowamyndaky geçirilýän işleriň çaganyň dogry sözleýşine edýän täsiri.*

Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň sözleýiş dilini ösdürmek üçin terbiýeçi çeper eserlerden, halk döredijilik eserlerinden peýdalanmaly.

Her bir toparda çagalaryň ýaş aýratynlygyna görä, sözleýiş dilini ösdürmek sapaklary guralýar.

Terbiýeçi irdenki kabul edişlikden başlap, tä çagalar öýlerine gaýdýançalar olaryň sözleýiş dilini ösdürmek üçin sorag-jogap alyşmaly, gürrüňdeşlikleri geçirmeli.

Diliň aragatnaşyk serişdesidigi hemmämiz üçin mälim zat. Dil jemgyyetiň döretmegi, ösmegi üçin zerur şertleriň biri bolup durýar Dil bolmasa adamzat aragatnaşygy amala aşmaýar Bu ýagdaý, hakykatdan-da, örän haýal, kem- kemden kämilleşme ýoluny geçip, adamyň intellektiniň (akyl ýetirişiniň) ösmeginde uly özgeriş geçirmek bilen biziň döwrümize gelip ýetipdir.

Adamzat dörän günlerinden biri-biri bilen gatnaşykda bolup, fiziki taýdan biri-birini goldap gelipdirler Sözleýşiň döremegi bilen olarda birek- biregi ruhy taýdan goldamak kemala gelipdir. Sözleýiş arkaly adamlar öz pikirini-duýgusyny beýan etmek bilen hoşniýetli aragatnaşygy ýola goýupdyrlar. Dil arkaly adamzat siwilizasiýasy ösüpdir, tapgyr-tapgyr döwürleri başdan geçiripdir

Her bir milli dil öz ösüş derejelerine ýetip, edebi formalara eýe bolandan soň, onuň aýdylyşyna talap. üns güýçlenip ugraýar. Dogry sözleýiş bilen bilelikde sözleýşiň äheňine adamlaryň dogry düşünmegi hem zerurdyr. Bu lingwistikanyň derwaýys meseleleriniň biridir. Sözleýiş

äheňi dil hadysasy bolup, sözden ähmiýeti pes däldir Sözleýiş hakykaty şöhlelendirmegiň adama mahsus bolan görnüşidir Dil bu instinkt däl-de. Köp ýyllaryň dowamynda zähmetiň netijesinde, nesilleriň akyl-paýhasynyň tagallasy bilen gazanylan medeniýetdir. Dil we sözleýiş aň we pikirlenme bilen göniden-göni baglanyşykly bolup, pikirlenmäni beýan edýär

Sözleýiş pikiriniň kesgitli mazmunyna we adamyň ýagdaýyny aňlatmagyna laýyklykda iki hili görnüşde ýüze çykýar. Şu ýagdaýlardan many çykaranymyzda sözleýiş adamyň pikirini we duýgusyny aýan edýän serişde bolup durýar Sözleýiş pikiriň mazmunyny söz üsti bilen, duýgusyny özboluşly äheňiň üsti bilen berýär Äheň - sözleýişde aýdylýan manyny emosional aýratynlyklara, aýdylýan zada, waka laýyklykda many bermekde uly rol oýnaýar. Sesiň täsirliligi şygryň, okalýan eseriň, berilýän gürrüňiň täsirliligini artdyrýar. Diliň indiwidual häsiýetde bolmaýşy ýaly, äheň hem indiwidual häsiýetde bolmaýar. Psihologiýa ylmy dil sözleýşiniň we onuň aýdylyşynyň arabaglanyşyklydygyny has öňräk subut etdi. Biz bu zatlary aýtmak bilen maksadymyz ösüp gelýän ýaş nesle diliň öwredilişine ünsi güýçlendimiek bilen sözleýiş medeniýetiniň kämilligini gazanmakdyr Diňe adama sözleýiş mahsus häsiýetdir, ol tebigatyň talabydyr, adama beren peşgeşidir

“Kowusnama" eserinde şeýle diýilýär: ‘Bilgin ki, hemme hünärden soz hünäri ýagşy, çünki başga jandarlardan adam on derejede artykdyr we bu artykmaçlyk adamyň bedeninde bardyr: bäşisi daşarda görnüp durýar we bäşisi içinde gizlindir 01 bäş gizlin duranlar şular: pikirlenme, hatyra, hyýal etmek, tapawudyny bilmek we nutuk; bäşisi (adam teniniň) daşarky tarapynda görünýär: eşitmek, görmek, ys almak, tagam duýmak, syzmak Bular başga jandarlarda hem bar. Emma adamdaky ýaly däl. Şoňa görä-de adam jandarlaryň üstünden hökmürowanlyk ediji patyşadyr Şuny bildiňmi, diýmek, ýagşy sözlemegi öwren”.

Türkmen halkynyň taryhy ýoluna nazar aýlasak, müňýyllyklaryň dowamynda dilimizi ösdürmek bilen baglanyşykly köp işleriň

edilendigini görmek bolýar. Halkymyz adamzadyň medeni we ylmy genji-hazynalaryna saldamly goşantlaryny goşan halklaryň biri. Jemgyýetiň düşünje baýlygy dilde jemlenýär Diliň ösmegi jemgyýetiň ösmegi bilen baglanyşyklydyr.

## 7. Baglanyşykly sözleýiş barada düşünje.

- *Baglanyşykly sözleýiş barada düşünje.*
- *Baglanyşykly sözleýşiň görnüşleri*

Çagalar bagynda terbiýelenýän her bir çaga öz pikirini sowatly, dogry, yzygiderli sözleýşi baglanyşdyryp beýan etmegi öwretmelidir. Şol bir wagtyň özünde-de çaganyň sözleýşi janly, labyzly bolmalydyr.

Baglanyşykly sözleyiş pikir dünýäsiniň aýrylmaz bölegidir baglanyşykly sözleýiş- pikirleriň baglanyşygydyr Baglanyşykly sözleýişde çaganyň oýlanyşykly pikirlenmesi ýüze çykýar. Çaga kabul edýän zadyna pikirlenip, şony dogry we takyk sözlemage ukyplydyr. Çaganyň öz pikirini beýan etmegi başaryşyna görä onuň sözleýşiniň nältili derejededigini aýtsa bolar.

Öz pikirini yzygiderli, baglanyşykly, dogry beýan etmegi çaganyň estetiki (gözellik) taýdan ösüşine-de uly täsir edýär (esasan hem, çeper eserler gürrüň berlende)

Çagada gürrüň bermek başarnyklary özüne ynamly bolmak häsiýetleri terbiýelemek bilen onuň utanjaňlygyny aradan aýyrýar.

Baglanyşykly sözleýiş belli bir mazmuny yzygiderli, oýlanyşykly, grammatiki taýdan dogry aýtmagy aňladýar. Baglanyşykly sözleýiş söz baýlygynyň üstünde işlemekligi (söz baýlygyny artdyrmagy we gepleşikde ulanmagy); sözleýşiň grammatiki gurluşyny kämilleşdirmegi (ýönekeý, ýaýraň, goşma sözlemler bilen öz pikiriňi beýan etmegi);

sözleýşiň ses medeniýetini kämilleşdirmegi (aýdyň, arassa, labyzly gürlemegi) hem öz içine alýar.

Sözleýşiň iki görnüşi: dialog (gepleşik) we monolog bize mälimdir. Dialogik sözleýiş iki ýa-da ondan köpräk adamlaryň söhbetdeşligidir Bu çaganyň öz ýaşytdaşlary we ulular bilen sözleýiş aragatnaşygyny' saklamagyň bir görnüşidir.

Dialogik sözleýişde dogry sorag düzüp bilmegi. jogap bermegi, söhbetdeşiň gürrüňiniň üstüni ýetirmegi, düzetmegi, öz pikiriňi aýtmagy başarmaklyk esasydyr.

Gepleşik arkaly çaganyň işjeňligi artýar.

Gepleşik diňe bir sapakda däl-de, eýsem sapakdan daşarda hem geçirilýär.

Terbiýeçi bilen çagalaryň arasyndaky erkin sözleýişde ýüze çykan gepleşik taýýarlanylmadyk gepleşik bolýar. Eger gepleşik ýörite sapak görnüşinde geçse, onda ol taýýarlanylan gepleşik bolýar.

Taýýarlanylmadyk gepleşige çaganyň ertirlik edinýän, gezelenje çykan, oýun oýnaýan we ş.m wagtynda guralan söhbetdeşlik degişlidir Taýýarlanylmadyk diýmeklik diňe çagalara degişli (olar gepleşigiň näme barada boljakdygyny bilmeýärler) bolup, terbiýeçi elmydama söhbetdeşlige taýýar bolmaly. sebäbi terbiýeçiniň esasy maksady çagalara gepleşik diliniň üsti bilen ene dilini öwretmekdir. Şonuň üçin-de terbiýeçiniň sözleýiş dili çaga üçin nusga alarlykly bolmalydyr.

Sapakda guralýan gepleşik taýýarlanylan gürrüň we sahnalaşdyrma usuly arkaly amala aşyrylýar.

Taýýarlanylan gürrüňiň esasy maksady çagalara gönüden-göni söhbetdeş bolmagy, ýagny söhbetdeşiňi diňlemegi, onuň sözüni bölmezligi, garaşmaklygy, düşnükli gürlemäge çalyşmaklygy, şeýle-de grammatiki taýdan dogry sözlemek endigini terbiýelemegi we aýdylýan sözleriň manysyna düşünmekligi öwretmekligi göz öňünde tutýar. Gürrüň geçirmegiň usuly ähli ýaş aýratynlygyndaky toparlarda birmeňzeşräk hem diýseň boljak: gepleşmegi öwrenmek bilen bir hatarda çaga söz

baýlygyny artdyrýar, sözleýşiň grammatiki gurluşy kämilleşýär. Bular çaganyň ýaşyna görä kem-kemden çylşyrymlaşdyrylýar Terbiýeçi ähli çaganyň söhbetdeşlige gatnaşmagyny gazanmalydyr.

Sahnalaşdyrmak usuly - bu çaganyň terbiýeçiniň okap beren edebi eserlerini (ertekileri, hekaýalary, goşgulary) keşplerde ýerine ýetirmegidir. Bu usul çagalaryň sözleýşiniň has-da kämilleşmegine. labyzly aýdylmagyna ýardam edýär.

Gepleşigi alyp barmak we çagalaryň täze maglumaty işjeň kabul etmeklerini gazanmak üçin dürli usullardan peýdalanmak bolar:

- Geçilenleri ýörite gaýtalamak;
- Öwrenmeli maglumatyň mazmunyny gysgaça beýan etmek;
- Täzelige aň ýetirmekde möhüm boljak soraglary, ýumuşlary, taýýarlamak;
- Çagalaryň durmuşda gabat gelýän durmuş ýagdaýlaryny, tejribelerini seljermek.
- Özbaşdak ýumuşlary bermek;
- Tebigatda bolup geçýän hadysalary synlamak we ş.m.
- Bu usullaryň ählisi birigip, çagany täze maglumaty işjeň kabul etmäge taýýarlamakdan ybaratdyr.

## 8. Mekdebe çenli ýaşly çagalarda baglanyşykly sözleýşiň ösüşi. Çagalarda monologik sözleýşi ösdürmegiň mazmuny we wezipesi

- *Monologik sözleýiş*
- *Dialogik sözleýiş*

Monologik sözleýiş bir adamyň gürrüňidir. 1 gürrüňi doly açyp görkezmegi, baglanyşdyrmagy we pikiriňi esasy zatda jemläp, labyzly, yzygiderli gürrüň bermegi talap edýär

Çagalar monolog sözleýşi 5 ýaşdan öwrenip başlaýarlar. Emma muňa taýýarlyk işleri, eýýäm 2 ýaşdan, haçan-da goşgujyklary ýatlanlarynda başlanýar.

Şeýle-de 4 ýaşyndaky çagalar monologyň suratlandyrnak we beýan etmek, 7 ýaşyndakylar bolsa gysgaça pikir ýöretmek ýaly görnüşlerini beýan edýärler. Monolog sözleýşiň esasy kynçylygy, ol çagalarda esasy tinsi oňa gerek bolan wakalara ýa-da çeper eserlere jemlemegi talap edýär, şol bir wagtda-da diňe bir predmetleriň, hadysalaryň özüne üns bermän, eýsem olaryň arasyndaky arabaglanyşyga-da üns bermekligi talap edýär Bu bolsa ýatkeşligiň ösdürilmegi arkaly amala aşyrylýar

Çagalaryň baglanyşykly sözleýşini ösdürmekde terbiýeçiniň ata-eneler bilen hem arabaglanyşygy bolmalydyr. Terbiýeçi ata-enelerden öz çagalaryny çagalar bagyna getirýärkäler ýa-da alyp barýarkalar olaryň gürrüňlerini ünsli diňlemeklerini haýyş edýär

Baglanyşykly sözleýişde çaganyň öz aýdýan zadyna düşünmegi hökmanydyr.

Kiçi ýaşly çagalarda sözleýşe düşünmeklik kämilleşýär (ulularyň berýän tabşyryklaryna, kyn bolmadyk hekaýalara düşünmegi). Ulularyň çagalara söz bilen düşündirmegi arkaly sözleýiş çaga üçin diňe bir aragatnaşyk serişdesi bolman, eýsem bilim almaga hem kömek edýär.

Üç ýaşly çagalara dialogyň ýönekeýje görnüşi (sorag-jogap) mahsus bolup, olar öz pikirlerini baglanyşdyryp aýtmaga synanyşyp

başlaýarlar. Ýöne kiçi ýaşly çagalar sözlemi düzende köp ýalňyşlyklary goýberýärler. Çaganyň gepleşik sözleýşini ösdürmeklik monologiki sözleýşiň kämilleşmegine ýardam edýär

Orta topardaky çaganyň baglanyşykly sözleýşiniň ösmegine çaganyň söz baýlygyny artdyrmaklyk uly täsir edýär Çaga diňe bir sözüň manysyna düşünmän eýsem ony gepleşikde ulanmaga başlaýar Ýöne sözleýşiň gurluşy entäk kämilleşmedik bolýar.

Monologik sözleýiş çagalaryň 5 ýaşynda kämilleşip başlaýar.

Kiçi ýaşly çagalarda dialogyň ýönekeýje görnüşi (sorag-jogap) mahsus bolup, olar öz pikirlerini baglanyşdyryp aýtmaga synanyşyp başlaýarlar. Ýöne olar köp ýalňyşlyk goýberýärler. Orta toparlarda çagalaryň baglanyşykly sözleýşiniň ösmegine çagalaryň söz baýlygyny artdyrmaklyk uly täsir edýär. Çaga sözüň manysyna düşünip, olary sözlemde ulanýar. Uly ýaşly çagalaryň baglanyşykly sözleýşi kämilleşip başlaýar. Bu ýaşdaky çagalar umumylaşdyryp bilmeli, netije çykarmagy başarmaly, öz pikirini baglanyşykly sözleýiş esasynda aýtmagy başarmaly.

Uly toparyň çagalary dialogik sözleýişde soraglara doly jogap bermegi başarmaly.

## 9. Çagalar bilen gündelik gürrüň etmek dialogik sözleýşi ösdürmegiň esasydyr.

- *Gündelik gürrüň etmek dialogik sözleýşi ösdürmegiň esasydyr.*
- *Dialogik sözleýşi ösdürmegiň usullary*

Çagalar bagynda sözleýşi ösdürmek işi 2 görnüşde amala aşyrylýar.

Erkin sözleýişde

Ýörite sapaklarda

Her bir başlangyç ilki binýatdan başlanýar. Sözüň binýady hem çaganyň dil biten günlerinden başlanyp, ulularyň tagallasy bilen goýulýar. "Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň sözleýiş dilini ösdürmegiň usulyýeti" dersi çagalara irki döwürden ilkinji sesleri, bogunlary we sözleri aýtmakdan tä mekdep okuwyna gidýänçä öz ene dilinde sada we düşnükli geplemegiň tärlerini öwretmegi göz öňünde tutýar. Mekdebe çenli çagalar edaralarynda ene dili öwredilende, esasan, iki maksat göz öňünde tutulýar Birinjiden, jemgyýetimiziň şu günki we ertirki zerurlyklary hökmünde ene dilini zerur aragatnaşyk serişdesi hökmünde, ikinjiden, çaganyň sözleýiş medeniýetini kemala getirmek bilen, olaryň öz ene dilini çuňňur öwrenmegini gazanmaly.

Çaganyň ene dilinde talabalaýyk gepläp bilmegi öz deň-duşlary, ulular bilen gowy aragatnaşykda bolmagyna ýardam edýär. Çagalaryň ulular bilen aragatnaşykda bolmagy täze bilim, täze düşünje toplamagyna kömek edýär. Gowy gepläp bilmeýän çaga gowy oýnap bilmeýär. Çagalaryň dil öwrenmekligi öz-özünden bolmaýar. Onuň dil öwrenmekligine ulular ýolbaşçylyk etmelidir. Çagalaryň öz ene dillerini bilmekligi biri-biri bilen aragatnaşykda bolmaklygyna (oýun, gezelenç döwninde sadaja söhbetdeşlik gurap bilmegine), fiziki, psihiki taýdan ösmekligine kömek edýär. Çagalar öz aralarynda oýnap dostlaşýarlar. Erteki, hekaýa, goşgy öwrenýärler. Şu zatlaryň hemmesi çagalary akyl taýdan ösdürýär.

Sözleýiş diliniň usulyýetini bilmek çagalaryň sözleýşiniň kadalaryny bilmekdir Geljekki terbiýeçiler okaýan döwründe öz kärlerini usuly taýdan özleşdirmelidirler. çagalara ene dilini öwretmek üçin ilki bilen bu ylmyň ähli usullaryny we tärlerini gowy bilmelidirler.

Usuly bilmeklik çaganyň ene dilini talabalayyk özleşdirmegine ýardam edýär. Çaganyň sözleýşiniň turuwbaşdan kämil bolmagyna ünsi güýçlendirmek bilen türkmen diliniň şirinligine, many goýazylygyna düşünmekleri, dogry sözläp bilmek endiklerini edinmekleri göz öňünde tutulýar. Bu işiň esasy mazmuny sözleýşi öwretmegiň ýörelgelerinden we ene dilini özleşdirmekden ybaratdyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow öz çykyşlarynda "Mekdebe çenli çagalar edaralarynda çagalary terbiýelemek we mekdepde okamaga taýýarlamak, olarda öz-özüňe hyzmat edip bilmek hem özüňi alyp barmak endiklerini kemala getirmek, türkmen dilini we beýleki dilleri bilimleriň ilkibaşky esaslaryny öwrenmek ýörite taýýarlanan milli niaksatnamalar esasynda amala aşyrylyp, ol türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda emele gelen däp-dessurlaryna laýyklykda.çagalaryň içki diinýäsini baýene dilirniziň şertlerinde kemala getirmäge gönükdirilendir" diýmek bilen, bilim-terbiýeçilik işleriniň mekdebe çenli çagalar edaralaryndan başlap kämilleşdirilmegini göz öňünde tutýar. Bu günki körpe - geljekki bilimli, ylymly, intellektual taýdan ösen, giň dünýägaraýyşly, hünärine ökde, döwletimiziň ykbalyny kesgitlejek, onuň ösmegine öz goşandyny goşjak hünärmen bolup ýetişmeli. Bilimli bolmak üçin ilki bilen sowadyň gapysyndan ätlemeli, bilim basgançagynda yhlasyňy görkezip, ylmyň çäklerine aralaşmaly.

Ussat şahyrymyz Kerim Gurbannepesowyň döredijiliginde söz barada şeýle diýilýär:

Söz diýeniň togar-togar bir zatdyr,
Sözden gala gurmak kime aňsatdyr.
Çöpläp goýan wagtyň öz jaýy gerek,

Sepläp goýan wagtyň öz laýy gerek.
Ine, onsoň oňa bakmak aňsatdyr,
Togar-togar däl-de, gözel bir zatdyr.

Ine, şahyryň aýdyşy ýaly, biz hem şol togar-togar zatlaryň körpeleriň dilinde “öz jaýyny, öz laýyny” bilip goýulmagy esasynda “gözel gala" öwrülmegini göz öňünde tutýarys.

## 10. Gürrüňiň görnüşleri.

- *Gürrüň bermegiň usuly*
- *Sahnalaşdyrmak usuly.*

“Kowusnama" eserinde şeýle diýilýär: ‘Bilgin ki, hemme hünärden soz hünäri ýagşy, çünki başga jandarlardan adam on derejede artykdyr we bu artykmaçlyk adamyň bedeninde bardyr: bäşisi daşarda görnüp durýar we bäşisi içinde gizlindir 0l bäş gizlin duranlar şular: pikirlenme, hatyra, hyýal etmek, tapawudyny bilmek we nutuk; bäşisi (adam teniniň) daşarky tarapynda görünýär: eşitmek, görmek, ys almak, tagam duýmak, syzmak Bular başga jandarlarda hem bar. Emma adamdaky ýaly däl. Şoňa görä-de adam jandarlaryň üstünden hökmürowanlyk ediji patyşadyr Şuny bildiňmi, diýmek, ýagşy sözlemegi öwren”.

Türkmen halkynyň taryhy ýoluna nazar aýlasak, müňýyllyklaryň dowamynda dilimizi ösdürmek bilen baglanyşykly köp işleriň edilendigini görmek bolýar. Halkymyz adamzadyň medeni we ylmy genji-hazynalaryna saldamly goşantlaryny goşan halklaryň biri. Jemgyýetiň düşünje baýlygy dilde jemlenýär Diliň ösmegi jemgyýetiň ösmegi bilen baglanyşyklydyr.

Çaganyň sözleýşiniň ösüşinde onuň ukyplary üç ýaşa çenli döwürde kemala gelýär. Ene dilini özleşdirmek çaganyň bokurdagynda

emele getirýän ilkinji seslerinden başlanýar. Sözleýşiň kemala gelmegi her çagada birhili geçýär.

Çaganyň bir ýaşa çenli döwri heniz ol bir sözi aýdyp bilmese hem onuň sözleýşiniň ösmeginiň we ulular bilen aragatnaşyk açmagynyň möhüm döwri hasaplanýar. Sözleýşe çenli döwürde çaga dürli sesleri seslenmek bilen sesler we hereketler arkaly uly adamlar bilen aragatnaşyga girýär Çaga doglandan beýläk beýnisi we duýuş agzalary dili özleşdirmäge taýýar bolýar. Çaga dogmanka eşidýär diýmäge hem esas bar. Sebäbi bäbek ejesiniň sesini beýlekilerden çalt tanaýar. Fransuz alymlary doglanyna dört gün bolan bäbegiň öz dilinde aýdylýan jümleleri aýdylyş äheňi esasynda beýleki dillerdäkiden tapawutlandyryp bilýändiklerine geçirýän barlaglarynyň netijesinde göz ýetiripdirler. Sözleýşi ösdünnek terbiýeçiniň esasy işleriniň biridir Ol çaganyň aň, akyl ösüşini üpjün etmäge gönükdirilendir. Çaganyň söz baýlygynyň giňemegi we grammatik gurluşyň özleşdirilişi durmuş we terbiýe bermegiň şertlerine baglydyr.

Bu meseleleri çözmek üçin:

- Çaganyň aýdýan zadyny üns berip diňlemeli,
- Onuň bilen häli-şindi gürrüňdeş bolmaly;
- Çaganyň öz deň-duşlary we ulular bilen söhbetdeş bolmaklygyna kömek etmeli

Aň-düşünje (intellekt) bilen daşky dünýä akyl ýetirip bilmek, pikirlenmek. göz öňüne getirmek, şeýle-de sözleýiş - bu adamyň tapawutly tarapydyr. Aň-düşünje çagada diňe bir onuň ösüş döwründe beden ösüşini başdan geçirýänligi üçin döremän, eýsem adamyň sözleýşe eýe bolmagynyň kanunalaýyklygy üçindir. Sözleýiş dili adamyň eýýam irki çagalyk döwründe döreýär we mekdebe çenli, mekdep döwründe has kämilleşýär.

Intellekt - bu näme? Intellekt - bu beýnini iýmitlendirýän degre bolup, alymlaryň tassyklamagyna görä dürli görnüşli ukyplara eýedir

Şolaryň birinjisi sözleýiş-lingwistiki intellekt bolup, oňa sözleýiş ukyby degişlidir.

Adamyň fiziki we psihiki ösüşi dürli ýaş döwürlerine bölünýär. Meselem, bäbeklik, irki çagalyk, mekdebe çenli, kiçi ýaşly mekdep, ýetginjeklik, ýaşlyk, kämillik döwürleri Çaganyň intellekti (aň-düşünjesi) irki çagalyk döwründe ýüze çykýar we kem-kemden mekdebe çenli, kiçi ýaşly mekdep, ýetginjeklik döwürlerinde kämilleşýär Bu ösüş we kämilleşme gönüden-göni sözleýiş arkaly bolup geçýär.

Çaga bilen iş salyşýan ulular (ata-eneler, terbiýeçiler, mugallymlar) bäbeklik döwründen dogry geplemäge ugrukdyrsalar, çagada göz öňüne getirme, pikirlenme duýgulary ösüş döwrüne görä özgerýär. Aňyň ösmegi bilen çaganyň emosiýalaryna erk edip bilmegi hem kämilleşýär.

Çaganyň ösüşi fiziki taýdan-da, akyl taýdan-da birsydyrgyn deň gitmeýär. Alymlar çaganyň psihiki ösüşini 4 tapgyra bölýärler. Şonuň iki tapgyry mekdebe çenli ýaş döwrüne düşýär. Birinji döwri - duýgular esasynda düşünýän döwri (0-2 ýaş). Çaga doglandan 2 ýaşa çenli duýgusynyň esasynda fiziki ösüşe eýe bolýar. Ajyganda, bir ýeri agyranda aglaýar, sesi, ýagtylygy duýýar. Bu döwürde, esasan, duýgy höküm sürýär.

Ikinji döwri 2-7 ýaşa çenli döwri öz içine alyp, çaga, esasan, özüne daş-töweregindäkileriň gözi bilen seredýär. Bu ýaşda maşgala agzalarynyň çaga bolan ünsüniň, maşgalada ruhubelent gurşawyň bolmagy zerur.

Eger çagany ýaşlykda gurşap alýan adamlar oňa dogry sözlemegi öwredip başlasalar, onda ol çaga talabalaýyk ösüşi başdan geçirýär: başarjaňlyk, göz öňüne getirmek, pikirlenmek duýgulary ösüş döwrüne görä laýyk özgerýär. Aňyň ösmegi bilen çaganyň emosiýalaryna erk edip bilmegi hem kämilleşýär

## 11. Gürrüň etmek – çagalaryň baglanyşykly we monologik sözleýşini ösdürmegiň serişdesi.

- *Çagalar bagynda gürrüň etmegiň – çagalaryň sözleýşini ösdürmekdäki ähmiýeti.*
- *Monologik sözleýşi ösdürmek*

Terbiýeçi çagalary hemmetaraplaýyn terbiýelemekde döwlet tarapyndan ynanylan adamdyr. Ol ýurdumyzyň geljekdäki raýatlaryny döwrebap terbiýeläp ýetişdirmek ugrunda çalyşýar. Çagalar bagynyň terbiýeçisiniň sözleýşiniň kämilligi onuň hünär kamilliginiň ýokarydygyny görkezýär. Ol özünde sözleýşiň kämil başarnyklaryny edinmek bilen çagalary hem şeýle ruhda terbiýeleýär. Terbiýeçiniň sözleýşi çaganyň sözleýşiniň esasy çeşmesidir Terbiýeçi döwlet tarapyndan düzülen maksatnamany doly ýerine ýetirmäge çalyşmalydyr. Hakyky terbiýeçiden edilýän pedagogik talaplar örän köpdür. Biz olaryň üstünde durup geçeris. Çagalar bagynda terbiýeçi bolup işlejek adamyň sözleýiş dili düşnükli, sada, edebi dilde, howlukman her bir sözi, sesi ýerli-ýerinde goýup, gepläp bilmegi başarýan adamlar bolmaly. Sözleýiş dili arassa, sada bolmaly. Çaga ula öýkünmek bilen öwrenýär. Terbiýeçi labyzly çeper okaýşa bem-de gürrüň edip bilmäge ökde bolmalydyr. Labyzly okaýyş, çeper gürrüň edip bermek çagada okalýan, gürrüň berilýän zada gyzyklanmany oýarýar, diňlemäge höwesi ösdürýär. Gürrüň edip bermek, hekaýa etmek arkaly baglanyşykly sözleýiş ösýär. Hekaýa etmegi öwretmek gören-eşiden zatlaryny gürrüň etdirmekden, gysgajyk edebi eserleri okap berip, şol baradaky pikirlerini bilmekden, sorag- jogapdan başlanýar. Soňra suratlar arkaly hekaýa etmeklige geçilýär.

Terbiýeçi ünsli we hoşniýetli bolmalydyr. Eger-de körpe çaga siz bilen gepleşäýse, siz onuň bu ýagdaýyna begenýändigiňizi, ony ýadaman-ýaltanman diňlemäge taýýardygyňyzy duýdurmaly. Terbiýeçiniň

hoşgylawlygy we ýylgyrmasy çaga oňaýly täsir edýändir Çaga terbiýeçi bilen uzak gürleşenini kent görýän däldir.

Terbiýeçiniň alçaklygy, çagalar bilen erkin gatnaşykda bolmagy okuw işine oňaýly täsir edýär. Onuň özüni alyp barşy çagalaryň-da özlerini erkin duýmagyna, bilýän maglumatlaryny aýdyp bilmegine mümkinçilik döredýär.

Terbiýeçi okuw maglumatyny öz häsiýetine mahsus bolan derejede (hiç hili ýasamalygy ulanmasyzdan) düşündirse, çagalar hem şol usulda bilýänlerini erkin beýan etmäge ymtylýarlar. Okuwa bolan bu görnüşdäki şahsy çemeleşme edebi, seresaplylygy, otagda oturan çagalaryň düzümini, olaryň ösüş derejesini, aň-düşünjesini, terbiýeçi bilen çagalaryň özara gatnaşygyny göz öňüne tutmak bilen pedagogik taktlylygy hem talap edýär Şu nukdaýnazardan-da, terbiýeçi okadýan çagalarynyň ýaşyna görä hereket etmelidir, her bir zada olaryň gözi bilen garamalydyr, ony görmelidir, duýmalydyr.

Özüniň şahsy tejribesiniň okuwyň mazmunynyň bir bölegidigine düşünýän, ony çagalara ýetirmäge synanyşýan terbiýeçi hem mugallymdyr, hem-de terbiýeçidir Terbiýeçiniň açyklygy birnäçe wajyp wezipeleri ýerine ýetirýär Meselem, maglumatyň beýan edilişi has ynamly bolýar, çagalarda terbiýeçiniň maglumatlary beýan etmekde alýan maglumatlaryna gyzyklanmak, şatlykly duýgyny başdan geçirmekligi oýarýar, terbiýeçiniň gürrüň berşine aňly-düşünjeli, gyzyklanma bilen üns bennäge, onuň usullaryna göz ýetirmäge ýardam edýär Çagada birek-birege ynamlylyk, çynlakaýlyk, şadyýanlyk, erkinlik şertlerini döredýär.

Terbiýeçi sapakda diňe belli bir çaganyň durmuş tejribesi bilen iş salyşman. tutuş çagalar toparynyň durmuş tejribesini heniz göz öňünde tutmaly bolýar. Bu bolsa sapagyň mümkinçiliklerini giňeldýär. Çagalaryň durmuş tejribesiniň dürlüligi. köplügi, olaryň häsiýetine okuwçylaryň özleriçe düşünişleri köptaraplylygyň birligidir Bu bolsa çekeleşme üçin

esas döredýär, birek-birek bilen jedelleşmäge, maslahatlaşmaga, birek-biregi düzetmäge, birek-biregiň pikirini has-da giňeltmäge ýol açýar.

Terbiýeçiniň sözleýiş medeniýetiniň çaga täsiri örän uludyr Sözleýiş medeniýeti diýip, diliň hemme kada-kanunlaryna laýyk gelýän derejede sözlemeklige aýdylýar. Sözleýiş medeniýetini edinmek diňe dil birlikleriniň manysyna düşünmek däl-de, olary edebi dilde peýdalanyp bilmekdir Dürli sapaklarda dürli temalaryň üsti bilen sapaga mahsus düşünjeler bilen bilelikde halkymyzyň maddy-ruhy we milli-medeni gymmatlyklary barada ýaş aýratynlyklaryna görä düşünje berilýär, olaryň gadyr-gymmaty düşündirilýär. Şeýle düşündirişlerde terbiýeçiniň, mugallymyň sözleýiş ukyby uly rol oýnaýar. Terbiýeçiniň, mugallymyň sözleýiş ukyby diýip sözleri ýerbe-ýer goýup, çeper sözläp bilmeklige, äheňiniň, labyzynyň suhangöýlügine (ýumşak, mylaýym äheňli, süýji sözli, dilewar), sözlände çagalara bolan mähirli, mylaýym gatnaşygyna, gepleýän wagty çaganyň ýaş aýratynlygyna laýyklykda sözläp bilmegine aýtmak bolar Şol ukyp hem çaganyň baglanyşykly sözläp bilmek endikleriniň kemala gelmegine. sözleýiş medeniýetiniň kämilleşmegine ýardam edýär. Sözleýiş arkaly maddy-ruhy we milli-medeni ruhy gymmatlyklarymyz sapaklarda öwredilýän düşünjeleriň üsti bilen çagalaryň aňyna siňdirilýär.

## 12. Baglanyşykly sözleýişden guralýan sapaklaryň görnüşleri.

- *Baglanyşykly sözleýiş boýunça guralýan sapaklar*
- *Sapaklaryň görnüşleri*

Sözleýiş boýunça ýörite bellenen sapaklarda sözleýşi öwretmek boýunça aşakdaky görnüşler alnyp barylýar:

- Çagalaryň ses medeniýetini terbiýelemek:
- Sözlük goruny baýlaşdyrmak;
- Grammatik endikleri kemala getirmek;
- Baglanyşykly sözleýşi öwretmek - monolog-dialog-daş-töwerek bilen baglanyşyklylykda;
- Çeper edebiýat bilen tanyşdyrmak, ýat tutmagy öwretmek

Bu işleriň maksady her bir çagada baglanyşykly sözleýşi kemala getirmekdir Çaga ýedi ýaşyna çenli sözleýşiň daş-töweregindäki görýän zatlaryny suratlandyrmak, wakalary gürrüň bermek üçin monolog görnüşini peýdalanyp bilmegi başarmalydyr. Çaganyň monologyndaky sözlemleriň grammatik gurluşy edebi diliň normalaryna gabat gelmelidir.

Çaganyň akyl taýdan ösmeginde dil sözleýşiniň kemala gelmeginiň uly ähmiýeti bar Çagany ene dilini sözleýşiň oňat nusgalary esasynda öwretmeli Çagalar öýkünmek esasynda kämil däl sözleýşi hem öwrenýärler.

Sözleý'şi öwretmegiň iki sany esasy görnüşiniň üstünde durlup geçilýär.

- Çagalaryň terbiýeçi, çagalar bagynyň beýleki işgärleri bilen öz aralarynda erkin gepleşigi.
- Sözleýşi ösdürmek boýunça ýörite sapaklar.

Çagalar baglarynda çagalaryň erkin sözleýiş gepleşigi şeýle ýagdaýda geçýär:

Durmuşda;

Gezelenç wagtynda;

Oýun döwründe;

Daş-töwerek bilen tanyşdyrylanda (ýylyň ähli paslynda, tebigatda we durmuşda);

Zähmet işinde (hojalykda we tebigatda zähmet);

Baýramçylyklar we gowünaçmalar wagtynda;

Sözleýşi ösdürmek boýunça maksatsyz meşgullanmalar: ýönekeý matematiki düşünjeleri kemala getirmek, surat çekmek, gurnamak, bedenterbiýe, aýdym-saz.

Sözleýşi ösdürmek boýunça ýörite sapaklar çagalaryň üç ýaşyndan başlap geçirilip başlanýar. Sapaklarda çagalar terbiýeçiniň görkezme esbabyna görä gürrüň edip bilýär we beýleki çagalar bilen bilelikde iş gurap bilýärler. Öwrediji oýunlary oýnamak, bilelikde aýdym aýtmak arkaly dürli usullaryň esasynda sözleýşi kämilleşdirýärler. Maksatnamada dürli ýaş toparlarynda sözleýşi ösdürmek boýunça ýörite berlen sapaklar bölümler boýunça berilýär

Şu dersimiziň öňde goýýan maksady çagalara ýaşlykdan ene dilini öwretmekdir Biziň psihologiýa ylmyndan bilşimize görä, sözleýiş, pikirlenme psihiki proses bilen aýrylmaz arabaglanyşykdadyr Şonuň üçin biz çagalara edebi türkmen dilini öwretmekden başga pikir ýöretmekligi, pikir jemlemekligi we netije çykarmaklygy, predmetler we hadysalar arasynda baglanyşyk goýmaklygy hem öwretmelidiris.

Her bir çagalar bagynda çagalaryň sözleýiş dilini ösdürmek üçin gerekli şertler zerurdyr. Toparyň çaga sany talabalaýyk bolmaly. Hormatly Prezidentimiz bilim özgertmelerine laýyklykda çagalar baglarynyň toparlarynda çaga sanynyň kesgitli bolmagyny kanunlaşdyrmagy her bir çaga berilýän ünsüň güýçlenmegi üçin, çaganyň talabalaýyk bilim-terbiýe almagyny göz öňünde tutanlygyndadyr

Bu işleriň öňde goýýan maksady ýokarda agzalan görnüşleriň esasynda her bir çagada baglanyşykly sözleýşiň ýola goýulmagydyr. Çagalarda dil öwrenmeklige bolan höwes bolmalydyr. Şeýle höwesi

çagalar bagynyň hemme işgärleri goldamalydyr. Çagalar bagynyň öňünde duran esasy wezipeleriň biri çagalaryň söz goruny ösdürmekdir, baýlaşdyrmakdyr.

## 13. Çagalary söhbetdeşlige taýýarlamagyň meýilnamasyny işläp düzmek.

- *Söhbetdeşligiň-gepleşigiň görnüşleri*
- *Söhbetdeşligiň wezipeleri, meýilnamasy*

Gepleşik arkaly çaganyň işjeňligi artýar.

Gepleşik diňe bir sapakda däl-de, eýsem sapakdan daşarda hem geçirilýär.

Terbiýeçi bilen çagalaryň arasyndaky erkin sözleýişde ýüze çykan gepleşik taýýarlanylmadyk gepleşik bolýar. Eger gepleşik ýörite sapak görnüşinde geçse, onda ol taýýarlanylan gepleşik bolýar.

Taýýarlanylmadyk gepleşige çaganyň ertirlik edinýän, gezelenje çykan, oýun oýnaýan we ş.m wagtynda guralan söhbetdeşlik degişlidir Taýýarlanylmadyk diýmeklik diňe çagalara degişli (olar gepleşigiň näme barada boljakdygyny bilmeýärler) bolup, terbiýeçi elmydama söhbetdeşlige taýýar bolmaly. sebäbi terbiýeçiniň esasy maksady çagalara gepleşik diliniň üsti bilen ene dilini öwretmekdir. Şonuň üçin-de terbiýeçiniň sözleýiş dili çaga üçin nusga alarlykly bolmalydyr.

Sapakda guralýan gepleşik taýýarlanylan gürrüň we sahnalaşdyrma usuly arkaly amala aşyrylýar.

Taýýarlanylan gürrüňiň esasy maksady çagalara gönüden-göni söhbetdeş bolmagy, ýagny söhbetdeşiňi diňlemegi, onuň sözüni bölmezligi, garaşmaklygy, düşnükli gürlemäge çalyşmaklygy, şeýle-de grammatiki taýdan dogry sözlemek endigini terbiýelemegi we aýdylýan sözleriň manysyna düşünmekligi öwretmekligi göz öňünde tutýar. Gürrüň

geçirmegiň usuly ähli ýaş aýratynlygyndaky toparlarda birmeňzeşräk hem diýseň boljak: gepleşmegi öwrenmek bilen bir hatarda çaga söz baýlygyny artdyrýar, sözleýşiň grammatiki gurluşy kämilleşýär. Bular çaganyň ýaşyna görä kem-kemden çylşyrymlaşdyrylýar Terbiýeçi ähli çaganyň söhbetdeşlige gatnaşmagyny gazanmalydyr.

Sahnalaşdyrmak usuly - bu çaganyň terbiýeçiniň okap beren edebi eserlerini (ertekileri, hekaýalary, goşgulary) keşplerde ýerine ýetirmegidir. Bu usul çagalaryň sözleýşiniň has-da kämilleşmegine. labyzly aýdylmagyna ýardam edýär.

Gepleşigi alyp barmak we çagalaryň täze maglumaty işjeň kabul etmeklerini gazanmak üçin dürli usullardan peýdalanmak bolar:

-geçilenleri ýörite gaýtalamak;

-öwrenmeli maglumatyň mazmunyny gysgaça beýan etmek;

-täzelige aň ýetirmekde möhüm boljak soraglary, ýumuşlary, taýýarlamak;

-çagalaryň durmuşda gabat gelýän durmuş ýagdaýlaryny, tejribelerini seljermek.

-özbaşdak ýumuşlary bermek;

- tebigatda bolup geçýän hadysalary synlamak we ş.m.

-Bu usullaryň ählisi birigip, çagany täze maglumaty işjeň kabul etmäge taýýarlamakdan ybaratdyr.

-Çagalar monolog sözleýşi 5 ýaşdan öwrenip başlaýarlar. Emma muňa taýýarlyk işleri, eýýäm 2 ýaşdan, haçan-da goşgujyklary ýatlanlarynda başlanýar.

-Şeýle-de 4 ýaşyndaky çagalar monologyň suratlandyrmak we beýan etmek, 7 ýaşyndakylar bolsa gysgaça pikir ýöretmek ýaly görnüşlerini beýan edýärler. Monolog sözleýşiň esasy kynçylygy, ol çagalarda esasy tinsi oňa gerek bolan wakalara ýa-da çeper eserlere jemlemegi talap edýär, şol bir wagtda-da diňe bir predmetleriň, hadysalaryň özüne üns bermän, eýsem olaryň arasyndaky

arabaglanyşyga-da üns bermekligi talap edýär Bu bolsa ýatkeşligiň ösdürilmegi arkaly amala aşyrylýar

-Baglanyşykly sözleýişde çaganyň öz aýdýan zadyna düşünmegi hökmanydyr.

-Kiçi ýaşly çagalarda sözleýşe düşünmeklik kämilleşýär (ulularyň berýän tabşyryklaryna, kyn bolmadyk hekaýalara düşünmegi). Ulularyň çagalara söz bilen düşündirmegi arkaly sözleýiş çaga üçin diňe bir aragatnaşyk serişdesi bolman, eýsem bilim almaga hem kömek edýär.

-Üç ýaşly çagalara dialogyň ýönekeýje görnüşi (sorag-jogap) mahsus bolup, olar öz pikirlerini baglanyşdyryp aýtmaga synanyşyp başlaýarlar. Ýöne kiçi ýaşly çagalar sözlemi düzende köp ýalňyşlyklary goýberýärler. Çaganyň gepleşik sözleýşini ösdürmeklik monologiki sözleýşiň kämilleşmegine ýardam edýär

## 14. Çagalara suratlar boýunça gürrüň etmegi öwretmek.

- *Suratlar boýunça hekaýa düzdürmek*
- *Suratlar boýunça gürrüň bermek işiniň görnüşleri*

Çagalara suratlar boýunça gürrüň etmegi öwretmek. Aýry – aýry toparlaryň oýnawaçlary boýunça gürrüň etmek. Gürrüň etmek üçin soraglar.

Kompýuterde, interaktiw tagtalarda reflektleriň, sesift çyzgylaryň, hereketleriň peýdalanylmagy bilen dürli görnüşleriň şekillendirilmegi çagany özüne çekýär, öwredilýän maglumata ünsi gönügýär. Çaga dünýäsi oýny talap edýär Şu nukdaýnazardan, kompýuterde, interaktiw tagtada berilýän ýumuşlaryň oýun görnüşinde bolmagy has hem özüne çekijidir Bu ýerde bize halk döredijiligimiz örän ýakyn kömekçi bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz öz çykyşlarynda “Milli bilim ulgamymyzyň dünýä ylym- bilim ulgamy bilen sazlaşýan we ata-

babalarymyzyň asyrlaryň dowamynda sünnälän aň-düşünje, ruhy, ahlak, dünýägaraýyş, pelsepe gymmatlyklaryny özünde jemleýän aýdyň ýörelgesi bolmalydyr" diýýär. Halk döredijiligimiz öz döwründe terbiýänift her bir ugry' boýunça iş alyp barmakda uly mekdep bolup hyzmat edipdir. Biziň hem bilim-terbiýeçilik edaralarynda alnyp barylýan işleri dünýä derejesine laýyklaşdyryp, öz milli köklerimiz esasynda guramak göreldesinde terbiýelemek baş wezipämiz bolup durýar. Şeýle usulda taýýarlanan bir slaýdyň üstünde durup geçeliň.

“Böwenjigiň bagy”

7.Gysgajyk halk ertekilerini täzeden gürrüň etmegi öwretmek. Onuň bilim we terbiýe berijilik ähmiýeti

Çagalara daş-töwerege düşünmegi öwretmek, olarda asylly häsiýetleri kemala getirmek terbiýeçiniň borjy bolup durýar Ösümliklerdir haýwanlar bilen tanyşdyrylanda terbiýeçiler görkezme esbaplylyk usulyndan peýdalansalar has-da talabalaýyk bolar Öwrenilen ösümliklerdir haýwanlaryň aýratyn görkezilip, sorag-jogap alyşmak çagalaryň düşünjeleriniň berkemegine, çuňlaşmagyna getirýär. Mysal üçin, öwrenilen ösümligiň suraty görkezilip “Bu haýsy ösümlik?", “Bu ösümlik nirede bitýär?", towşanjygyň suraty görkezilip, “Bu näme?', "Nirede ýaşaýar?' diýen ýaly dürli soraglar berilse, çagalaryň oňa jogap bermek islegleri güýçli bolýar.

Birnäçe gezek gezelençde bolan çaga şol syn eden ösümliklerini tanaýar we soň ony suratdan görkezip bilýär. Haýwanlar barada hem şonuň ýaly. Öý haýwanlaryna syn edýän çagalar suratdan olary, onuň çagalaryny görkezip, atlandyryp bilýärler Bu işde suratlary, kitaplary, goşgulary ýerlikli ulanmak çagalaryň tebigat gözelliklerine has hem göz ýetirmeklerine, özlerinde galan täsirleri sapakda surat çekdirmek arkaly berkitmeklerine şert döredilýär. Bu işler çagalaryň özlerinde galan täsirleri beýan edip bilmeklerine ýardam edýär.

Gezelençler çagalarda örän uly täsir galdyrýar. Bulutly gün çagalary alyp gezelenje çykýarsyň. Asmanda gara bulutlar topbak tutup dur. Terbiýeçi şol bulutlara seredip, şeýle goşgujygy aýdýar:

*Bulut.*
*Bulut,*
*Gara bulut,*
*Nä ýagaňok, ýagjak bolup!*
*Ýa bir ýaňa gyssanýaňmy?*
*Ýa suwuňy gysganýaňmy?*

*(A.Atabaýew)*

Birden gök gübürdeýär. Çagalar garanjaklaşýarlar, käbirleri gorkýar. Şu ýerde terbiýeçiniň ýagdaýdan derrew baş çykarmagy, ýagny gök gübürdisine, ýagşyň ýagmagyna degişli goşgujygy ýa-da sanawajy joşgunly edip aýtmagy zerur.

Damjalaýan ýagyş damjalarynyň astynda bökjekleýän çagalar terbiýeçiniň täsirine düşüp, şowhuny alyp göterýärler Bu ýerde uly adamyň şähdaçyklygynyň çagalara uly täsir edýändigini görmek bolýar. Soňra terbiýeçi bulut, ýagyş barada çagalara sadaja düşünje berjär. Ýagşyň ösümlik üçin ýaşaýyş çeşmesidigini düşündirýär. Ýagyş diňýär. Bulut syrylýar. Asmanda älemgoşar peýda bolýar. Bu ýerde şeýle goşgyny aýtmak bolar.

*Gögüň ýüzi dup-dury,*
*Gün hem ýagtysyn salýar. Meýdan ýüzi al-ýaşyl,*
*Älemgoşar görünýär.*
*Owlak-guzy bökjekläp,*
*Hezil edip oýnaýar,*
*Ýaz paslynyň howasy ajap, göwnüň doýmaýar.*

*(N. Pomma)*

Gör, ne täsinlik! Gör, ne gözellik! Bu ýerde terbiýeçi çagalar bilen mataldyr tapmaça hem aýdyşyp biler. Çagalar jogabyny tapýarlar, älemgoşaryň reňkini saýlaýarlar. Ýazyň başynda çagalaryň ünsüni

agaçlaryň janlanyşyna, baldaklaryň pyntyk ýaryşyna, ýaz howasynyň ysyna çekmek möhümdir. Şu ýerde sorag-jogaplar alyşmak, goşgular aýdyşmak ýerliklidir. Gülli meýdana gezelenç etmek balarylarynyň, kebelekleriň gülden-güle uçup-gonuşlaryna syn etdirmek esasy işleriň biridir. Çagalar syn eden döwürlerinde galan täsiri sapak wagtynda surat çekmek arkaly hem görkezýärler. Olar netijeli baga gezelenje baranlarynda bagdan galan täsirleri gürrüň edip bermek, gören zatlaryny surat ýüzüne geçirmek arkaly beýan edýärler. Eger-de şol gün ýagyş ýagyp, daşary çykmaga mümkinçilik bolmadyk ýagdaýynda suratlar bilen iş geçirmek maksadalaýykdyr. Mysal üçin, howa ýagdaýyny görkezýän suratlar esasynda sorag-jogap alyşmak bolar

Gezelençlere ene-atalary hem goşmak işiň netijeli bolmagyna ýardam edýär Olar dynç alyş günleri terbiýeçiler bilen birlikde tebigata gezelenç etmek bilen çagalarynyň tebigata bolan gatnaşyklaryna syn etseler, daş- töwerek bilen tanyşmak, daşky gurşawy goramak baradaky işleriň ilerlemegine ýardam edýär.

Terbiýeçiniň gözellik dünýäsine bolan gatnaşygy döredijilikli bermäge çemeleşmegi çagalarda gözellik-ahlak terbiýesiniň özeni, şadyýanlygynyň çeşmesi bolup durýar

## 15. Dürli ýaşly toparlarda çagalara suratlar boýunça gürrüň bermegi öwretmegiň usuly.

- *Dürli ýaşly toparlarda suratlar boýunça gürrüň bermegi öwretmek.*
- *Suratlar boýunça gürrüň bermegi öwretmegiň usullary*

Predmetleriň arasyndaky has çuň gatnaşyklary ýagny baglanşygy, maksady, ýagdaýy sebäpleri we ş.m. Öz durmuş tejribelerine daýanmaklyk bilen çagalar şekillendirilen predmetlere, suratyň sýužetine bolan gatnaşyklaryny, garaýyşlaryny ýüze çykarmagy öwrenýärler. Çagalaryň suraty kabul etmesinde onuň mazmuny, predmetleriň tanyşlygy, sýužeti uly orun eýeleýär. Uly adamyň çaga berýän soragynyň hem ähmiýeti uludyr. Suratda näme görýändigini soramak bilen, çaga görýän predmetlerini dogry sanap atlandyryp bilmek öwredilýär. “Suratda näme edýärler?” diýen soragyň üsti bilen hereketleri suratlandyrmak öwredilýär. Çaga suratdaky hadysany beýan etmek tabşyrylanda, oňa aň ýetirmäge we düşündirmäge çalyşýar. Bir çaga bir gezekde üç basgançagy hem geçip biler. Ýöne onuň netijesi çaganyň akyl ösüşine, kabul etmesiniň we pikirlenmesiniň, sözleýşiniň ösüşine baglydyr. Barlaglaryň netijesinde çagalaryň suraty kabul etmeleriniň şu aşakdaky ýaly kanunalaýyklygy bar:

- Dürli çagalaryň suratlar boýunça dürli gürrüň düzmekleri şekillendirilen predmetlere düşünmekleriniň çuňlugyna baglydyr.
- Uly adamyň sorag bermegi çaga şekillendirilen predmetleriň gatnaşygyny derňemäge getirýär. Şol gatnaşyklaryň içinde esasy orny predmetleriň giňişlik gatnaşygy eýeleýär. Giňişlik gatnaşyklara düşünmeklik, logiki gatnaşyklary açyp bilmeklige, suraty bir bitewilik hökmünde kabul etmeklige getirýär. Çaga üçin suratyň esasy bolup hereketi ýerine ýetirip duran adamyň şekili durýar. Suratyň sýužetine düşünmek bilen çaga adamyň hereketini, ýüzüniň mimikasynda

emosional ýagdaýyny (gaýgyly, şatlykly), geýinişini ýüze çykarmagy öwrenýär. Şekillendirilen suratyň mazmunyna dogry düşünmekde oňa çaganyň syn etmesiniň dowamlylygy hem täsir edýär.

- Kabul edilýän suratynyň mazmunyna düşünmekde ony dogry atlandyrmak hem uly orun eýeleýär. Çaga suratyň her bir şekilini synlap, olaryň arabaglanyşygyna düşünip bir-iki sözde ony umumylaşdyryp atlandyrmagy öwrenýär.

- Surata guramaçylykly syn etmegi guramak çaga şekillendirilen predmetleri we olaryň arabaglanyşygyny yzygider, maksatly gözden geçirmegi öwredýär. Maksada gönükdirilen syn etmäniň netijesinde çaga diňe bir täze düşünjelere eýe bolman, eýsem daş-töwerek baradaky umumylaşdyrylýan düşünjeler hem kemala gelýär. Durmuşy ýagdaýlaryň baglanyşygyna, kanunalaýyklygyna düşünmeklerine getirýär. Çaganyň şekillendirilen suraty kabul etmesini öwrenmek bilen onuň akyl taýdan ösüşiniň aýratynlyklaryna göz ýetirmek bolýar. Çagalaryň syn etmesini öwrenmek bilen esasy didaktiki ýörelgeleriň biri bolan-görkezme esbaplylygyň teoretiki esaslaryny has çuň öwrenmäge mümkinçilik berýär. Mekdebe çenli ýaşly çagalar üçin real zadyň şekilini kabul etmeklik, şol predmet barada has çuň düşünjeleriň kemala gelmegine getirýär. Kabul etmäniň dilden, ýagny söz bilen atlandyrylyp guralmagy predmet baradaky düşünjeleriň aň ýetirilip özleşdirilmegine getirýär. Zatlary aňladýan söz kabul etmäni umumylaşdyrmaga getirýär. Mysal üçin: bägüller-ösümlikler, itler haýwanlar. Bägül, it diýip birlik sanda atlandyranymyzda çaga köplükden birligi tapawutlandyryp, şol bir wagtda onuň köplügiň bir bölegidigine düşünmegi öwrenýär. Çagalara suratlar esasynda gürrüň düzdürilende olar yzygider, baglanyşdyryp, sýužetiň esasy mazmunyny açyp gürrüň bermegi başarýarlar. Şekillendirilen zatlaryň arabaglanyşygyna düşünýärler. Çagalaryň eşidiş kabul etmesini ösdürmeklik işi sözleýiş dilini ösdürmek, sowat öwretmek, aýdym sapaklarynyň dowamynda maksatnamalaýyn wezipeleri çözmeklik bilen guralýar. Bu işler çagalarda pikirlenmäni ösdürip, olara

sözüň ses düzümini derňetmek, aýdymyň ritmni, tonuny, tempini dogry tapyp bilmeklerini gazanmak ýaly işleriň üsti bilen guralýar. Kabul etmäniň netijesinde çaga tejribe toplaýar, şol bir wagtda jemgyýetçilik tejribesini hem özleşdirýär. Çaganyň kabul etmesi onuň aň ýetirijiligi, göwrümi, takyklygy bilen tapawutlanman, ulanylýan usuly bilen hem tapawutlanýar. Giňişligi kabul etmede predmetiň ululygy şekili, ýerleşýän ýeri, zatlaryň arasyndaky giňişlik gatnaşygy, predmet bilen araçäk uly orun eýeleýär. Irki ýaşdan başlap çaga predmetler bilen dürli hereketleri ýerine ýetirip, onuň şekili, ululygy barada birnäçe düşünjeleri özleşdirýärler. 3-4 ýaşly çagalarda duýuş kabul edişligi esasy orun eýeleýär. 5-6 ýaşly çagalara görüş we duýuş kabul etmesini baglanyşdyryp ulanylmaklary predmetiň aýratynlykly taraplaryny has takyk ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Eli bilen elläp görmegiň üsti bilen çaga zatlaryň aýratynlyklaryny görüp ony aýdyň we takyk ýüze çykarmagy başarýarlar. Giňişligi kabul etmede söz bilen atlandyrmak uly ähmiýete eýedir. Mysal üçin: ýakynda- daşda, sagda, çepde, öňde, yzda ýokarda, aşakda. Çaga kiçi ýaşly döwürlerde zatlaryň özlerine görä ýerleşişini kesgitlemegi öwrenen bolsalar, uly ýaşly döwürde zatlaryň beýleki bir zada görä ýerleşişini kesgitlemegi, giňişlikde aýdylan ugur boýunça hereket etmegi öwrenýärler. Uly ýaşly çagalar otagyň içiniň shemasy boýunça gizlenen zady tapmagy başarýarlar. Öýlerine çagalar bagyna barýan ýaly salgy bermegi başarýarlar.

## 16. Gysgajyk halk ertekilerini täzeden gürrüň etmegi öwretmek. Onuň bilim we terbiýe berijilik ähmiýeti.

- *Mekdebe çenli ýaşly çagalara halk ertekilerini täzeden gürrüň bermegiň usullary*
- *Özbaşdak gürrüň bermegiň ähmiýeti*

Gaýtadan gürrüň bermek - munuň özi edebi eserleri döredijilikli beýan etmekdir Gaytadan gürrüň bermekligiň esasy aýratynlygy' onuň mazmunynyň eseriňkä golaý bolmagyndadyr. Gaýtadan gürrüň bermek üçin eserler saýlanylanda eseriň çeperçiligi, wakanyň aýdyňlygy, yzygiderliligi, mazmunynyň gyzykly bolmagy hökmanydyr. Mundan başga-da eseriň göwrümi, çaga üçin elýeterliligi hem göz öňünde tutulmalydyr

Çagalara çeper eser okalanda terbiýeçide labyzly okamak endiginiň bolmagynyň aýratyn ähmiýeti bardyr. Terbiýeçiniň öňünde her bir eseri çagalara sungat eseri hökmünde ýetirmek, onuň mazmunyny düşündirmek; eseriň gahrymanlaryna duýgudaşlygy döretmek, olaryň duýgularyna, hereketlerine, gaýgy-gamlaryna goşulyşmak pikirini oýarmak ýaly wajyp wezipeler durýar. Şoňa görä-de, çagalary eser bilen tanyşdyrmazdan öň, terbiýeçiniň özüniň esere düşünmegi, onuň mazmunydyr manysyny seljermegi möhümdir

Çagada çeper eseri diňläp kabul etmek, onuň mazmunyna düşünmek başarnygy öz-özünden döremeýär Onda öňi bilen eseri ünsli diňlemek başarnygyny emele getirmeli.

Çaganyň ber ýaşyna görä sözleýşiniň çägi we degişli wezipesi bar 01 ýuwaş-ýuwaşdan ösdürilýär we barha çylşyrymlaşdyrylýar

Her bir ýaş aýratynlykly toparlarynda gaýtadan gürrüň bermegiň aýratyn usullaryndan peýdalanylýar Şeýle-de hemme ýaşdakylar üçin umumy usullar hem bardyr: eseriň okalmagy. sorag-jogap alyşmak, gaýtadan okap bermek, eseri gürrüň etmek.

Gaýtadan gürrüň bermeklikde ulanylýan esasy usullaryň biri-de terbiýeçiniň berýän soraglarydyr. Öňünden berilýän soraglar oýlanyşykly beýan etmäge kömek edýär, eser gürrüň edilýärkä bolsa, olar çaganyň berýän gürrüňiniň üstüni doldurmaga we aýdyňlaşdyrmaga. gürrüň edilenden soňra seljermäge kömek edýär.

Çagalara eserlere has çuňňur düşünmekleri üçin eseriň gahrymanlaryny suratlandyrýan sözleri, olaryň manydaş, many taýdan garşydaş sözleri tapmak ýaly ýumuşlary tabşyrmak ähmiýetlidir.

Terbiýeçiniň ugmkdynnasy hem wajyp usul bolup duryar Haçan-da çaga aýdyp berýärkä käbir sözleri ýa-da teksti ýadyndan çykaran ýagdaýynda bu usuldan peýdalanylýar Bu çaganyň sözüň, söz düzüminiň. sözlemleriň manysyna düşünip, labyzly sözlemegine kömek edýär.

Kiçi ýaşly çagada diňlemek, soraga jogap bermek, terbiýeçiniň gürrüňine käbir sözleri we sözlemleri goşmak başarnygyny terbiýelemek maksady bilen öňünden taýýarlyk işleri geçirilýär Terbiýeçiniň öňünde 2 sany wezipe duryar: I) ilki bilen terbiýeçiniň okan eserini, soňra çaganyň aýdyp berýän gürrüňini kabul etmekligi öwretmek; 2) gürrüň bermäge ugrukdyrmak.

Gysgajyk ertekileri gürrüň bermek öwredilenden soňra kyn bolmadyk mazmunly gysgajyk hekaýalara geçmek bolar.

Sapakda terbiýeçi esere degişli suratlary görkezip, çagalara degişli soraglary berýär. Eseri okamazdan öň ýa-da soň suratlary synlamak bolar.

Çagalara gürrüň berlen bölegi aýdyp bermäge uly täsir edýän zadyň biri bem köpçülikleýin syn edilýän tomaşalar kölegeli, gurjak teatrlaryna syn etmek, çeper edebiýatlardan eserleri sahnalaşdyrmak çagalaryň eseri ýatlamagyna kömek etmek bilen çeper eserlere gyzyklanma döredýär.

Orta toparlarda aýdyp berlenleri gürrüň bermegi öwretmekde has wajyp meseleler öňde goýulýar. Çagalara diňe bir özlerine tanyş bolan gysgajyk ertekidir hekaýalary aýtdyrmak bilen çäklenmän, gahrymanlaryň sözlerini labyzly aýtmagy, şeýle-de beýleki çagalaryň

hem aýdyp berýän gürrüňlerini diňlemegi we mazmunyň esere gabat gelýänini-gelmeýänini bilmegi öwretmek göz öňünde tutulýar.

Gysga hekaýalary we ertekileri gaýtadan gürrüň bermek. Sapaklaryň guralyşy.

Orta toparlarda gaýtadan gürrüň bermeklik öwredilende terbiýeçi çagalaryň eseriň yzygiderliligine, manysyna düşünmegine kömek etmelidir. Bu. esasan hem, eser birinji gezek okalandan soňra geçirilýän söhbetdeşlik esasynda amala aşyrylýar. Terbiýeçi tarapyndan eseriň manysyna düşünmäge kömek edýän hem-de eseriň yzygiderliligini ýadyňa salýan soraglaryň berilmegi gaýtadan gürrüň bermekligi öwretmekde uly ähmiýete eýedir Orta toparlarda has giňden ulanylýan usul terbiýeçi bilen çaganyň eseri bilelikde gürrüň edip bermegidir. Terbiýeçi çaganyň ýatdan çykaran sözlemlerini we sözlerini ýatladyp durmak bilen kömek edýär Bu bolsa eseriň yzygiderliliginiň bozulmazlygyna kömek edýär.

Terbiýeçi kem-kemden çagalardan doly, aýdyň aýdyp bermeklerini talap edýär (“Sen näme barada aýdyp bermegi ýatdan çykardyň. Hekaýada bu hakda nähili aýdylan”). Çagalar ertekini gürrüň berenlerinde ertekidäki gahrymanlaryň sözlerini labyzly aýtmaklaryna üns bermeklik hökmanydyr. Köp halatda çagalar tekstiň mazmunyny durmuş tejribesine golaý edip aýdýarlar. Şonuň ýaly ýagdaýlarda çaganyň aýdýan sözleriniň awtoryňkydan daşlaşmazlygyna üns bermeli.

Esasy usullaryň biri-de çaganyň eseri aýdyp berşini bahalandyrmakdyr. Orta toparlarda terbiýeçiniň özi ony bahalandyranda onuň gowy taraplaryny, soňra bolsa kemçilikli ýerlerini aýdýar, ýöne çaga ruhdan düşmez ýaly yhlasyny göz öňüne tutup, ony höweslendirmelidir. Uly ýaşly çagalardan terbiýeçi sorag bermezden eseriň mazmunyny baglanyşykly, yzygiderli, labyzly, grammatiki taýdan dogry aýtmaklyk talap edilýär. Mekdebe taýýarlaýyş toparlarynda çagalar suratlandyrma tekstlerini aýdyp berýärler.

Çeper eserleri gürrüň edenlerinde çaganyň baglanyşykly sözleýşi ösýär. Çagada aýdyň. yzygiderli, grammatiki taýdan dogry. labyzly sözlemek endigi kämilleşýär. Gaýtadan gürrüň bermekligi öwretmegiň usuly, şol ýaşdaky çaganyň baglanyşykly sözleýşiniň ösüş derejesine. terbiýeçiniň öňde goýýan maksadyna, çeper eseriň aýratynlygyna-da baglydyr

Eseri gürrüň bermekligi öwretmeklik şu aşakdaky pähimlerden ybarat bolup biler

- Eseri kabul etmäge taýýarlaýan söhbetdeşlik (soraglar, çeper esere degişli suratlary synlamak);
- Çeper eseri okap bermek (terbiyesi eseri labyzly okap bermelidir);
- Okalan çeper eseriň mazmuny boýunça çagalar bilen gürrüň geçirmek. Çagalara berilýän soraglar düşnükli, oýlanyşykly bolmalydyr bu bölüni uzak bolmaly däldir, çagalara 4-5 sorag bermek ýeterlikdir;
- Çeper eseri gaýtadan okamak (terbiýeçi eser okalmazdan öňürti çagalaryň eseriň mazmunyny ünsli diňlemegini we ýatlamaklaryny tabşyryar).
- Çagalaryň eseri ýatdan gürrüň bermegi (çagalar eseriň mazmunyny yzygiderli, baglanyşykly, grammatiki taýdan dogry beýan etmeli).

Eger-de eser ýa-da erteki göwrümi boýunça uly bolmasa, onda çaga başdan aýak gürrüň berip bilmegi başarmalydyr. Eger eser uly bolsa, onda bölekleýin gürrüň bermek bolýar (terbiýeçi öňünden eseriň mazmunyny belli bir yzygiderlilikde böleklere bölüp goýýar). Haýsy çaganyň eseri öňürti, haýsynyň soň aýdyp bermelidigini terbiýeçiniň özi çözýär. Bu çaganyň ukybyna we eseriň agyrlygyna-yeňilligine, öňde goýulýan maksada baglydyr Eger-de çeper eser uly bolmadyk göwrümde, ýönekeý bolsa, onda aýdyp bermegi gowşagrak çagalardan başlasaň bolýar. Onuň tersine, eseriň göwrümi uly bolup mazmuny kyn bolsa, onda ökde çagalardan başlamaly.

Uly ýaşly çagalara çeper eseri gürrüň bermeklik öwredilende öňde goýulýan maksatlar has-da kynlaşdyrylýar:

- Terbiýeçini özüniň ýa-da çagalar bilen bile düzen meýilnamasy boýunça aýdyp bermek.
- Çagalaryň gürrüň ediljek eseri özleriniň saýlap almagy (çaganyň öz islegi boýunça 2-3 eserden birini aýtmagy).
- Uly ýaşly çagalar öz ýoldaşlarynyň aýdyp beren gürrüňlerine-de baha berýärler.

## 17. Çagalara öz şahsy görenleri, tejribesi boýunça yzygiderli gürrüň etmegi öwretmek. Onuň üçin ugrukdyryjy soraglary bermek.

- *Çagalara öz şahsy görenleri, tejribesi barada gürrüň etdirmek*
- *Olara ugrukdyryjy soraglary bermegiň usullary*

Çagalara çeper eser okalanda terbiýeçide labyzly okamak endiginiň bolmagynyň aýratyn ähmiýeti bardyr. Terbiýeçiniň öňünde her bir eseri çagalara sungat eseri hökmünde yetirmek, onuň mazmunyny düşündirmek; eseriň gahrymanlaryna duýgudaşlygy döretmek, olaryň duýgularyna, hereketlerine, gaýgy-gamlaryna goşulyşmak pikirini oýarmak ýaly wajyp wezipeler durýar. Şoňa görä-de, çagalary eser bilen tanyşdyrmazdan öň, terbiýeçiniň özüniň esere düşünmegi, onuň mazmunydyr manysyny seljermegi möhümdir

Çagada çeper eseri diňläp kabul etmek, onuň mazmunyna düşünmek başarnygy öz-özünden döremeýär Onda öňi bilen eseri ünsli diňlemek başarnygyny emele getirmeli.

Çaganyň ber ýaşyna görä sözleýşiniň çägi we degişli wezipesi bar 01 ýuwaş-ýuwaşdan ösdürilýär we barha çylşyrymlaşdyrylýar.

Her bir ýaş aýratynlykly toparlarynda gaýtadan gürrüň bermegiň aýratyn usullaryndan peýdalanylýar Şe>le-de hemme ýaşdakylar üçin umumy usullar hem bardyr: eseriň okalmagy. sorag-jogap alyşmak, gaýtadan okap bermek, eseri gürrüň etmek.

Gaýtadan gürrüň bermeklikde ulanylýan esasy usullaryň biri-de terbiýeçiniň berýän soraglarydyr. Öňünden berilýän soraglar oýlanyşykly beýan etmäge kömek edýär, eser gürrüň edilýärkä bolsa, olar çaganyň berýän gürrüňiniň iistüni doldurmaga we aýdyňlaşdynnaga. gürrüň edilenden soňra seljermäge kömek edýär.

Çagalara eserlere has çuňňur düşünmekleri üçin eseriň gahrymanlaryny suratlandyrýan sözleri, olaryň manydaş, many taýdan garşydaş sözleri tapmak ýaly ýumuşlary tabşyrmak ähmiýetlidir.

Terbiýeçiniň ugrukdyrmasy hem wajyp usul bolup durýar. Haçan-da çaga aýdyp berýärkä käbir sözleri ýa-da teksti ýadyndan çykaran ýagdaýynda bu usuldan peýdalanylýar Bu çaganyň sözüň, söz düzüminiň. sözlemleriň manysyna düşünip, labyzly sözlemegine kömek edýär.

Kiçi ýaşly çagada diňlemek, soraga jogap bermek, terbiýeçiniň gürrüňine käbir sözleri we sözlemleri goşmak başarnygyny terbiýelemek maksady bilen öňünden taýýarlyk işleri geçirilýär Terbiýeçiniň öňünde 2 sany wezipe durýar: I) ilki bilen terbiýeçiniň okan eserini, soňra çaganyň aýdyp berýän gürrüňini kabul etmekligi öwretmek; 2) gürrüň bermäge ugrukdyrmak.

Gysgajyk ertekileri gürrüň bermek öwredilenden soňra kyn bolmadyk mazmunly gysgajyk hekaýalara geçmek bolar.

Sapakda terbiýeçi esere degişli suratlary görkezip, çagalara degişli soraglary berýär. Eseri okamazdan öň ýa-da soň suratlary synlamak bolar.

Çagalara gürrüň berlen bölegi aýdyp bermäge uly täsir edýän zadyň biri bem köpçülikleýin syn edilýän tomaşalar Kölegeli, gurjak teatrlaryna

syn etmek, çeper edebiýatlardan eserleri sahnalaşdyrmak çagalaryň eseri ýatlamagyna kömek etmek bilen çeper eserlere gyzyklanma döredýär.

Orta toparlarda aýdyp berlenleri gürrüň bermegi öwretmekde has wajyp meseleler öňde goýulýar. Çagalara diňe bir özlerine tanyş bolan gysgajyk ertekidir hekaýalary aýtdyrmak bilen çäklenmän, gahrymanlaryň sözlerini labyzly aýtmagy, şeýle-de beýleki çagalaryň hem aýdyp berýän gürrüňlerini diňlemegi we mazmunyň esere gabat gelýänini-gelmeýänini bilmegi öwretmek göz öňünde tutulýar

## 18. Oýnawaçlar boýunça gürrüň etmegi öwretmek. Aýry- aýry toparlaryň oýnawaçlary boýunça gürrüň etmek. Gürrüň etmek üçin soraglar.

- *Oýnawaçlaryň üsti bilen çagalaryň sözleýişini artdyrmak.*
- *Aýry-aýry toparlarda oýnawaçlar bilen iş geçirmek.*

Kiçi ýaşly toparlarda oýnawaçlary sypatlandyrmak işleri öwrediji oýunlaryň üsti bilen geçirilýär (“Jadyly haltajyk” “Bu näme?”, "Bu kim"). Bu ýaşly çagalar üçin oýnawaçlary saýlap almagyň öz aýratynlygy bardyr. Oýnawaçlar atlary boýunça birmeňzeş bolup bilerler, ýöne daşky görnüşi boýunça dürli bolmalydyr(uly-kiçi atjagazlar, gyzyl-ýaşyl toplar we ş.m). Deňeşdirme usuly çaganyň söz baýlygynyň kämilleşmegine. baglanyşykly sözleýşiniň ösmegine kömek edýär.

Oýnawaçlary sypatlandyrmaklyk ony synlamakdan başlaýar. Terbiýeçi çagalaryň ünsüni oýnawajyň daşky görnüşiniň aýratynlygyna (reňkine, şekiline. hiline) çekýär Oýnawajy sypatlandyrmak, ol barada gürrüň bermek terbiýeçiniň soragy arkaly geçirilýär

Kiçi ýaşly çagalar gutarnykly gürrüňi aýdyp bermeýärler Üznükli sözlemler bilen gürrüň düzýärler, terbiýeçiniň berýän soraglarynyň

kömegi bilen sözlemleri, sözleri bir gürrüňe jemlejek bolýarlar. Soňra terbiýeçi oýnawaç barada aýdylanlary jemläp, oýnawaç barada gürrüň edýär Bu çaga üçin nusga bolýar

Soňra çagalar kem-kemden nusga boýunça sypatlandyrma hekaýa düzmäge geçý'ärler.

Orta toparyň çagalary kem-kemden özleri oýnawaçlary sypatlandyrmak boýunça uly bolmadyk gürrüňleri düzýärler.

Çagalar sypatlandyrma hekaýa düzmegi gowy öwrenenlerinden soňra, oýnawaçlar toplumyndan mazmunly hekaýa düzmäge geçse bolýar.

Oýnawaçlar toplumy boýunça hekaýa düzmeklik 2 bölümden durýar:

- Oýnawaçlary synlamak.
- Hekaýa düzmek.

Birinji bölümiň maksady: çagalary oýnawaçlar bilen tanyşdyrmak, oýnawaçlary sypatlandyrmak. Ikinji bölümde hekaýanyň gysgajyk meýilnamasy düzülýär ýa-da terbiýeçi tarapyndan gysgajyk nusga alarlyk görnüşi berilýär.

Oýnawaçlary ulanmak arkaly uly ýaşly çagalaryň baglanyşykly sözleýşini ösdürmek dürli-dürlüdir: oýnawajy sypatlandyrmak, oýnawaçlar toplumy ýa-da bir oýnawaç boýunça mazmunly hekaýa düzmek,

Çagalar gürrüň berý'än wagtlary käbir zatlary ýadyndan çykaryp, hekaýanyň mazmunyndan daşlaşýarlar. Terbiýeçi olaryň gürrüňine gözegçilik etmek bilen, seresaplylyk bilen çagalary hekaýanyň mazmunyna görä ugrukdyryp goýbermeli (sorag bermek, ýatlatmak, hekaýanyň üstüni dolmak).

Çagalaryň düzen hekaýalaryny derňemeklige uly üns berilmelidir Terbiýeçi düzülen hekaýanyň mazmunynyň gyzyklydygyna, düzülişine baha berýär.

## 19. Oýnawaçlar barada suratlandyryjy we sýužetli gürrüň düzdürmek.

- *Oýnawaçlary suratlandyrmagy öwretmek.*
- *Özbaşdak gürrüň düzdürmegi öwremek.*

Kiçi ýaşly toparlarda oýnawaçlary suratlandyrmak işleri öwrediji oýunlaryň üsti bilen geçirilýär. Meselem:„Jadyly haltajyk" bu näme?, bu kim?...bu ýaşly çagalar (3-4 ýaş) oýnawaçlary saýlap almagyň usullary bar. Oýnawaçlaryň daşky görnüşi dürli bolmalydyr. Uly-kiçi towşanjyklar, aýyjyklar, gyzyl, ýaşyl, sary topjagazlar we ş. m.

Deňeşdirme usuly arkaly çagalaryň söz baýlygy artdyrylýar we kämilleşýär. Oýnawaçlary suratlandyrmak olary synlamakdan başlanýar. Terbiýeçi çagalaryň ünsüni oýnawajyň daşky görnüşiniň aýratynlyklaryna, reňklerine, şekiline, hiline çekýär. Çagajyklar ýönekeýje soraglara jogap berip, oýnawaçlary suratlandyrmaly. Meselem: aýyjygyň näçe sany eli bar, reňki nähili?. Bu toparda terbiýeçi gürrüňi özi jemlemeli.

Orta toparyň çagalary.

Bu toparyň çagalary (4-5) ýaşly özleri kem-kemden oýnawaçlary suratlandyrmak boýunça uly bolmadyk gürrüňleri düzmeli. Meselem: maşynda 4 teker bar, bu ýeňil maşyn, bu ýük maşyny, bu açar.

Çagalary suratlandyrmak öwrenenlerinden soňra oýnawaçlar toplumyndan mazmunly hekaýa düzmäge geçse bolar. Oýnawaçlar toplumy boýunça 2 bölümden durýar:

- Oýnawaçlary synlamak.
- Hekaýa düzmek.

1-nji bölümiň maksady çagalary oýnawaçlar bilen tanyşdyrmak, olary suratlan-dyrmagy öwretmek.

2-nji bölümde çagalara gysgaça hekaýalary düzdürmek.

Oýnawaçlaryň görnüşleri:

- Ýumşak oýnawaç.
- Rezin oýnawaç.
- Tebigy serişdelerden taýýarlanylan oýnawaç.
- Garyşyk oýnawaç.

Orta toparda oýnawaçlaryň toplumyna degişli hekaýalar düzdürilýär.

- Gurjaklar.
- Ulaglar.
- Haýwanlar öý haýwanlary.

Uly toparyň çagalary oýunlary ulanmak arkaly baglanyşykly sözleýşini ösdürýärler, olaryň baglanyşykly sözleýşini ösdürmek dürli-dürlidir. Olar bir oýnawaç barada gysgajyk hekaýany özbaşdak düzüp bilmeli. Terbiýeçi çagalaryň berýän gürrüňini üns bilen diňlemeli. Şol temadan çykan ýagdaýynda soraglar arkaly ugrukdyryp goýbermeli.

## 20. Çaganyň söz goruny baýlaşdyrmakda, anyklaşdyrmakda we işjeňleşdirmekde öwrediji oýunlaryň ähmiýeti.

- *Çaga durmuşynda oýnuň ähmiýeti*
- *Öwrediji oýunlaryň çagalaryň söz goruny baýlaşdyrmakda, anyklaşdyrmakda, işjeňleşdirmekde ähmiýeti*

Mekdebe çenli döwür – gysga, ýöne şahsyýetiň kemala gelmegi üçin wajyp döwürdir. Bu ýyllada çaga daş-töwerekdäki durmuş barada bilimleri özleşdirýär. Onda adamlara, zähmete, dogry endiklere, häsiýete bola gatnaşyklary kämilleşýär.

Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň işiniň esasy görnüşi oýundyr. Onuň dowamynda çaganyň ruhy we beden terbiýesi, onuň ünsi, ýady, göz öňüne

getirmesi, tertip-düzgüni, çalasynlygy we ş.m. häsiýetleri kemala gelip berkidilýär. Onda başga-da çaga üçin oýun-jemgyýetçilik tejribäni öwrenmegiň esasy serişdesidir.

Oýunda şahsyýetiň ähli taraplary kämilleşýär, ony täze beýik derejelere taýýarlaýar. Çaga durmuşynda öwredijilikli oýunlaryň ähmiýeti uludyr. Oýnuň terbiýeçilik ähmiýeti terbiýeçiniň hünär ussatlygyna baglydyr: onuň çaga psihologiýasyny bilşine, ýaş we indiwidual aýratynlygyny bilşine, çagalar bilen gatnaşyk saklamagyň beýik medeniýetine düşünişine, oýunlary guramagyň we geçirmegiň usulyny bilşine baglydyr.

Oýun-durmuşyň şöhlelenmesidir. Bu ýerde bar zat ýalandan bolsa-da, çaga oýna hakyky we ak ýürekden ynanýar. Oýunda çaga ilkinji gezek deň-duşlary bilen aragatnaşyga girýär. Olary umumy maksat, bilelikde maksada ýetmek, umumy gyzyklanmalar we aladalar birikdirýär.

Oýunda çaga özüni kollektiw (köpçüligiň) agzasy hasap edip ugraýar. Oýun akyl ösüşiniň-de esasy serişdesidir. Çagalar baglarynda, öýlerinde çagalaryň alan bilimleri oýunlarda ulanylýar we artdyrylýar. Çagalaryň oýunlardaky akyl ösüşi kabul ediş bilen baglanyşyklydyr.

Gyzykly oýunlar çaganyň şähdini açýar, onuň durmuşyny doldurmak bilen durmuşa taýýarlaýar.

Çaga oýunlary öz dürli-dürlüligi bilen tapawutlanýar: hereketli, gurluşyk, döredijilikli, öwredijilikli, oýun-sahna.

Öwredijilikli oýunlar okatmakda we terbiýelemekde esasy orun eýeleýär. Islendik öwredijilikli oýun-çagalaryň duýgusyny baýlaşdyrýar, onuň akyl başarnyklaryny ösdürýär, zatlary deňeşdirmek, jemlemek, toparlara bölmek ýaly ukyplarynyň döremegine getirýär.

Mekdebe çenli pedagogikada öwredijilikli oýunlar dürli-dürlidir. Olary esasy 3 topara bölüp bolýar.

- Predmetli, oýnawaçly tebigy materiallar bilen guralýan oýunlar
- Stoluň üstünde oýnalýan oýunlar

- Söz (dil arkaly) guralýan oýunlar

Predmetli oýunlarda oýnawaçlar we hakyky predmetler ulanylýar. Bu oýunlaryň gymmatlygy çagalary predmetleriň hilleri bilen tanyşdyrmakdan durýar: olaryň reňki, ululygy, hili. Oýunlarda deňeşdirmek, toparlara bölmek, yzygiderligini bilmek ýaly wezipeler öňde goýulýar.

Stoluň üstünde oýnalýan oýunlar – çagalar üçin gyzykly meşgullanmadyr. Olaryň dürli görnüşleri bar: jübüt suratlar, loto, domino...

Dil üsti oýunlar – dilden guralýan oýunlar degişlidir. “Yzyny dowam etdir”.

Öwredijilik oýnuň gurluşy:

- Oýnuň mazmuny (predmeti tanamak we atlandyrmak)
- Didaktiki wezipesi: baglanyşykly sözleýişini ösdürmek, aňy, ýady, özbaşdaklygy.
- Oýnuň hereketi: bilmek
- Oýnuň düzgünleri

Çagalar bilen oýun geçirilende olaryň ýaş aýratynlylary göz öňünde tutulmalydyr. 3-4 ýaşly çagalar bilen şeýle oýunlary oýnadyp bolar:

Predmetli oýunlar - “Gurjak ukudan turdy”

Oýunyň düzgüni: gurjagyň eşigini ululygy boýunça saýlap alyp başarmak we ony atlandyrmak.

Oýunyň hereketi: eşigini tapmak, geýdirmek, iliklerini ildirmek.

“Näme üýtgedi”, “Jadyly haltajyk”, “Janly domino”, “Gurjak üçin gap-çanaklary saýla”.

Stol üsti oýunlar – “Kimiň çagalary”, “Işlemek üçin näme gerek”, “Bu haçan bolýar”.

Dil arkaly guralýan oýunlar – “Kimiň çagyrandygy bil”, “Barmaklar bilen oýun”, “Şahly geçi”.

## 21. Terbiýeçiniň başlan gürrüňiniň soňuny çagalaryň oýlap tapmagy.

- *Terbiýeçiniň gürrüňe taýýarlygy*
- *Çagalaryň özbaşdak oýlap tapmagyna kömek etmegiň usullary*

Terbiýeçi çeper eserleri gürrüň berende ol sözme-söz teksti aýtman, öz sözleri bilen gürrüň berýändigi bilen tapawutlanýandyr. Gürrüň bermegiň özboluşlylygyny göz öňünde tutup, terbiýeçi teksti saýlamak işini geçirýär, başyny gysgaltýar, wakalaryň, hadysalaryň sany kemelýär, suratlandyryş serişdelerini ulanýar, käwagt sýužeti-de üýtgedýär, wakalary baglaşdyrmak bilen ol indiki boljak sýužeti, gahrymanyň etjek hereketini göz öňüne getirmegi başarmaly.

Terbiýeçi çeper eseri gürrüň berende çagalaryň sözleýiş dilini ösdürmegiň wezipeleri bilen berk baglanyşdyrmalydyr. Şonuň üçin ol gürrüň berende sözlemleriň sintaktik gurluşyny hem üýtgedip biler. Mysal üçin terbiýeçi drama eserlerini dialog hökmünde däl-de, awtoryň adyndan gürrüň berip biler.

Terbiýeçi gürrüň berende sözleýişiniň labyzlylygy tarapyna-da üns bermelidir. Ol okyjy däl-de, öz gözi bilen gören gyzyklanan adam hökmünde gürrüň bermeli – bu kiçijik diňleýji tarapyndan diňlenilýän gürrüňiň hilini ýokarlandyrar.

Eger terbiýeçi uly höwes bilen çagalary gyzyklandyryp, gürrüň berse onda olar bar zady ýadyndan çykaryp, üns berip diňlärler. Gürrüň berende käbir sözleri kitap sözünde aýtmak-da bolar, mysal üçin: “Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda... Köp wagt geçipmi, az wagt wagt geçipmi, ýöne şeýle bir waka bolupdyr...”.

Bu kitap sözleri gürrüň bezeg berýär. Kesgitli emosional hil emele getirýär. Gürrüňçiniň dili çaganyň ýaş aýratynlygyna, eseriň manysyna baglylykda üýtgemelidir. Çaganyň ýaşy näçe kiçi bolsa, gürrüň şonça-da sada dilde bolmaly. Ýöne çaganyň sözleýişinden terbiýeçiniň gürrüňiň

gurluşy azajyk çylşyrymlyk bolmaly. Çaga bilen dogry edebi dilde gürleşmeli, olaryň dilinde gürleşmeli däl. Terbiýeçi gürrüň berende täze sözleri ulanyp biler, ýöne şol wagtyň özünde şol söze düşündiriş bermeli.

Terbiýeçiniň gürrüň bermegine taýýarlyk işi şu aşakdakylardan durýar:

- Saýlan tekstini ünsli okamak.
- Manysyny üýtgetmän, gysgaldyp bolaýjak ýerlerini bellemek.
- Sinonimler bilen üýtgedip boljak ýerlerini bellemek.
- Tekstiň intonasiýasyny belleýär (pauza, logiki basym, sesiň emosional bezegi we ş.m)
- Çagalaryň öňünde ýüz-hereket elementlerini ýerine ýetirmäge taýýarlanmaly – mimika, žest, aýdym aýtmaly ýerlerin we ş.m belleýär.

Ikinji gezek şol teksti gürrüň bereninde çagalara tekstiň dowamyny aýtdyryp biler.

Terbiýeçi ünsli we hoşniýetli bolmalydyr. Eger-de körpe çaga siz bilen gepleşäýse, siz onuň bu ýagdaýyna begenýändigiňizi, ony ýadaman-ýaltanman diňlemäge taýýardygyňyzy duýdurmaly. Terbiýeçiniň hoşgylawlygy we ýylgyrmasy çaga oňaýly täsir edýändir Çaga terbiýeçi bilen uzak gürleşenini kent görýän däldir.

Terbiýeçiniň alçaklygy, çagalar bilen erkin gatnaşykda bolmagy okuw işine oňaýly täsir edýär. Onuň özüni alyp barşy çagalaryň-da özlerini erkin duýmagyna, bilýän maglumatlaryny aýdyp bilmegine mümkinçilik döredýär.

Terbiýeçi okuw maglumatyny öz häsiýetine mahsus bolan derejede (hiç hili ýasamalygy ulanmasyzdan) düşündirse, çagalar hem şol usulda bilýänlerini erkin beýan etmäge ymtylýarlar. Okuwa bolan bu görnüşdäki şahsy çemeleşme edebi, seresaplylygy, otagda oturan çagalaryň düzümini, olaryň ösüş derejesini, aň-düşünjesini, terbiýeçi bilen çagalaryň özara gatnaşygyny göz öňüne tutmak bilen pedagogik taktlylygy hem talap edýär Şu nukdaýnazardan-da, terbiýeçi okadýan

çagalarynyň ýaşyna görä hereket etmelidir, her bir zada olaryň gözi bilen garamalydyr, ony görmelidir, duýmalydyr.

Özüniň şahsy tejribesiniň okuwyň mazmunynyň bir bölegidigine düşiinýän, ony çagalara ýetirmäge synanyşýan terbiýeçi hem mugallymdyr, hem-de terbiýeçidir Terbiýeçiniň açyklygy birnäçe wajyp wezipeleri ýerine ýetirýär. Meselent, maglumatyň beýan edilişi has ynamly bolýar, çagalarda terbiýeçiniň maglumatlary beýan etmekde alýan maglumatlaryna gyzyklanmak, şatlykly duýgyny başdan geçirmekligi oýarýar, terbiýeçiniň gürrüň berşine aňly-düşünjeli, gyzyklanma bilen üns bermäge, onuň usullaryna göz ýetirmäge ýardam edýär. Çagada birek-birege ynamlylyk, çynlakaýlyk, şadyýanlyk, erkinlik şertlerini döredýär.

Terbiýeçi sapakda diňe belli bir çaganyň durmuş tejribesi bilen iş salyşman,. tutuş çagalar toparynyň durmuş tejribesini hem göz öňünde tutmaly bolýar. Bu bolsa sapagyň mümkinçiliklerini giňeldýär. Çagalaryň durmuş tejribesiniň dürlüligi. köplügi, bolsa çekeleşme üçin esas döredýär, birek-birek bilen jedelleşmäge, maslahatlaşmaga, birek-biregi düzetmäge, birek-biregiň pikirini has-da giňeltmäge ýol açýar.

## 22. Döredijilikli gürrüň bermegiň görnüşleri.

- *Döredijilikli gürrüň bermegiň görnüşleri.*
- *Çagalaryň tebigaty suratlandyryp hekaýa düzmegi öwretmek.*

Çaga döredijilikli gürrüňi düzmezden öňürti onuň mazmunyny oýlap tapmaly we belli bir yzygiderliIigi göz öňünde tutmaly.

Gowy gürrüň düzmek üçin, onuň dogry gurluşyny (gürrüňiň başy, ýokary-ahyrky derejesi, çözülişi) bilmek; söz baýlygyň ýeterlik derejede bolmagy; mazmuny gyzykly düzmek we öz pikiriňi labyzly beýan etmegi başarmak hökmanydyr.

Çaga gündeki yzygiderli türgenleşigiň netijesinde öz pikirini yzygiderii beýan etmegi, gürrüň düzmegi öwrenip biler

Döredijilikli gürrüňleri dürli görnüşler bar:

• **Sözlemi oýlap tapmak we hekaýany soňlamak-** Terbiýeçi gürrüňi başlap berýär, esasy wakalary, gahrymanlaryň başdan geçirmelerini çagalaryň özleri oýlap tapýarlar. Ýöne çagalara öz ýoldaşlarynyň aýdyp beren gürrüňini gaýtalamaly däldigini, diňe öz oýlap tapanynyň bolmalydygyny ýatlap durmaly;

• **Ertekini ýa-da hekayany terbiyeçiniň meýilnamasy boýunça düzmek-** Bu çagalaryň özbaşdaklygyny has-da artdyrýar. Sebäbi meýilnamada diňe gürrüňiň yzygiderliligi göz öňünde tutulýar, mazmunyň gidişini çagalaryň özi özbaşdak düzmeli bolýar;

• **Meýilnamasyz terbiyeçiniň aýdan temasy boýunça hekaýa düzmek-** Bu bolsa çaganyň has-da döredijilikli çemeleşmegine, öz pikirini özbaşdak beýan etmegine uly itergi berýär. Çaga awtor hökmünde hekaýanyň mazmunyny özi oýlaýar;

• **Öz saýlap alan temasy boýunça hekaýa düzmek-** Bu döredijilikli hekaýa düzmegiň iň kyn görnüşidir. Terbiýeçi çagalary gyzyklandyrmagy, olaryň içki duýgusyny oýarmagy başaryp bilse, onda

çaganyň döredijilikli göz öňüne getirmesi has-da ösýär ("Kim gyzykly erteki aýdyp berer?”)-

Uly toparlarda çagalara öz ýoldaşlarynyň düzen hekaýalaryna baha bermeklik (gowy-erbet taraplaryny duýmaklyk) öwredilýär Gürrüňiň gyzykly, manyly mazmunyna; çaganyň öwrenen sözlerini, sözlemlerini ulanyp aýdyşyna hem üns berilmelidir.

Çagalar üçin tebigaty suratlandyryp hekaýa düzmek has-da kyn düşýär Terbiýeçiniň dogry görkezme bermegi arkaly çagalar kem-kemden bu görnüşli hekaýa düzmegi öwrenýärler Pasyllar barada gürrüň etdirmezden öň çagadan howa, agaçlar barada; bu pasylda haýwanlarda nähili üýtgeşmeleriň bolýandygy; ulularyň zähmeti. çagalaryň oýnaýan oýunlary barada aýtmaklyk soralýar. Şeýle-de meýilnama esasynda hem düzse bolýar:

- Ýazyň gyşdan nähili tapawudy bar?
- Ýazda howa nähili bolýar?
- Ýaz paslynda agaçlarda nähili üýtgeşmeler bolup geçýär?
- Ýazda haýwanlar we guşlar näme edyärler?
- Adamlar näme bilen meşgullanýarlar?

Tebigy hadysalary deňeşdirmek arkaly (“Gyş we tomus”, “Irki-giçki güýz” we ş.m ) düzülýän döredijilikli gürrüňler hem uly ähmiýete eýedir. Bu gürrüňler diňe bir dürli mazmunda liekaýa düzmäge däl-de eýsem çagalaryň baglanyşykly sözleýşiniň ösmegine-de, sözleýşiň grammatiki gurluşyny (ýaýraň we goşma sözlemler) dogry peýdalanmaga kömek edýär.

Çaga gürrüňleri boýunça albomlar döredilse, çaganyň özüne her bir gürrüňiň mazmunyna laýyklykda surat çekdirilse has-da gowy bolar hem-de çaganyň döredijiliginiň ösmegine itergi berer. Çagalara gürrüň bermegi öwretmek, sözleýşiň ähli ugurlarynyň ösmegine, çaganyň mekdebe oňat taýýarlykly barmagyna ýardam eder.

Öwrediji oýunlar:

“Kim köp söz aýdar?”, “Kim köp sözlem düzýär?”, “Suratlary atlandyr we sözlemler düz!”...

Ýumuş: “Ýaz pasly”diýen peýzaž suraty boýunça hekaýa düzmek ýa-da “Halyçy gyz”diýen mazmunly surat boýunça hekaýa düzdürmek.

## 23. Meşgullanmany guramakdan we geçirmekden edilýän talaplar.

- *Meşgullanmany dogry guramak.*
- *Meşgullanmany geçirmekden edilýän talaplar.*

Maksatnamada çagalar bilen sözleýiş dilini ösdürmek boýunça geçirilmeli meşgullanmalaryň sany berlendir.Hemme meşgullanmalar 4 topara bölünmeginiň sebäbi görkezijilik serişdelerine baglydyr.Çagalaryň sözleýşine janly we jansyz obýektler,oýnawaçlar,predmetleriň suratlary degişlidir.Jansyz obýektlere daş töwerekdäki zatlar girýär.Çagalara sözleýşini ösdürmekde janly-jandarlar haýwanlar,transport bilen tanyş etmek esasy orny eýeleýär.Bulary meşgullanmada we meşgullanmadan daşary ýerlerde guramak bolýar.Çagalar käbir öý haýwanlaryny tebigy ýagdaýda synlaýarlar.Meselem:Ynha serediň Pişik ýöräp gelýär,ol bize seredýär.Ol otyrdy,ýatdy pişik ýöräp gitdi,onuň gözi bar,gulagy,aýagy we guýrugy bar,pişik ýöräp barýar,Çagalaryň bu gören synlan zatlary olaryň ýatlarynda mydamalyk galýar.Çagalaryň bu görenlerini has-da berkitmek üçin ýene-de tebigy ýagdaýda synlamak bolýar .Jansyz obýektlere gezelenç wagtynda synlamak gowy bolýar.Bu ýaşdaky çagalar bilen meşgullanmalar,oýnawaçlardan peýdalanyp geçirilýär.Şeýle meşgullanmalar bir oýnawaçy beýleki oýnawaç bilen deňeşdirlip ýa-da gyzykly oýun görnüşinde guralyp bilner.Meselem:”Jadyly haltajyk” oýnuny gurap meşgullanmalar guramak bolýar.Onda çagalaryň bilýän

oýnawaçlaryny halta salmak bolýar.Bu toparda kartinalardan,oýnawaçlardan peýdalanyp ençeme meşgullanmalar geçirmek bolýar.

“Mekdebe çenli çagalar edaralarynda okatmagyň we terbiýelemegiň maksatnamasynda”ýörite sapaklarda çagalaryň sözleýşini ösdürmek boýunça aşakdaky işler geçirilýär.

- Çagalaryň ses medeniýetini terbiýelemek.
- Sözlügi baýlaşdyrmak
- Grammatiki endiklerini kämilleşdirmek.
- Baglanyşykly sözleýşi monolog we dialog we daş-töwerek bilen baglanyşdyryp adamlaryň hojalyk we önümçilik işleri,tebigat bilen baglanyşykly
- Çeper edebiýat bilen tanyşdyrmak,ýatlamagy öwretmek

Sapagy gowy gurap geçirmek üçin ilki bilen çagalary dogry oturtmalydyr. Çagalar bagynyň nähili şert bolsa-da çagalary terbiýeçiniň ýüzüni görer ýaly edip oturtmalydyr.Bu örän wajyp şertdir.Sebäbi sözleýşi kabul etmek görüş bilen baglanyşyklydyr.Şonuň üçin toparda parta görnüşli iki adam oturýan stollar bolsa has gowy.

Şol sebäpli hem terbiýeçi uly stolda oturýar.Şeýle ýagdaýda terbiýeçi ähli çagalary görýär,çagalar hem terbiýeçini görýär.

Kiçi topardan başlap,çagalara sapak wagty başga predmetleri öz ýanlaryna almaly däldigini öwretmeli.Olar çagalaryň ünsüni terbiýeçiniň aýdan zatlarynda sowýar.Terbiýeçi ol çaga bellik etmeli bolýar we ähli çagalaryň hem ünsi sowulýar.

Çagalary sapaga işjeň gatnaşdyrmak üçin aşakdaky umumy didaktiki talaplary berjaý etmeli:

- Terbiýeçi soragy ilki ähli topara bermeli, soňra çagany jogap berdirmek üçin tagta çykarmaly,çagalardan köpräk sorajak

bolmaly.Beýlekiler passiw galmaz ýaly,şol bir çagadan sorap durmaly däl.

- Çagalary otaran yzygiderliligine däl-de her ýerden turuzyp tagta çykarmaly.
- Çagalar tagta çykarylanda olaryň indiwidual (özbaşdak) aýratynlyklaryny göz öňünde tutmaly. Bir çaga çalt, beýlekisi haýal özleşdirip bilýär,biri täze gelen bolsa,beýlekisi 2ýyldan bäri gatnap ýörän bolýar.

Her bir sapak janly aragatnaşyga eýe bolmalydyr.Sapaga terbiýeçi ýolbaşçylyk etmeli we dürli usullardan we tärlerden peýdalanmaly bolýar.Terbiýeçi mekdepdäki mugallymlar ýaly "elmydama talapkär mugallym"bolmaly däl.

Çagalaryň ýaş aýratynlygyny göz öňünde tutup,terbiýeçi okatmakda oýun usullaryndan köpräk peýdalanmaly.Terbiýeçi şeýdip sapaga söýgi döretmeli,çagalarda şatlyk duýgusyny döretmegi başarmaly.

Sapagy gowy geçirmek üçin terbiýeçi gowy taýýarlyk görmeli:

- Sözleýiş dilini ösdürmek we daş-töwerek bilen tanyşdyrmak boýunça öwrenilmeli maglumatlary saýlamaly we taýýarlamaly.
- Sapagyň meýilnamasyny pikirlenmeli we düzmeli.
- Okatmagyň usullaryny saýlamaly we işlemeli.

## 24. “Çagalar bagynda okatmagyň we terbiýelemegiň maksatnamasy” boýunça söhbetdeşligiň wezipelerini kesgitlemek.

- *Çagalar bagynda okatmagyň we terbiýelemegiň maksatnamasy.*
- *Okatmagyň we terbiýelemegiň maksatnamasy boýunça söhbetdeşligiň wezipeleri.*

“Agzy gulply sandygy diş açmasa, dil açar” (“Paýhas çeşmesi”, Aşgabat TDNG 2016, 48 sah)

“Türkmen dili-Türkmenistanyň döwlet dilidir” (Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 13-nji maddasy, Aşgabat 2005).

Döwlet dilimiz bolan türkmen dilini çagalar baglarynda öwredip başlamak maksadalaýykdyr. Sebäbi körpelere daş töweregi öwrenmek üçin mekdebe çenli ýaş iň amatly, iň öndümli döwürdir. 6 ýaşa çenli çagalaryň şol bir sözi, sözlemi, goşguny, aýdymy öwran-öwran gaýtalamaga, täsin ertekini diňlemäge bolan höwesi, ymtylmasy dil öwrenmek üçin iň amatly şertdir. Şu döwür çagalarda raýatlyk duýgularyny we sypatlaryny kemala getirmek – Garaşsyz, baky Bitarap döwletiň aňly-düşünjeli, sowatly, bilimli, kanuna gulak asyjy we ony ýerine ýetiriji, “şahsyýetiň başlangyjy, esasyny goýmaga amatly döwürdir” (Türkmenistanyň mekdebe çenli ýaşly çagalara bilim we terbiýe bermegiň maksatnamasy Aşgabat TDNG, 2007, 12 sah )

Çagalar bagynda okatmagyň we terbiýelemegiň maksatnamasy”Çagalaryň 1-nji ýaşynyň ösüşi 4- döwre bölünýär.Her bir döwrüň öz terbiýeçilik wezipesi hem-de maksady we usullary bardyr.

1-nji döwür. Çaga doglanda 2,5-3 aýlyga çenli döwri öz içine alýar. Bu döwürde esasan çagalaryň görüş we eşidiş organlaryny ösdürmekden ybaratdyr. Terbiýeçi çagalara bir ýyldyrawuk ýa-da açyk reňkdäki oýnawaçlara seretmekligi,ony hereketlendirip çaga öz gözi bilen yzarlamak işlerini edýär. Çagalara dürli sesleri eşitmegi onuň hereketini

yzarlamagy öwredýär,munuň üçin adam sesinden,aýdym-sazdan ses çykarylýan oýnawaçlardan peýdalanylýar.Çagalar bilen yzygiderli iş geçirilende çagalaryň hereketi,ýüz mimikasy, ses çykarmak ukyby peýda bolýar. Hemde muňa “Kompleks ezibeleniýa” diýilýär. Bir aýyň içindäki çagalar bilen terbiýeçilik işleri olara seredilip oturylan wagtynda alnyp barylmalydyr.Terbiýeçi çagalary rahatlandyrmak üçin onuň bilen örän mylaýymlyk bilen çagalaryň elini,aýaklaryny arkasyny sypalaýar.Terbiýeçi hem ýene şeýle işleri ýerine ýetiren wagtynda onuň bilen gürleşýär.Gürleşmek örän ýönekeýdir.Esasy zat çagany rahatlandyrmaly.Öz söýgi duýguňy çagalara bildirmeli.Meselem:(Begençjik aglama,häzir saňa nahar berjek, sen garnyňy doýurarsyň,soňra uklarsyň men seniň üstüňi gowja ýapyp ýatyraryn)Terbiýeçi bu sözleri çyn ýürekden,örän süýji sözler bilen güler ýüz bilen aýtmalydyr.

2-nji Döwür: Çagalara öşüşiniň 2,5-3 aýlykdan 5-6 aýlyga çenli döwri degişlidir.Çagalaryň hemmetaraplaýyn ösüşi dowam edýär. Çagalaryň ses çykarmagynda käbir sesleri aýtmagynda özbaşdaklyk peýda bolýar. 3-4 aýlyk çagalara bogazdan peýdalanyp ses çykarýar. 5-aýlykda uzyn çekimli sesleri aýdyp başlaýar.Meselem: Ba-ba-ba, ka-ka-ka.

Çagalaryň şu zatlary aýtmaklygynyň örän terbiýeçilik ähmiýeti bardyr.Maksatnama bu ýaşdaky çagalar bilen ýörite meşgullanmalary geçirmeklige talap edýär.Çagalar bilen meşgullanmalar her gün 5-6 minut 3-4 çagadan toparlar boýunça geçirilýär.

Diliň adam işiniň ähli ulgamlarynda jemgyýetiň maddy we ruhy durmuşy bölümlerinde adamlaryň aragatnaşygynyň serişdesi bolup durýar.

Diliň esasyny- ses ulgamy, sözlük gory we grammatik gurluşy düzýär.

Terbiýeçi çagalaryň sözleýşini ösdürip,daş-töwerekdäki adamlar bilen aragatnaşyk saklamak üçin ýaraglandyryp baýlaşdyrmaly.

Çagalara ene dilinde anyk we takyk gepleşmegi öwretmeklikdir.(sapaklarda,oýunlarda,ýönekeý zähmet işinde)

Dogry sözleýiş bu-

- sözlerde sesiň dogry aýdylmagy
- sözleri manysyna görä ulanmagy

Mekdebe çenli ýaşly çagalary okatmagyň we terbiýelemegiň maksatnamasy sözleýiş dilini ösdürmek aşakdaky bölümlerden durýar:

- Söhbetdeşlige öwretmek
- Gürrüň bermegi öwretmek
- Çagalaryň ses medeniýetini terbiýelemek
- Çagalarda grammatik dogry sözleýşi kämilleşdirmek
- Daş töwerekdäki durmuş bilen tanyşdyrmak we olaryň sözlük goruny baýlaşdyrmak
- Çagalara sowadyň başlangyjy öwretmek
- Çagalary çaga çeper edebiýaty bilen tanyşdyrmak

Kiçi ýaşy çagalara terbiýeçi ulular we deň-duşlary bilen özara söhbetdeşlik gurap bilmegi öwretmeli. Mekdebe çenli ýaşly döwürde çagalaryň soraglara berýän jogaplarynyň hili gowulaşmaly: çaga soraglara gysga we düşnükli jogap bermegi başarmaly. 6 ýaşly çagalara goýlan soraga has takyky jogap bermegi başarmaly: olar dostlaryň gysgajyk jogaplaryny birikdirmegi öwrenmeli.

Söhbetdeşligi öwretmek, gürrüňe gatnaşmak, özüňi alyp barmagyň medeni endiklerini - gürleýäni ünsli diňlemek we onuň gürrüňini bölmezlik ýaly endikleri terbiýelemeli.

## 25. Çagalary söhbetdeşlige taýýarlamagyň meýilnamasyny işläp düzmek

- *Söhbetdeşligiň görnüşleri*
- *Söhbetdeşligiň wezipesi*
- *Mysaly meýilnama*

Dialogik baglanyşykly sözleýşi ösdürmek boýunça ýörite sapaklar söhbetdeşlik usuly we öýkünmeklik usuly bilen geçirilýär. Agzalan usullar şular arkaly amala aşyrylýar:

- Taýýarlanan gürrüň (söhbetdeşlik)
- Sahnalaşdyrmak usuly (öýkünmelik we gürrüň bermeklik)

Taýýarlanan söhbetdeşligiň şu wezipeleri bar:

- Çagalara gönüden-göni söhbetdeşligi öwretmek, ýagny gürrüňdeşini, ony gürrüň edýärkä bölmezligi, özüni saklap, gürrüňdeşi sözüni tamamlansoň düşnükli gürlemeli.
- Birinji wezipe bilen baglanyşykly: sesleri grammatik taýdan sözleri dogry aýtmagy öwretmek.

Taýýarlanan söhbetdeşlik diýilmeginiň sebäbi, sapakdan öň (birnäçe gün öňünden) terbiýeçi çagalara gürrüň geçiriljek tema ýakyn zatlara, wakalara üns bermeli, umuman söhbetdeşligiň materialy (temasy) çagalar üçin tanyş bolmaly. Taýýarlygyň gowy usuly şol tema ýakyn erkin, taýýarlanylmadyk gürrüň bolup durýar.

Sözleýşiň iki görnüşi: dialog (gepleşik) we monolog bize mälimdir. Dialogik sözleýiş iki ýa-da ondan köpräk adamlaryň söhbetdeşligidir Bu çaganyň öz ýaşytdaşlary we ulular bilen sözleýiş aragatnaşygyny' saklamagyň bir görnüşidir.

Dialogik sözleýişde dogry sorag düzüp bilmegi. jogap bermegi, söhbetdeşiň gürrüňiniň üstüni ýetirmegi, düzetmegi, öz pikiriňi aýtmagy başarmaklyk esasydyr.

Gepleşik arkaly çaganyň işjeňligi artýar.

Gepleşik diňe bir sapakda däl-de, eýsem sapakdan daşarda hem geçirilýär.

Terbiýeçi bilen çagalaryň arasyndaky erkin sözleýişde ýüze çykan gepleşik taýýarlanylmadyk gepleşik bolýar. Eger gepleşik ýörite sapak görnüşinde geçse, onda ol taýýarlanylan gepleşik bolýar.

Taýýarlanylmadyk gepleşige çaganyň ertirlik edinýän, gezelenje çykan, oýun oýnaýan we ş.m wagtynda guralan söhbetdeşlik degişlidir. Taýýarlanylmadyk diýmeklik diňe çagalara degişli (olar gepleşigiň näme barada boljakdygyny bilmeýärler) bolup, terbiýeçi elmydama söhbetdeşlige taýýar bolmaly. sebäbi terbiýeçiniň esasy maksady çagalara gepleşik diliniň üsti bilen ene dilini öwretmekdir. Şonuň üçin-de terbiýeçiniň sözleýiş dili çaga üçin nusga alarlykly bolmalydyr.

Sapakda guralýan gepleşik taýýarlanylan gürrüň we sahnalaşdyrma usuly arkaly amala aşyrylýar.

Taýýarlanylan gürrüňiň esasy maksady çagalara gönüden-göni söhbetdeş bolmagy, ýagny söhbetdeşiňi diňlemegi, onuň sözüni bölmezligi, garaşmaklygy, düşnükli gürlemäge çalyşmaklygy, şeýle-de grammatiki taýdan dogry sözlemek endigini terbiýelemegi we aýdylýan sözleriň manysyna düşünmekligi öwretmekligi göz öňünde tutýar. Gürrüň geçirmegiň usuly ähli ýaş aýratynlygyndaky toparlarda birmeňzeşräk hem diýseň boljak: gepleşmegi öwrenmek bilen bir hatarda çaga söz baýlygyny artdyrýar, sözleýşiň grammatiki gurluşy kämilleşýär. Bular çaganyň ýaşyna görä kem-kemden çylşyrymlaşdyrylýar. Terbiýeçi ähli çaganyň söhbetdeşlige gatnaşmagyny gazanmalydyr.

Sahnalaşdyrmak usuly - bu çaganyň terbiýeçiniň okap beren edebi eserlerini (ertekileri, hekaýalary, goşgulary) keşplerde ýerine ýetirmegidir. Bu usul çagalaryň sözleýşiniň has-da kämilleşmegine. labyzly aýdylmagyna ýardam edýär.

Gepleşigi alyp barmak we çagalaryň täze maglumaty işjeň kabul etmeklerini gazanmak üçin dürli usullardan peýdalanmak bolar:

Geçilenleri ýörite gaýtalamak;

Öwrenmeli maglumatyň mazmunyny gysgaça beýan etmek;

Täzelige aň ýetirmekde möhüm boljak soraglary, ýumuşlary, taýýarlamak;

Çagalaryň durmuşda gabat gelýän durmuş ýagdaýlaryny, tejribelerini seljermek.

Özbaşdak ýumuşlary bermek;

Tebigatda bolup geçýän hadysalary synlamak we ş.m.

Bu usullaryň ählisi birigip, çagany täze maglumaty işjeň kabul etmäge taýýarlamakdan ybaratdyr.

Monologik sözleýiş bir adamyň gürrüňidir. 0l gürrüňi doly açyp görkezmegi, baglanyşdyrmagy we pikiriňi esasy zatda jemläp, labyzly, yzygiderli gürrüň bermegi talap edýär

Çagalar monolog sözleýşi 5 ýaşdan öwrenip başlaýarlar. Emma muňa taýýarlyk işleri, eýýäm 2 ýaşdan, haçan-da goşgujyklary ýatlanlarynda başlanýar.

Şeýle-de 4 ýaşyndaky çagalar monologyň suratlandyrmak we beýan etmek, 7 ýaşyndakylar bolsa gysgaça pikir ýöretmek ýaly görnüşlerini beýan edýärler. Monolog sözleýşiň esasy kynçylygy, ol çagalarda esasy tinsi oňa gerek bolan wakalara ýa-da çeper eserlere jemlemegi talap edýär, şol bir wagtda-da diňe bir predmetleriň, hadysalaryň özüne üns bermän, eýsem olaryň arasyndaky arabaglanyşyga-da üns bermekligi talap edýär Bu bolsa ýatkeşligiň ösdürilmegi arkaly amala aşyrylýar

Çagalaryň baglanyşykly sözleýşini ösdürmekde terbiýeçiniň ata-eneler bilen hem arabaglanyşygy bolmalydyr. Terbiýeçi ata-enelerden öz çagalaryny çagalar bagyna getirýärkäler ýa-da alyp barýarkalar olaryň gürrüňlerini ünsli diňlemeklerini haýyş edýär

Baglanyşykly sözleýişde çaganyň öz aýdýan zadyna düşünmegi hökmanydyr.

Kiçi ýaşly çagalarda sözleýşe düşünmeklik kämilleşýär (ulularyň berýän tabşyryklaryna, kyn bolmadyk hekaýalara düşünmegi). Ulularyň

çagalara söz bilen düşündirmegi arkaly sözleýiş çaga üçin diňe bir aragatnaşyk serişdesi bolman, eýsem bilim almaga hem kömek edýär.

Üç ýaşly çagalara dialogyň ýönekeýje görnüşi (sorag-jogap) mahsus bolup, olar öz pikirlerini baglanyşdyryp aýtmaga synanyşyp başlaýarlar. Ýöne kiçi ýaşly çagalar sözlemi düzende köp ýalňyşlyklary goýberýärler. Çaganyň gepleşik sözleýşini ösdürmeklik monologiki sözleýşiň kämilleşmegine ýardam edýär

Söhbetdeşlik üçin temalar: “Şapka” 3ýaşly çagalar üçin,”Ejesi gyzyna nahar bişirmegi tabşyrdy” 5ýaşly çagalar üçin.

## 26. Çagalar bagynyň orta we uly toparynda sözleýiş dilini ösdürmek.

- *Çagalar bagynyň orta toparynda çagalaryň sözleýiş dilini ösdürmek.Uly toparlarda sözleýiş dilini ösdürmek.*
- *Uly toparyň çagalarynyň sözleýiş dilini ösdürmek.*

**Kiçi toparlarda sözleýiş dilini ösdürmegiň ähmiýeti.**

Terbiýeçi çagalary hemme taraplaýyn terbiýelemekde döwlet tarapyndan ynanylan adamdyr.Ol ýurdumyzyň geljekdäki raýatlaryny döwrebap terbiýeläp ýetişdirmek ugrunda çalyşýar.Çagalar bagynda terbiýeçiniň sözleýşiniň kämilligi onuň hünär kämilliginiň ýokarsynda görkezýär.

Mekdebe çenli ýaşly çagalary terbiýelemekde terbiýeçiniň sözleýşiniň ähmiýeti uludyr,ol hem çagalar üçin ene dilini öwretmekde nusgadyr,we olara täsir ediş serişdesidir.Şol sebäpli çagalara öwretýän ene diline gowy bilmegi üçin terbiýeçiniň öz sözleýşini kämilleşdirmegi,baýlaşdyrmagy hünär borjy hasap etmelidir.Çagalar bagynda bolup işlejek adamyň sözleýiş dili düşnükli,sada edebi dilde howlukman her bir sözi,sesi ýerli ýerinde

goýup gepläp bilmegi başarýan adam bolmalydyr.Çaga sözleri ula öýkünmek bilen öwrenýär.Terbiýeçiniň sözleýşiniň talap:Sözleýişiň baýlygy grammatika taýdan dogrulygy sözleýşinde ses medeniýeti diýildigidir.

Sözlügiň baýlygy barada:Sözleýiş biz diňe pikirimizi dälde eýsem gatnaşygymyzy(makullamak,garşy bolmak,mähirli bolmak we ş.m) görkezýäris.Terbiýeçi ünsli we hoşniýetli bolmalydyr egerde körpe çaga siz bilen gepleşäýse siz onuň bu ýagdaýyna begenýändigimizi ony ýadaman ,ýaltanman diňlemäne taýýardygyňyzy duýdurmaly. Terbiýeçiniň alçaklygy çagalar bilen erkin gatnaşygynda bolmagy okuw işine oňaýly täsir edýär.Sesleriň çagalaryň aňyna ýetmegi onuň janlylygyna we obrazlylygyna baglydyr.Öz wagtynda aýdylan söz,sözleýiş has hem takyk edip diňleýjileri kanagatlandyrar.Çagalar bilen aragatnaşyk saklananda,olaryň ýaş aýratynlygy göz öňünde tutmalydyr.Pikirlenmäniň emmonisial,sözlügiň semantik sözleriň garyplygynyň takyklygy.Çagalar bilen gürleşilende her bir söz olaryň aňyna ýeter ýaly takyk bolmaly,olarda ýagty obrazlary döretmeli we duýgularyna täsir etmeli.

Sözleýşiň grammatika taýdan dogrulygyny.

Sözleýşiň grammatiki dogrulygy edebi diliň zerur hilidir.Terbiýeçi tarapyndan grammatik talaplarynyň kemçilikleri bolmaly däldir.Sebäbi çaga ulynyň sözleýşinden nusga alýar.

Sözleýşiň ses medeniýeti barada .

Terbiýeçiniň sözleýşi hemmetaraplaýyn labyzly bolmalydyr.Bir meňzeş äheňde gürlemek terbiýeçiniň sözleýşiniň zaýalaýan diňleýjiniň aňyna ýetmeýär,pikirleri we duýgulary döretmeýär.Irki ýaşly çagalaryň sözleýiş medeniýetine eýe bolmagy ene-atalar bilen bilelikde terbiýeçilere hem baglydyr.Ýene-de göz öňünde tutulmaly zatlaryň iň esaslarynyň biri sözüň başynyň dogry goýulmagydyr.

## 27. "Çagalar bagynda okatmagyň we terbiýelemegiň maksatnamasyndan" çeper edebiýat diýen bölümleri bilen tanyşdyrmak.

- *Çeper edebiýat bilen tanyşdyrmakda ýaş aýratynlygyny göz öňünde tutmak.*
- *Çeper edebiýat bilen tanyşdyrmagyň aýratynlygy.*

Çagalar uly toparda çeper eseri diňlemegi başarýarlar, şeýle-de bu ýaşda goşgyny labyzly okamagy başarýarlar, sebäbi çagalaryň sözleýişi kämilleşen bolýar. Çagalar ertekiniň, hekaýanyň mazmunyna onuň gahrymanlaryna bolan gatnaşygyny gürrüň bermegi başarýarlar. Olar eseriň mazmuny bilen onuň şekillendiriş serişdelerini topawutlandyrmagy başarýarlar. Olar eserleri gowy görmegi beýleki eserler bilen deňeşdirmegi başarýalar. Çagalar erteki bilen hekaýany, goşgy bilen powestiň gürrüňini tapawutlandyrmagy başarýarlar. Olar ýeňillik bilen goşgyny ýatdan aýdýarlar. Çagalarda belli bir işe durnukly gyzyklanma döreýär: Käbirleri goşgy halasalar, beýlekileri ertekileri halaýarlar. Döredijilik başarnyklary ösýär: çagalaryň özleri tapmaça oýlap tapýarlar, erteki dözýärler. Deň duşlarynyň döredijiligini bahalandyrmagy başarýarlar. Terbiýeçiniň çagany tanyşdyrýan çeper eserleriň sany artýar. Eserler mazmuny boýunça çylşyrymlaşýar. Çeper sözleýiş işiniň wezipeleri çaganyň umumy terbiýesine olaryň ýaş aýratynlygyna, şeýle-de çeper eseriň özboluşlylygyna baglydyr.

Maksatnama orta we kiçi mekdebe çenli ýaşly çagalaryň çeper sözleýişiň ýeketäkligine baglydyr; çeper eseri mazmuny we temasy boýunça bilimlerini ýeketäklikde kabul etmegi çaga başarmaly. Terbiýeçi çeper ertekini gürrüň berende žanryň aýratynlyklaryna üns bermeli, eseriň çeper mazmununy açyp görkezmegi başarmaly. Terbiýeçi labyzly ertekini gürrüň berip wakalary intonasiýanyň kömegi bilen suratlandyrýar. Ertekileri analizlemek bilen manysyna çeperçilik

aýratynlyklaryny we kompozisiýasyna diliniň özboluşlylygyna üns bermelidir. Ertekiniň mazmunyny we kompozisiýasyny analizlemekde görkezmeden peýdalanyp bolar. Bu gahrymanlary şertli belgiläp hem bolar.

Çagalary çeper edebiýat bilen tanyşdyrmak arkaly olarda edebi eseiieri diňlemäge, okamaga bolan islegi, eserleriň oňaýly gahrymanlaryna meňzemek meýli, ondaky gahrymanlara duýgudaşlyk bildirmek, guwanç, buýsanç hem-de söýgi duýgulary terbiýelenýär. Şonuň üçin hem çagalaryň çeper eserler bilen tanyşdyrylmagy zerurdyr.

Şol nukdaýnazardan körpeleri gysgajyk hekaýalary, ertekileri, çaga durmuşyna degişli gürrüňleri diňlemäge höweslendirmeli. Eserde ýüze çykan wakalary yzarlamak, ondaky wakalary begenç, tolgunma, içki şatlygyny ýüze çykarmak arkaly çagada eseriň mazmunyna gyzyklanma döretmek möhümdir

2 ýaşly çagalara sadaja çeper eserleri başga zada güýmenmän diňlemegi öwretmek, oňa höwes döretmek, gysgajyk goşgulary ýat tutdurmak wajypdyr.

Bu ýaşdaky çagalara ertekileri, Garaşsyzlyk zamanasynyň şahyrlary'dyr ýazyjylarynyň eserlerini okap bermek, olaryň mazmunyny düşündirmek arkaly olardaky wakalara duýgudaşlyk bildirmek. begenmek endiklerini kemala getirmek ähmiýetlidir.

3 ýaşly çagalara Türkmenistanyň gözel tebigatyny, ösümlik we haýwanat dünýäsini wasp edýän sadaja eserleri, goşgulary okap bermek bilen olarda öz Watanyna, onuň tebigatyna, ösümlik we haýwanat dünýäsine bolan gyzyklanma we söýgi döredilmelidir.

Çagalara Watana, Türkmenistanyň Prezidentine, çaga durmuşyna degişli goşgulardan bölekleri labyzly aýtmak öwredilmelidir.

Olar ýönekeýje sanawaçlar, tapmaçalar, matallar bilen tanyşdyrylmalydyr. Goşgy setirleri ýat tutdurylmalydyr.

Gyzykly ertekileri, hekaýalary gürrüň bermek bilen çagalarda eseriň gahrymanlaryna meňzemek meýli, ondaky gaýduwsyzlyk,

batyrgaýlyk, edermenlik. rehimdarlyk, mähirlilik ýaly häsiýetlere bolan gowy garaýyş emele getirilmelidir, zalymlara, rehimsizlere bolan ýigrenç duýgulary döredilmelidir.

4 ýasly çagalarda çeper eserleri diňlemäge höwes ösdürilip, eseriň gahrymanlarynyň hereketlerine baha bermek, ondaky gowy gylyk-häsiýeti kesgitlemek, gysgajyk şygyrlary täsirli okamak, ýatda saklamak, ertekileriň suratyna seredip gürrüň bermek öwredilip başlanmalydyr.

5-6 ýaşly çagalarda çeper edebiýata, halk döredijiligine gyzyklanma döretmek, goşgyny labyzly äheňde aýtmak, çeper eseriň mazmunyny özbaşdak, yzygiderli gürrüň bermek öwredilmelidir

Çagalara öz ene dilini ýürekden söýmegi, hormatlamagy öwretmek hem möhümdir.

"Böwenjik", ‘Aldanan möjek", "Ýartygulak", "Akpamyk", "Tilki we geçi", “Ejekejan", “Eşek, horaz we tomzak", “Möjek we ýedi owlak" ýaly ertekiler çeper edebiýata bolan gyzyklanmany ösdürmek bilen çagalaryň sözleýşiniň hem ösmegine ýardam edýär.

Çagalar baglarynda terbiýe bermegiň hemme usullary çaganyň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösüşini üpjün etmeklige gönükdirilendir, şeýle- de özbaşdaklygy, tutanýerliligi, işjeňligi şahsyýete mahsus kemala gelmegine ýardam etmelidir Bu meseleleriň amala aşmagy üçin dürli terbiýeçilik işlerini kompleksleýin peýdalanmak zerurdyr.

Oýunlar we gyzyklanma çäreleri çagalar bagynda-da, maşgalada-da çaganyň aýrylmaz hemrasydyr. Mekdebe çenli ýaşly çagalar dürli oýunlary oýnamagy gowy görýärler: hereketli didaktiki, döredijilikli oýunlar. Terbiýeçi bu oýunlary çaganyň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösüşini üpjün etmekde peýdalanyp biler. Oýunlary, esasan, açyk howada geçirmek peýdalydyr.

Oýunlar, gyzyklanma çäreleri, maşklar çagalaryň hereketleniş işjeňligini ösdürýär Köpçülikleýin oýunlaryň pedagogik gymmaty çagalaryii biri-birine bolan hoşniýetli, dostluk gatnaşygyny ýola goýýar. Biri-birinden öwrenmek - bu çaganyň ösüşiniň zerur şertleriniň biridir.

Geçirilýän çäreler estetik terbiýäni hem öz içine alýar. Estetiki terbiýe estetiki döredijiligiň ösüşidir. Her bir çaga öz mümkinçiligine görä, her bir estetiki gymmatlygy döredijidir Jaý gurmak bilen ol arhitektorlyk ukybyny, surat çekmek, ýasamak bilen çeper nakgaşlyk ukybyny görkezýän bolsa, tans-aýdym bilen meşgul bolup edýän hereketleri - bir söz bilen aýdanyňda, çaganyň çeper döredijiligidir Çaganyň döredijiligine özbaşdak çeper işjeňlik diýip hem düşünmek bolýar. Sapakdan daşary geçirilýän çäreler şol özbaşdak çeper işjeňligiň döremegine ýol açýar.

Şeýle çäreleriň biri-de edebi agşamlary geçirmekdir.

## 28. Çagalary hemmetaraplaýyn terbiýelemekde çeper edebiýatyň ähmiýeti.

- *Çeper edebiýatyň çaganyň terbiýesinde ähmiýeti.*
- *Çeper okaýşyň ussatlygy.*
- *Okaýşyň we gürrüň bermegiň esasy usullary.*

Çeper edebiýat çagalara adamyň içki duýgularyny açmak bilen şahsyýetde gahrymanyň içki dünýäsine gyzyklanma döredýär. Çeper edebiýatyň gahrymanlaryna gyzyklanma döränden soň, çagalar ýakynlarynyň we daň-töwerekdäki adamlaryň keýpine düşünip ugraýarlar. Olarda öňdebaryjylyk duýgulary, gatnaşyk etmek, ak ýüreklilik, adalatsyzlygy düşünmek duýgulary kämilleşýär. Bu dogruçyllyk, hakykatçylyk, watançylyk duýgularynyň terbiýelenişiniň esasydyr. Çaganyň duýgusy çeper edebiýaty bilen tanyşdyrylýan pursady ösýär. Çeper sözleýiş ene diliniň ajaýyplygyna düşünmäge, daş-töweregi estetiki kabul etmäge we şol bir wagtyň özünde etiki göz öňüne getirmeleri kämilleşdirýär. Körpelere çagalar çeper edebiýaty daş-töwerekdäki durmuşa, adamlaryň hereketlerine garaýşyny, ahlak

terbiýesiniň esaslaryny terbiýeleýär. Çagalar edebiýatynyň gyzykly mazmuny dostluk, zähmet söýüjilik ýaly häsiýetleri terbiýeleýär. Halk ertekisi diňe mazmuny bilen gyzyklandyrman, eýsem manysy bilen hem özüne çekýär. Ertekilerde häsiýetli aýratynlygy bilen gowlygyň erbetlikden üstün çykmagy, bagtly soňlanma çagada duýgudaşlyk döredýär. Çeper edebiýatlaryň gowy obrazlary, goşgularyň sazlaşygy, labyzlylygy çagalaryň göwnüne ýaraýar. Çagalar çeper sözleýişiň gözelligine gowy düşünip, gysgajyk ertekileri çalt we ýeňillik bilen ýadynda saklaýarlar. Olarda ilkinji ýaşlaryndan söýgüli aýdymlary bolýar. Meselem:

Aglama gurjak,
Seni eý görjek,

Tikip täzeje köýnek geýdirjek Çeper sözleýişi diňlemek bilen çaga ene dilini ertekileri öwrenýär. Çeper sözleýişi, söýgini çaganyň irki ýaşynda terbiýeläp başlamalydyr, geljekde çaga bu terbiýe bilen çagalar bagyndan mekdebe giden we geljekde ene dilini, edebiýatyny söýer. Çeper sözleýiş okamak we diňlemek bilen kabul edilýär. Birinji ýagdaýda kabul eden adaty bolýar, ikinji bolsa ýerine ýetiriji- okaýjy ýa-da gürrüň beriji arkaly amala aşyrylýar. Çeper okaýyş-gadymy sungatdyr. Gadym zamanlarda ýazuw ýüze çykamazdan ozal, janly söz halk gürrüň berijiler tarapyndan aýdylypdyr. Çeper sözleýiş XIX asyryň başlarynda ýüze çykypdyr. Çeper okaýyş we gürrüň sungaty çagalar bilen terbiýeçilik işinde ulanylýar. Çeper sözleýşiň üsti bilen çagalary hemmetaraplaýyn terbiýelände çagalaryň kabul ediş aýratynlygyna ýagny ýaş aýratynlygyny göz öňünde tutulmalydyr. Kiçijik çaga okap bilmeýär. Çeper sözleýişi ol diňlemek arkaly kabul edýär. Şonuň üçin labyzly, çeper eseri emosional gürrüň bermek zerurdyr. Eseri çeperçilikli ýerine ýetirmek pikiri dogry düşünmäge, döredijilik kabul ediş işini ýeňilleşdirýär oňa obrazlary görmäge, hereketlerini dogry bahalandyrmaga kömek edýär. Çaga goşgularyň sazlaşygyny gowy düşünip, sözleýişiň labyzlylygyny janly kabul edýär. Çeper okaýyşy we

gürrüň berişi özleşdirmek çagalar bagynyň terbiýeçisiniň hünär borjudyr. Labyzly okaýyşyň esasy serişdesi sesdir. Sesiň dürli hili intonasiýasyna, mazmunyna laýyklykda eseri dogry düşünmäge ýardam berer. Okyjynyň wezipesi-sesiniň dürliliginiň baýlygyny başarnykly ulanmak, gürrüň bermekde esasy ünsi tekstiň öwrenilişine bermelidir. Çeper okaýşyň we gürrüň bermegiň esasy usullary:

- Esasy ton.
- Intonasiýa.
- Okaýşyň logikasy.
- Pauzalar.
- Temp.
- Sesiň güýji.
- Bedeniň, ýüzüň el hereketleri.

Esasy ton – edebi çeper eseriň esasy okalşy bu okaýjynyň gürrüň berýän wakalarynyň tony bolup durýar. Esasy ton okalýan tekstiň mazmuny we çeper formasy bilen kesgitlenýär. Esasy ton – dabaraly, mylaýym, şadyýan, gamgyly bolup biler. Intonasiýa – sözleýişiň many emosional tarapydyr. Bu gürrüň berijiniň sesiniň üýtgäp, onuň duýgusyny we pikirini aňladýar we oňa çeper obrazlary suratlandyrmaga kömek edýär. Okaýşyň logikasy – teksti çeperçilikli ýerine ýetirmegiň esasy bölegidir, onuň many emosional labyzlylygydyr. Ol teksti ünsli, hemmetaraplaýyn analiz edip, tekstiň mazmunyna düşünmegi talap edýär. Pauza - dynç alyş okaýyşda säginmekdir. Pauza eseriň manysyny açyp görkezmäge täsir edýär.

Temp – teksti labyzly okamak üçin ulanylýar. Tekstde tempi ulanmak bilen eser gyzykly bolýar, baýlaşýar. Sesiň güýji - bu onuň owazlygydyr,sesiň doly ýagdaýda ýuwaş, orta, gaty ulanyp bilmekdir sesi ussatlyk bilen üýtgetmegi başarmakdyr. Bedeniň hereketi – eser okalýan wagty bedeniň ýagdaýy okaýja okalýan wagty adaty, owadan we özüne ynamly durmalydyr. Aljyramaly däl, aljyran okaýjynyň sesi agyr bolýar.

Ýüzüň hereketi – ol çeper eseri kabul etmek üçin ýeňilleşdirýär. Gürrüň berijiniň ýüzi onuň gürrüň berýän zadyny görkezýär. Ol ýüzüni şadyýan we gussaly edip üýtgedip biler. Eliň hereketi – bedeniň we ýüzüň hereketi ýaly çeper tekstiň dolduryjysydyr. Hereketler dyngysyz gaýtalap dursa olar gyzyklanma döretmeýär. Mehaniki hereketleri etmeli däl. Mysal üçin: okaýşyň döwri bedeni öňe, yza hereketlendirmek, eli aýlamak saçyny sypalamak we ş.m.

Sözleýşiň tehnikasy:

- Sözleýşiň agzalary.
- Dem alyş.
- Diksiýa.
- Orfaepiýa.

Sözleýşiň we eşidişiň merkezi agzalary kelle beýnisiniň gabygynda ýerleşýär. Ses apparatynyň pereferik sistemasy üç bölekden durýar.

- Öýken dem alyş myşsalary we ýollary.
- Bokurdak, ses baglaýjylary burun.
- Bokurdagyň üstünde ýerleşýän howa boşlugy.

Dem alyş yzygiderli dem alyş we saklanyşdyr. Bu ygtyýarsyz dem alyşdyr. Adam sesi dem çykanda ses baglaýjylarynyň titremegi arkaly ýüze çykýar. Gürlemekde kynçylyk ýüze çykmaz ýaly dogry dem almagy başarmalydyr. Diksiýa- sözleýişde her bir sesi , sözi , sözlemi düşnükli aýtmak. Arassa, anyk diksiýa diňleýjiniň ünsüni özüne çekip biler. Orfaepiýa- çeper sözleýişiň düzgunleriniň jemlenmegidir. Orfaepiýany diksiýa bilen çalşyrmaly däldir. Çeper sözleýişiň namasy – taryhy kategoriýadyr, ol sözleýişiň ösüşine laýyklykda üýtgeýär.

## 29. Çagalaryň sözleýşini ösdürmek boýunça meşgullanmalardaky we meşgullanmalardan daşary alyp barylýan işleriň arabaglanyşygy.

- *Çaganyň sözleýşiniň ösmeginde we baýlaşmagynda meşgullanmanyň ähmiýeti.*
- *Sözleýşi ösdürmekde çeper edebiýatyň ähmiýeti.*

Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň sözleýşini ösdürmek her bir sapakda we sapakdan daşary işlerde üns merkezinde saklanylmalydyr.

Çaganyň sözleýşiniň ösmegi we baýlaşmagy:

-onuň gepleşikde meňzetmeler,deňeşdirmeler ýaly çeperçilik serişdelerini ulanmagy we olara düşünmegi;

pikirlerini,garaýyşlaryny,yzygiderli,baglanyşykly,esaslandyrylan,delillendirilen ýagdaýda beýan edip bilmegi;

-sözleriň,sözlemleriň göçme manysyna düşünmegi,olary ulanyp bilmegi degişmelere,ýomaklara düşünmegi arkaly amal edilýär.

Sözleýiş sözden,söz sesden durýar.Çaganyň söz baýlygyny we sözleýşini ösdürmek üçin olaryň halk döredijiliginden we çeper eserlerden bölekleri diňlemek,oňa düşünmek,soraglara jogap bermek,diňlenilen eser boýunça söhbetdeş bolmak başarnyklaryny bermek göz öňünde tutulmalydyr.

Baglanyşykly sözleýşini ösdürmek üçin çagalara dürli şertlerde beýan etmek üçin sözlemleri eşidip kabul etmegi,olary özbaşdak düzmegi öwrenmeli.

Mekdebe çenli ýaşly çagalara dil öwretmegiň,sözleýiş dilini ösdürmegiň ýene-de bir esasy maksady we wezipesi çagalary mekdebe taýýarlamakdyr.

Sesleri,sözleri we sözlemleri dogry aýtmak geljekde talaba laýyk okamagyň we ýazmagyň girewidir.

Sözleýşi ösdürmek,esasan,çeper edebiýat we daş-töwerege degişli temalar amal edilýär.

Çagalaryň söz baýlygyny we sözleýşini ösdürmek üçin olaryň halk döredijiliginden we çeper eserlerden bölekleri diňlemek,diňläp düşünmek,soraglara jogap bermek,diňlenilen eser boýunça söhbetdeş bolmak başarnyklaryny gazanmaly.Sesleri,sözleri we sözlemleri eşitmek,diňlemek hem-de dogry aýtmak,soraglara jogap bermek arkaly sazlaşykly sözleýiş düzülýär.

Sözleýşi ösdürmek,esasan,çeper edebiýat we çagalary gurşap alýan daş-töwerege degişli temalar arkaly amal edilýär.

Çagalary çeper edebiýat bilen tanyşdyrmak arkaly olarda edebi eserleri diňlemäge,okamaga bolan islegi,eserleriň oňaýly gahrymanlaryna meňzemek meýli,ondaky gahrymanlara duýgudaşlyk bildirmek,guwanç,buýsanç hem-de söýgi,pis gahrymanlara ýigrenç duygulary terbiýelenyär.Şonuň üçin hem çagalaryň çeper eserler bilen tanyşdyrylmagy zerurdyr.Şol nukdaýnazardan,körpeleri gysgajyk hekeýalary,ertekileri,çaga durmuşyna degişli gürrüňleri,goşgulary diňlemäge we olaryň mazmunyny beýan etmäge ,ol babatda söhbetdeş bolmaga höweslendirilmeli.Eserde ýüze çykýan wakalary yzarlamak,ondaky wakalary begenç,tolgunma,içki şatlygyny ýüze çykarmak,gynanç,duýgudaşlyk arkaly çagada eseriň mazmunyna gyzyklanma döretmek zerurdyr.

## 30. Okuw kitaplaryndan çaga sözleýşini ösdürmek üçin oýunlary saýlamak.

- *Kitapdaky suratlar bilen işlemegiň usuly.*
- *Çaga sözleýşini ösdürmek üçin oýunlar.*

Kitapdaky suratlar boýunça terbiýeçä şol okalýan teksti has giňişleýin beýan etmäge kömek edýär. Suratlar öz görkezilmeli wagtynda görkezmeli. Çagalar baglarynyň tejribesinde ilki terbiýeçi ähli teksti çagalara okap berýär,soňra olar bilen bile suratlary görýär.Sözüň yzyndan suratlaryň gelmegini gazanmaly.Eger şeýle edilmese,onda çagalar şol tekstiň sözüni eşitmän diňe suratlara seredip,göz öňüne getirip oturar.Reňkli suratlar çagalarda aýratyn gyzyklanma,bilesigelijilik duýgularyny ösdürýär.Emme kitap okalyp bolnandan soň çagalaryň bar ünsi onuň düzüminde bolýar. Terbiýeçi şol wagt degişli suratlary görkezmeli.Çagalar suratlar seredip tekstdäki gahrymanlary,wakalary bilýärler.Eger-de kitapda çagalara nätanyş bolan,olaryň entek görmedik zatlary barada söz açylýan bolsa,onda terbiýeçi ol sözleri düşündirende oňa laýyk suratlary görkezmeli.

Meselem:”Akpamyk”, “Böwenjik” ertekisinden adybir gahrymanlar görkezilende çagalar derrew haýsy erteki barada gürrüň gitjekdigini bilýärler.Çeper sözler arkaly tebigatyň gözelligi,onuň waspy çaga kalbyny joşdurýar,ol öwrenenje goşgularynyň has täsirlisini aýdyma hem hiňlenýär.Tebigata degişli goşgulara suratlandyryp aýdyp bilmek,labyzly aýtmak köpçülik bolup aýtmak,rollar boýunça aýtmak arkaly

## 31. Dürli ýaş aýratynlykly toparlarda çagalary çeper eserler bilen tanyşdyrmakda, çagalar bagynda okatmagyň we terbiýelemegiň maksatnamasynyň mazmuny.

- *Çeper eserler bilen tanyşdyrmakda ýaş aýratynlygyny göz öňünde tutmak.*
- *Çeper eserler bilen tanyşdyrmagyň aýratynlygy.*

Çagalar uly toparda çeper eseri diňlemegi başarýarlar, şeýle-de bu ýaşda goşgyny labyzly okamagy başarýarlar, sebäbi çagalaryň sözleýişi kämilleşen bolýar. Çagalar ertekiniň, hekaýanyň mazmunyna onuň gahrymanlaryna bolan gatnaşygyny gürrüň bermegi başarýarlar. Olar eseriň mazmuny bilen onuň şekillendiriş serişdelerini topawutlandyrmagy başarýarlar. Olar eserleri gowy görmegi beýleki eserler bilen deňeşdirmegi başarýarlar. Çagalar erteki bilen hekaýany, goşgy bilen powestiň gürrüňini tapawutlandyrmagy başarýarlar. Olar ýeňillik bilen goşgyny ýatdan aýdýarlar. Çagalarda belli bir işe durnukly gyzyklanma döreýär: Käbirleri goşgy halasalar, beýlekileri ertekileri halaýarlar. Döredijilik başarnyklary ösýär: çagalaryň özleri tapmaça oýlap tapýarlar, erteki düzýärler. Deň duşlarynyň döredijiligini bahalandyrmagy başarýarlar. Terbiýeçiniň çagany tanyşdyrýan çeper eserleriň sany artýar. Eserler mazmuny boýunça çylşyrymlaşýar. Çeper sözleýiş işiniň wezipeleri çaganyň umumy terbiýesine olaryň ýaş aýratynlygyna, şeýle-de çeper eseriň özboluşlylygyna baglydyr. Maksatnama orta we kiçi mekdebe çenli ýaşly çagalaryň çeper sözleýişiň ýeketäkligine baglydyr; çeper eseri mazmuny we temasy boýunça bilimlerini ýeketäklikde kabul etmegi çaga başarmaly. Terbiýeçi çeper ertekini gürrüň berende žanryň aýratynlyklaryna üns bermeli, eseriň çeper mazmununy açyp görkezmegi başarmaly. Terbiýeçi labyzly ertekini gürrüň berip wakalary intonasiýanyň kömegi bilen suratlandyrýar. Ertekileri analizlemek bilen manysyna çeperçilik aýratynlyklaryny we

kompozisiýasyna diliniň özboluşlylygyna üns bermelidir. Ertekiniň mazmunyny we kompozisiýasyny analizlemekde görkezmeden peýdalanyp bolar. Bu gahrymanlary şertli belgiläp hem bolar.

Çagalary çeper edebiýat bilen tanyşdyrmak arkaly olarda edebi eserleri diňlemäge, okamaga bolan islegi, eserleriň oňaýly gahrymanlaryna meňzemek meýli, ondaky gahrymanlara duýgudaşlyk bildirmek, guwanç, buýsanç hem-de söýgi duýgulary terbiýelenýär. Şonuň üçin hem çagalaryň çeper eserler bilen tanyşdyrylmagy zerurdyr.

Şol nukdaýnazardan körpeleri gysgajyk hekaýalary, ertekileri, çaga durmuşyna degişli gürrüňleri diňlemäge höweslendirmeli Eserde ýüze çykan wakalary yzarlamak, ondaky wakalary begenç, tolgunma, içki şatlygyny ýüze çykarmak arkaly çagada eseriň mazmunyna gyzyklanma döretmek möhümdir

2 ýasda çagalara sadaja çeper eserleri başga zada güýmenmän diňlemegi öwretmek, oňa höwes döretmek, gysgajyk goşgulary ýat tutdurmak wajypdyr.

Bu ýaşdaky çagalara ertekileri, Garaşsyzlyk zamanasynyň şahyrlary'dyr ýazyjylarynyň eserlerini okap bermek, olaryň mazmunyny düşündirmek arkaly olardaky wakalara duýgudaşlyk bildirmek. begenmek endiklerini kemala getirjek ähmiýetlidir.

3 ýaşly çagalara Türkmenistanyň gözel tebigatyny, ösümlik we haýwanat dünýäsini wasp edýän sadaja eserleri, goşgulary okap bermek bilen olarda öz Watanyna, onuň tebigatyna, ösümlik we haýwanat dünýäsine bolan gyzyklanma we söýgi döredilmelidir.

Çagalara Watana, Türkmenistanyň Prezidentine, çaga durmuşyna degişli goşgulardan bölekleri labyzly aýtmak öwredilmelidir.

## 32. Sapakda çeper eser okap bermegiň usuly.

- *Sapakda çeper eser okap bermek.*
- *Sapakda didaktiki talaplar.*

Uly toparda çagalar çeper eserleri diňlemäge , goşgyny labyzly okamaga ukyply bolup, dogry sözleýişi kämilleşip ugraýar. Çagalarda ertekiniň, hekaýa, onuň gahrymanlaryna bolan gatnaşygyny düşündirip gürrüň berýärler. Olar eseriň mazmuny we labyzly şekillendiriş serişdeleri bilen arabaglanyşygy duýup başlaýarlar. Olar haýsam bolsa bir eseri gowy görüp başlaýarlar. Çagany çeper edebiýat bilen tanyşdyrmak arkaly olarda edebi eserleri diňlemäge, okamaga bolan islegi, eserleriň oňaýly gahrymanlaryna meňzemek meýli, ondaky gahrymanlara duýgudaşlyk bildirmek, guwanç, buýsanç hem-de söýgi duýgulary terbiýelenýär. Şonuň üçin hem çaganyň çeper eserler bilen tanyşdyrylmagy zerurdyr. Şol nukdaýnazardan körpeleri gysgajyk hekaýalary, ertekileri, çaga durmuşyna degişli gürrüňleri diňlemäge höweslendirmeli. Eserde ýüze çykan wakalary begenç, tolgunma, içki şatlygyny ýüze çykarmak arkaly çagada eseriň mazmunyna gyzyklanma döretmek möhümdir. Şeýlede çagalarda haýsam bolsa kesgitli işiň görnüşine-de gyzyklanma döreýär: käbirleri goşgy gowy görse, beýlekileri erteki gowy görýär. Döredijilik başarnyklary ösýär: Çagalaryň özleri tapmaça, erteki düzýärler. Çeper eserler bilen tanyşdyrmak sapaklarynda terbiýeçilere çeper obrazy we çeperçilik serişdelerine düşünmegi öwredýär. Şeýle-de sapakda çagalara gürrüň bermegi we goşgyny ýat tutmagy öwrenýärler. Çeper eser bilen tanyşdyrmak işi yzygiderli alnyp barylmalydyr. Meselem: 1-nji sapakda erteki gürrüň berilse, 2-nji-de mazmuny berkidilýär, slaýdy görkezilýär, 3-de döredijilik ýumuşlar berilýär, 4-de öwrenilen materialy gürrüň berdirmek, 5-de gürrüň berlişi, ýolbaşçylaryny diňläp berijiligini bahalandyrmak.

Sapakda aşakdaky ýaly ýumuşlary berip bolar:

- Tapmaça bilmek.
- Çaganyň aňyny, ünsüni ösdürýär.
- Atalar sözlerini we nakyllary ýatlatmak.
- Söze kesgitleme bermek.

Meselem: Tokaý agaçly, gürrüň we ş.m. Takyk döredijilik ýumuşlaryň kömegi bilen goşgydaky sözleýişiň aýratynlyklaryny düşündirmeklik ösdürilýär.

Sapaklaryň görnüşleri didaktiki maksatlara görä bölünýärler:

- Çagalara dürs bilim öwretmek.
- Berlen bilimleri berkitmek.
- Barlag sapaklary.
- Garyşyk sapaklar.

Sapagyň didaktiki (öwrediji) talaplary:

- Sapak didaktiki prinsipler esasynda guralýar: ylmylyk, elýeterlilik, görkezme esbaply, sistematiki we yzygider okatmagyň işjeňligi we aňýeterligi.
- Terbiýeçi takyk maksady goýmaly. Terbiýeçilik we bilim berijilik wezipeleri ýeketäk bolmaly.
- Çagalar sapagy gowy özleşdirer ýaly sapagyň didaktik maksadyna görä takyk usullary tapmaly.
- Geçilen tema bilen täze tema bagly bolmaly
- Sapagyň guramaçylygy takyk bolmaly: Berlen bölümi yzygider bolup öz wagtynda geçirmeli.

## 33. Terbiýeçiniň sapaga taýýarlygy.

- *Terbiýeçiniň sapaga taýýarlygy.*
- *Sapagy guramakdan edilýän talaplar.*

Terbiýeçiniň sapaga taýýarlygynyň wajyp ähmiýeti bardyr. Tejribeli terbiýeçi diňe öz etjek zatlaryny, işleriniň barysyny oýlanmak bilen çäklenmän, çagalaryň etjek işlerinde göz öňünde tutýar. Terbiýeçi sapaga taýýarlananda bilim berijilik we meýilnama boýunça sapakda özleşdirilmeli material yzygider, çaganyň aňyna laýyk gelip sebäplilik bilen baglanyşyk daş-töweregi durmuşy şöhlelendirmeli. Taýýarlyga kömekçi materiallary we olary tertipleşdirmek hem degişlidir, düşündirişiň häsiýeti we mazmuny, düşündirişi degişlidir. Terbiýeçi materialy özleşdirmegiň yzygiderligini kesgitli praktiki ýumuşlarynyň yzygiderligini pikirlenýär, çaganyň üns berişini guramak üçin soraglary belleýär. Terbiýeçi her bir çaga differensirlenen çemeleşip, olaryň güýjüniň ýetäýjek ýumuşlarynyň möçberini we häsiýetini ýumşy ýerine ýetirmekde kynçylyk çekjek çagalary göz öňünde tutýar. Her bir sapak guralan bütewilik bolup, onda kesgitli meýilnamalaşdyrylan material bolup ondan öňki sapagyň dowamy hökmünde alnyp barylýan, ýagny her sapak sapaklaryň sistemasy bolmalydyr. Sapaga taýýarlanmakda terbiýeçi sapagy guramaga we geçirmäge girişýär. Sapagyň üstünligi çaganyň guramaçylygyna bagly bolýar. Eger terbiýeçi her bir çaganyň işjeň gatnaşmagy barada oýlansa wagty tertip-düzgüne sarp etmese, sapaga taýýarlanmasa, sapagy wagtynda başarmasa ýagny çaganyň garaşmagy sapaga bolan gyzyklanmany ýitirýär. Ýene-de terbiýeçi tarapyndan nädogry temany düşündirse sapagy nädogry goýmaklyk hem şeýle netije berip biler. Çagalar ýumuşy düşünmän goşmaça düşündirişi talap edýärler, oňa bolsa goşmaça wagt gidýär. Eger terbiýeçi sapakda şol bir çagalardan sapak sorap beýlekilerine üns bermese-de, beýleki çagalaryň tertibi peselip sapak talabalaýyk bolmaz. Dogry gurnalan

sapakda çagalaryň tertibi-de gowy bolýar. Käýemek, temmi bermek dälde sapagyň her bir minudyny dogry gurnamak bilen çaga sapagy düşündirende hem-de ähli geçilen işlerde ünslerini çekip bolar. Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň tertibini terbiýelemek üçin terbiýeçiniň syrydyr. Şol ýaşda çagalaryň erki we aň ýetirip edýän kömekleri kämilleşýär.

Uly we kiçi mekdebe çenli ýaşly çagalaryň sapaklaryny guramaga aýratyn üns bermeli. Bu ýaşdaky çagalaryň hereketi köp bolup, oýunlary we sapaklary guramak kyn bolýar. Çaga ilkiler terbiýeçini eşitmeýär, kabul etmeýär. Okatmagyň ilkinji tapgyrlarynda ygtyýarsyz ünsi ösdürilip, sapagy guramagyň esasy formalary we görkezilýän didaktiki materialy bolmalydyr. Kiçi ýaşly çaganyň sapagy gowy gurnamagyň effektiw usuly – oýun usullarydyr. Guramaçylygyň gowy formasy – da oýundyr. Çaganyň ünsüni jemläp saklamaklyk sapagy gurnamakda iň kyn pursatdyr, şonuň üçin – de 10-20 sekuntdan köp arakesme berilmeli däldir. Eger kiçi ýaşly çagalara sapak geçende terbiýeçi işiniň dürli görnüşlerini ulansa, çagalaryň tertibine ünsüde gowulaşar.

Terbiýeçiniň sözleýşi çagalar üçin nusga alarlyk bolmalydyr.

Grammatik taýdan dogry sözleýşi öwretmekde deňeşdirme usulynyň ähmiýeti hem uludyr.Eger-de berilýän ýumuş çaga üçin kyn bolsa, onda gaýtalamak usuly ulanylýar. Ilki ulular bilen bile, soňra aýratynlykda gaýtalanylýar.

Ýalňyşy düzetmek, kömek etmek usullary-da sözleýşiň grammatik gurluşyny özleşdirmekde uly ähmiýete eýedir. Çaganyň berýän jogabyny bahalandyrmak hem grammatikany özleşdirmäge kömek edýän usullaryň biridir.

3-4 ýaşly çagalarda grammatiki endikleri ösdürmek.

Bu ýaşdaky çagalaryň sözleýşi gaty çalt ösýär. 3 ýaşdaky çagalaryň sözlügi 1300-1500 söze ýetýär, 4 ýaşa çenli olaryň sözleýşi iki esse artýar. Sözleýiş dilinde grammatiki gurluşlar peýda bolup başlaýar.

Takmynan iki ýaşda çaga sözleri ýeňiş we wagt-orun düşümlerde aýdyp başlaýar, ýöne, ol bu düşümleri çalyşýar. Atlar bilen birlikde çaga sypatlary we işlikleri özleşdirýär.

Iki ýarym ýaşda çagalar işlikleri birlik-köplük sanda (Jeren barýar, biz barýarys); zamanlarda (alýar, aldy); ýöňkemede (sen gel, ol geldi)üýtgedip başlaýarlar.

Sözleýiş dili çaganyň şahsyýetiniň kemala gelmegine. gözýetiminiň giňemegine täsir edýär. Ýöne 2-4 ýaşyndaky çagalar sözleýşiň grammatiki gurluşyny özleşdirmekde entäk kynçylyk çekýärler (sözleri sanda, düşümde nädogry üýtgedýärler, sözde käbir bogunlary goýberip ýa-da ýerini çalşyp aýdýarlar).

Çagalaryň sözleýşiniň grammatiki gurluşynyň üstünde işlemekligi atlardan başlamaly, sebäbi atlar biziň gepleşik dilimizde köp ulanylýar, mundan başga-da atlaryň üýtgemegi esasynda beýleki söz toparlary hem üýtgeýär.

Çagalar atlary düşümlerde ulanmagy öwrenenlerinden soňra, olary öten zaman işligi bilen tanyşdyrmak bolar.

4 ýaşly çagalar sözlem düzenlerinde deňdeş agzalary ulanmaklaryna üns berilmeli Sapakda dürli usullar ulanylýar: görkezilýän suratlar, hereket boýunça sözlem düzmek, sözlemde ýetmeýän sözleri doldurmak. Çaga sözlem düzende grammatiki taýdan dogry düzmäge çalyşýar

Çaganyň sözleýiş diliniň grammatikasynyň kämilleşmegi bilen bir hatarda onuň söz baýlygy hem artýar; ses aýdyşy kämilleşýär, ünslüligi, ýatkeşligi, pikirlenmesi ösýär. Şonuň üçin-de sözleýiş dili kämilleşdirilende halk döredijiliginden peýdalanmak has-da uly ähmiýete eýedir.

Kiçi ýaşly çagalarda sözleýşiň grammatiki gurluşyny kämilleşdirmekde şu aşakdakylar göz öňünde tutulýar:

- Atlaryň yzyna söýgülilik derejesiniň goşulmasyny goşmak arkaly täze söz ýasamak (Aýna-Aýnajyk, jüýje-jüýjejik);

• Atlaryň yzyna san goşulmalaryny goşmak arkaly sözi üýtgetmek (gurjak-gurjaklar, kitap-kitaplar);

• Atlary birlik we köplük sanda ýöňkeme bilen üýtgetmek (meniň kitabym - biziň kitabymyz, seniň kitabyň - siziň kitabyňyz, onuň kitaby - olaryň kitaby);

• Işlikleri zamanda üýtgetmek (Oraz oýnady, Oraz oýnaýar, Oraz oýnar);

• Ýönekeý sözlemi düzmek (Anna kitap okaýar) we ş.m.

## 34. Çeper okamak (edebiýat) sapaklarynyň görnüşleri.

- *Çeper edebiýat sapaklarynyň görnüşleri.*
- *Çagalar baglarynda bu sapaklary geçirmegiň ähmiýeti.*

Mekdebe çenli çagalar edaralarynda orta toparda hepdede 1 gezek uly toparda hepdede 2 gezek sözleýiş dilini ösdürmek(çeper edebiýat) sapaklary geçirilýär.

Çagalary çeper edebiýat bilen tanyşdyrmak arkaly olarda edebi eserleri diňlemäge,okamaga bolan islegi,eserleriň oňaýly gahrymanlaryna meňzemek meýli,ondaky gahrymanlara duýgudaşlyk bildirmek,guwanç,buýsanç hem-de söýgi erbet gahrymanlara ýigrenç duýgulary terbiýelenilýär.Şonuň üçin hem çagalaryň çeper eserler bilen tanyşdyrylmagy zerurdyr.

Körpeleri gysgajyk hekaýalary,ertekileri,çaga durmuşyna degişli gürrüňleri,goşgulary diňlemäge we olaryň mazmunyny beýan etmäge,olar hakynda söhbetdeş bolmaga höweslendirmeli.Eserde ýüze çykýan wakalary yzarlamak,ondaky wakalary begenç,tolgunma,içki şatlygyny ýüze çykarmak,gynanç,duýgudaşlyk arkaly çagada mazmunyna gyzyklanma döretmek möhümdir.

Sözleýşi ösdürmek işi –**2 ýaşly çagalar** toparlaryndan başlanýar.

Bu toparda çagalar daş-töwerek bilen tanyşdyrylmalydyr.Olar uly adamlar,deň-duşlary bilen sorag-jogap alyşmagy,biri-birine ýüzlenmegi başarmagy öwrenmelidirler.Bu topary çagalary oýnawaçlaryň atlaryny,gök-miwe önümleriniň,öý-çöl haýwanlarynyň atlaryny,daş-töwerekdäki adamlaryň atlaryny aýdyp bilmekligi öwrenmelidirler.

Bu toparyň çagalarynyň söz baýlyklary—ak,gara,ýaşyl,gyzyl,gök,sary ,uly-kiçi,gyzgyn,sowuk,turşy,süýji,ajy,togalak ýaly sypat sözleriniň,şu gün,ertir,düýn,beýik-pes,ýakyn-daş ýaly hallaryň hasabyna giňelmelidir.

3-4 ýaşly çagalar terbiýeçiniň sözleýşini ünsli diňlemegi we oňa düşünmegi,Kim?Näme?Nirede?Näme edýär?Näme üçin?-diýen soraglara jogap bermegi başarmalydyrlar.Olar sanawaçlar,goşgular,tapmaçalar,matallar bilen tanyşdyrylmalydyr.Olar 2-3-sözlemden ybarat gürrüň düzmegi başarmaly.

4—5-ýaşly çagalaryň r,s,z,ş,z,j,l—seslerini dogry aýdyp bilmek endiklerini kämilleşdirmeli we ses,söz,sözlem diýen jümleleriň manysy düşündirilmeli.

5—6-ýaşly çagalar berlen sözüň dürli ýerinde getirip,söz aýtmagy başarmaly.Çagalar türkmen edebi diliniň kadalaryna laýyklykda dogry we dürs geplemegi başarmaly.Çeper edebiýata,halk döredijilik eserlerine,halka, watana söýgi terbiýeçi tarapyndan döredilmeli.Çagalar özbaşdak tebigat barada,suratlar barada,watan barada,maşgala agzalary,mekdep barada gürrüň berip bilmeli.

Çeper edebiýat sapagynyň görnüşlerine:

Goşgy ýat tutdurmak,labyzly okatmak;

Hekaýa gürrüň bermek,diňlemek;

Erteki okap bermek,gürrüň bermek;

Suratlar boýunça gürrüň bermek;

Öwredji oýunlar,many-mazmunly oýunlar;

Söhbetdeşlikler geçirmek,guramak..

Ýörite saýlanyp alnan öwrediji oýunlaryň, ýumuşlaryň üsti bilen geçirilýän sözleýiş sapaklary grammatiki endikleri, başarnyklary berkleşdirmäge has-da kömek edýär.

Çagalaryň hemmesinde sözleýşiň grammatiki gurluşynyň ýagdaýy deň derejede bolmaýar. Munuň sebäbi şulara baglydyr:

- Çaganyň nerw ulgamynyň ýagdaýyna; ünslüliginiň, ýatkeşliginiň, pikirlenmesiniň ösüşine we ş.m.;
- Bilim derejesine we söz baýlygyna; sesi kabul edişiniň, sözleýiş apparatynyň (gep organlarynyň) hereketiniň ýagdaýyna;
- Ene diliniň grammatikasynyň çylşyrymlylygyna;
- Çaganyň daş-töweregindäkileriň (terbiýeçiniň, terbiýeçiniň kömekçisiniň, çaganyň garyndaşlarynyň) sözleýiş diliniň grammatikasynyň ýagdaýyna; çaganyň sözleýşine terbiýeçiniň gözegçiligine.

Okuw ýylynyň başynda terbiýeçi çagalaryň nähili grammatiki ýalňyşlyklary goýberýändigini bilmelidir. Şu maksat bilen hem ol her gün çagalaryň sözleýşine syn etmelidir; käbirleri bilen suratlar, predmetler arkaly soraglar-jogap alyşmalydyr, ýumuşlar bermelidir.

Sözleýşiň grammatik gurluşy kämilleşdirilende morfologik we sintaktik ugurlaryň üstünde iş alnyp barylýar. Morfologiýa sözleriň grammatiki düzümini, onuň formalaryny (görnüşlerini), sintaksis söz düzümlerini we sözlemleri öwrenýär.

Çagalaryň sözleýşiniň morfologik we sintaktik taraplary bir wagtda ösýär. Yöne sintaktiki ýalňyşlyklar morfologik ýalňyşlyklardan durnukly bolýar we körpeleriň çagalar bagyndan mekdebe gidýänçä saklanyp bilýär. Terbiýeçi çagalaryň nähili sintaktik ýalňyşlyklary goýberyändigini bilmelidir Mysal üçin: kiçi we orta topardaky çagalar sözlemde sözleri goýberip, ýerini çalşyp aýdýarlar. Olar, köplenç, eýeden, habardan we doldurgyçdan ybarat bolan sözlemleri ulanýarlar Aýyrgyçly we ahwalatly sözlemleri seýrek ulanýarlar.

Sözleýşiň sintaktik ugry ilki bilen baglanyşykly sözleýşi we gürrüň etmegi öwretmekde kämilleşdirilýär. Sözleýşiň sintaktik gurluşy öwrenilende çaganyň sözleri dogry düzmegine, ýaýraň sözlemlerde deňdeş aýyklaýjy agzalaryny ulanmagyny berkitmeklige, şol bir pikiri dürli görnüşde aýtmak (habar, sorag, ýüzlenme sözlemleri) ukybyny berkitmeklige üns berilýär

Surat, suratlar toplumy, hekaýa boýunça ugrukdyryjy soraglara jorap berende, gürrüň edende çaga öz sözleýşinde sözleýşiň grammatiki gurluşyndan peýdalanýar, belli bir yzygiderlilikde baglanyşykly sözleýiş emele gelýär. Çaga ilki bilen nusga boýunça, soňra özbaşdak sözlem düzýär.

Ýönekeý sözlemleri doldurgyçlar, aýyrgyçlar, deňdeş agzalar bilen baýlaşdyryp, sözlemek işi, esasan-da, mekdebe taýýarlaýyş toparynda amala aşyrylýar. Çaga “Näme üçin?”, "Näme sebäpden?” diýen ugrukdyryjy soraglaryň berilmegi eýerjeňli sözlemiň emele gelmegine kömek edýär. Çagalar sözlemde deňdeş agzalaryny ýuwaş-ýuwaşdan ulanyp başlaýarlar, ilki deňdeş eýeleri, habarlary, doldurgyçlary, soňra bolsa deňdeş aýyrgyçlary we ahwalatlary ulanyp başlaýarlar.

Çagalar düzmeli goşma sözlemleri eýerjeňli goşma sözlemine garanda aňsat ulanýarlar. 5 ýaşynda düzmeli goşma sözlemlerdäki ýönekeý sözlemler kem-kemden çylşyrymlaşýar, sözlemde deňdeş agzalar köp ulanylýar.

5 ýaşynda çagalar 12-15 sözden ybarat sözlemleri ulanyp bilýärler, ýöne sintaktik ýalňyşlyklary köp goýberýärler, sebäbi olara şol bir wagtyň özünde sözlemleriň manysyna we gurluşyna düşünmek kyn düşýär.

## 35. Terbiýeçiniň çeper eser okamak sapagyna taýýarlygy, edebiýat saýlamagy, tekst bilen tanyşmagy, derňemegi, esbap saýlamagy, sorag düzmegi.

- *Terbiýeçiniň çeper edebiýat sapagyna taýýarlygy.*
- *Çagalaryň ýaş aýratynlygyna görä çeper eserleri saýlamagy.*

Terbiýeçi ýörite gündelik depderini ýöretmeli we oňa bellikler etmelidir. Syn etme gün tertibiniň dürli döwürlerini öz içine almalydyr. Çaga dürli ýagdaýda özüni dürli hili alyp barýar. Şonuň üçin oýunda, sapakda, gezelençde özüni alyp barşyny syn edip bolar. Syn etmäniň dowamynda synag tärlerini hem ulanyp bolar. Terbiýeçi çaganyň ýadynyň ösüşini öwrenende, öwrediji oýun gurap biler. Zatlaryň şekilini, belli bir yzygiderlikdäki tertibini ýatda saklamaga degişli ýumuşlary alyp biler. Çaganyň beýleki çagalar bilen aragatnaşygy öwrenilende, döredijilikli (sýužetli-rolly) oýunlary gurap bolar. Çaga syn edilýän döwründe gürrüň usulyny hem ulanyp bolar. Gürrüň üçin soraglar takyk, yzygider, sada, çaga üçin gyzykly bolmalydyr. Çaga diňe çagalar bagynda syn etmek bilen onuň ösüşi barada doly maglumatlary alyp bolmaýar. Ata-eneler bilen gürrüňdeşlik geçirip, onuň maşgalada özüni alyp barşy, maşgala agzalary bilen aragatnaşygy bilen hem gyzyklanmalydyr. Çaganyň psihiki ösüşini öwrenmekligiň esasy şerti çaganyň syn edilýän döwründe özüne syn edilýändigini duýmazlygy, özüni erkin alyp barmagydyr. Çaganyň ösüşini öwrenmekligiň netijesi oňa berlen psihologik häsiýetnamada jemlenýär. Çagalaryň psihiki ösüşini köpçülikleýin öwrenmek hem bolar. Onuň üçin test, sosiometrik, çaga işiniň netijelerini öwrenmek ýaly usullardan peýdalanyp bolar. Test usuly gysga wagtda çagalaryň belli bir ugurdan bilim derejelerini kesgitlemeklige mümkinçilik berýär. Her çärýegiň, okuw ýylynyň ahyrynda test usulynyň kömegi bilen çagalaryň tebigatdan, matematikadan, rus dilinden, iňlis dilinden we beýleki dersler boýunça

bilimleri barlanyp bilner. Testler çagalaryň ýaş aýratynlyklaryny, maksatnamanyň talaplaryny göz öňüne tutmak bilen düzülmelidir. Sosiometrik usuly mekdebe çenli ýaşly çagalar bilen saýlaw häsiýetde guralýar. Çagalara bile oýnasy gelýän çagasynyň şkafyna oýnawaç goýmagy teklip etmek bilen, belli bir çagany saýlamak hödürlenilýär. Bu usuly ulanmaklyk bilen çagalaryň birek-birege bolan garaýşy, gatnaşygy ýüze çykarylýar. Çaga işiniň netijelerini öwrenip, olaryň belli bir ugur boýunça ösüş derejesini kesgitläp bolar. Çaga işiniň netijesi bolup, olaryň çeken suratlary, gurnama, şekil ýasama, ýelimleme işleri, tebigy materiallardan ýasan zatlary, düzen döredijilikli gürrüňleri we ş.m. bolup biler.

Çagalary çeper eserler bilen tanyşdyrmagyň çeperçilik serişdeleri temp, ritm, intonasiýa, basym, tembr giňden ulanylmalydyr. Terbiýeçi özboluşly çeper okaýyş boýunça hünärmen bolmalydyr. Eserleri dabaraly, gynançly, şadyýan, asuda, degişme – ironiýa we ş.m. okap ýa-da aýdyp bermek çaga aňynda bütin ömründe saklanjak gürrüň tolgunmalar, yzlar galdyrýarlar.

Çeper okaýyş çagalaryň oýun täsirleri, oýnawaçlary, gurjaklary, şekilleri demonstrirlemek, saz eserleri, horeografiki hereketler bilen utgaşdyrylmagy çaga täsirlerini çuňlaşdyrýar. Bu ugurda tehniki serişdeleri diafilmleri, ses ýazgylaryny, tele – kinofilmleri ulanmak amatlydyr.

## Peýdalanylan edebiýatlar:

1. *Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow:*
2. *“Älem içre at gezer”-2011ý.*
3. *Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow:*
4. “Döwlet guşy” (roman) 2014ý.
5. *Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow:*
6. *“Paýhas çeşmesi”-2016ý.*
7. *“Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň sözleýiş dilini ösdürmegiň usulyýeti”-2010ý. O. Matalowa, A. Çaryýew, T. Ýollybýewa, F. Poltaýewa.*
8. *“Mekdebe çenli pedagogika” 2010ý. D. Rejepow, G. Abaýewa.*
9. *“Zenan kalby” žurnalynyň ýygyndylary.*
10. *“Bilim” žurnalynyň ýygyndylary.*
11. *“Güneş” žurnalynyň ýygyndylary.*
12. *“Aşgabat” gazetiniň ýygyndysy.*
13. *“Nesil” gazetiniň ýygyndysy.*
14. *“Watan” gazetiniň ýygyndysy.*
15. *“Türkmenistan” gazetiniň ýygyndysy.*
16. *“Edebiýat we sungat” gazetiniň ýygyndysy.*